**Ý. Saparow, G. Penaýew, A. Kazygulyýew**

# DAŞARY DÖWLETLERIŇ MALIÝESI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2013

UOK 378:33+336
S 21

**Saparow Ý. we başg.**
**S 21** **Daşary döwletleriň maliýesi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

TDKP № 180, 2013 KBK 65.5+65.9 ýa 73

© Ý. Saparow, G. Penaýew, A. Kazygulyýew, 2013.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Häzirki döwürde dünýä ykdysadyýetinde we ýurduň öz içinde bolup geçýän hadysalary içgin öwrenmek, derňemek we geljekki ösüşleriň deslapky ýollaryny anyklamak boýunça düýpli iş geçirilýär.*

## GIRIŞ

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe, Türkmenistanyň dünýä ykdysady ulgamyna işjeň aralaşýan şertlerinde, Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bazar ykdysadyýetiniň netijeli modelini döretmek boýunça wajyp we maksada gönükdirilen çözgütleriň başyny başlady. Ýurdumyzda bazar ykdysady gatnaşyklarynyň giňden ornaşmagy, daşary ýurtlaryň biziň döwletimiz bilen ykdysady gatnaşyklarynyň giň gerim almagy, öz gezeginde, daşary döwletleriň maliýe ulgamlarynyň takyk öwrenilmegini hem-de üns merkezinde saklanylmagyny talap edýär.

Dünýä tejribesine laýyklykda, ykdysadyýeti ösdürmegiň, ony dogry we gyşarnyksyz alyp barmagyň ýollarynynyň biri – daşary ýurtlarda hereket edýän ykdysady ulgamlary öwrenip, olaryň amatly we aýdyň bolan tejribesini öz döwletimizde özleşdirmek şu günüň talabydyr. Şeýle maksatlara eýerip, daşary ýurtlaryň maliýesini öwrenmek bilen, geljekki hünärmenleri taýýarlamagyň örän uly ähmiýeti bardyr. Ykdysadyýeti ösdürmeklige maliýe ulgamy öz täsirini ýetirýär, ýagny, beýleki ykdysady ulgamlar bilen bilelikde sazlaşykly işläp, yzygiderli aragatnaşykda we arabaglanyşykda bolýar.

Dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulmak maksady bilen, gün-günden ösýän döwletli ýurdumyzda daşary döwletleriň maliýesini öwrenmek häzirki döwrüň talaplarynyň esasylarynyň biri bolup durýar.

Hödürlenýän okuw kitabynda daşary döwletleriň maliýe ulgamynyň emele gelmegi we mundan beýläk-de kämilleşmegi; maliýeniň mazmuny hem-de onuň wezipeleri; maliýe ulgamlary we onuň düzümleri; maliýe gurallary; döwletleriň maliýe syýasaty; maliýeniň dolandyrylyşynyň aýratynlyklary; maliýe barlag ulgamlary; dürli ugurlarda maliýeniň hereket edişiniň esaslary we döwlet karzy, has takygy, maliýe gatnaşyklary dürli ulgamlarda giňişleýin öwrenilýär. Şeýle-de daşary döwletleriň býujetleriniň gurluşy, onuň düzülişi, tassyklanylyşy we ýerine ýetirilişi, girdejileri we çykdajylary, býujete girýän maksatly pul toplumlary hem-de gaznalary, salgyt gatnaşyklary we döwlet ätiýaçlandyrylyşy giňişleýin beýan edilýär.

«Daşary döwletleriň maliýesi» okuw kitaby girişden, alty sany bapdan we peýdalanylan edebiýatlaryň sanawyndan ybarat. Okuw kitaby ykdysadyýet ugrunda işleýän hünärmenler, talyplar we mugallymlar üçin niýetlenildi.

# I BAP. DAŞARY DÖWLETLERIŇ MALIÝESINIŇ MANYSY WE WEZIPELERI

## 1.1. Daşary döwletleriň maliýesiniň manysy we zerurlygy, onuň milli girdejini paýlamakda tutýan orny

Ähli döwletleriň tejribesinden belli bolşy ýaly, bazar ykdysadyýetiniň özeni maliýe-bank ulgamydyr. Haryt önümçiligi pul dolanyşygynyň zerurlygyny, pul dolanyşygy bolsa, üznüksiz önümçilikde pul toplumlarynyň döwletiň elinde, şeýle-de dürli eýeçilik görnüşindäki kärhanalarda emele gelmegini we maksatly ugurlar boýunça harçlanylmagyny talap edýär. Diýmek, şu ýerde-de ykdysady gatnaşyklar emele gelýär. «Finans» sözi «pul bilen tölenilýän töleg» ýa-da «pul serişdeleri» diýen manyny berip, irki Ýewropadaky Genuýa, Florensiýa, Wenesiýa ýaly irki döwletlerde ýüze çykypdyr, soňra ol Ýewropa döwletlerinde we Russiýada döwletleriň pul gaznalaryny döretmek manysyna eýe bolupdyr.

«Maliýe» sözi gadymydyr, şonuň üçin hem, ilki bilen, bu sözüň manysyna üns bermegimiz zerur. Mal, haryt, pul – bularyň ählisi bir manyny – pul, baýlyk toplamagy aňladýan bolsa gerek diýen düşünje bar.

«Maliýe» sözi döwletiň hazynasyny, pul – baýlyk serişdelerini toplamak we harçlamak bilen bagly ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklary aňladypdyr. Ol gatnaşyklar, aslynda, pul manysyna eýe bolan ykdysady gatnaşyklardyr, köp tanymal ykdysadyýetçi alymlaryň belleýşi ýaly, maliýe gatnaşyklarynyň esasyny diňe pul gatnaşyklary düzüpdir. Maliýe – bu ykdysady kategoriýa bolup, ol ýa-da başga

görnüşde, ýagny merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik tertipde pul gaznalaryny emele getirmek we olary ulanmak bilen bagly pul gatnaşyklaryny aňladýar. Ol häzirki döwürde hem şol hyzmatlary ýerine ýetirýär.

Maliýe ykdysady kategoriýasynyň asyl manysy we mazmuny onuň ýerine ýetirýän wezipelerinden gelip çykýar. Maliýeniň wezipesi daşary döwletleriň ykdysady ylmynda iň bir jedelli meseleleriň biridir. Şeýle jedelleriň ummasyz bolmagyna garamazdan, bu barada ýeke-täk bir pikire gelinmedi. Belki, geljekde hem bu barada jedeller az bolmasa gerek. Ýöne alymlaryň aglabasy onuň diňe iki: paýlaýjy we gözegçilik wezipesiniň barlygyny tassyklaýar, emma onuň toplaýjy wezipesiniň tarapdarlary pul gaznalaryny döwlet diňe jemgyýetdäki pul serişdelerini ilkinji gezek paýlamak esasynda emele getirýär diýýärler. Paýlamak bir eýeden beýleki eýeçilige geçmek diýmekdir.

«Döwlet bir daragt bolsa, raýatlar onuň köküdir» diýip, gadymy akyldarlaryň belleýşi ýaly, köküni çapsaň, daragt gurap galýar, onuň raýatlary tozsa, bu döwletiň synmagyna getirýär. Bu düşünjäni orta asyr döwründe, has takygy, seljuk döwletini dolandyran Nyzam-al-Mülk syýasatçylaryň aňyna ornaşdyrypdyr. Döwlet öz göz öňünde tutýan çärelerini üznüksiz maliýeleşdirmek üçin ýeterlik pul serişdelerini toplamalydyr, onuň üçin öz serişdelerini ýa-da edil öz serişdesi ýaly karz alnan serişdeleri-de ulanmaga mümkinçiligi bardyr. Şonda döwlet ýa-da kärhana maliýeniň: «paýlaýjy» we «toplaýjy» wezipelerini we şol ikisinden gelip çykýan «gözegçilik» wezipesini-de ulanyp bilýär.

Jemgyýetçilik önümiň gymmatynyň ilkinji paýlaýyş ýagdaýy, maliýe gatnaşyklarynyň ýüze çykmagynyň başlangyjydyr. Gymmatyň ilkinji paýlaýyş ýagdaýynda, gymmat ony düzýän düzüm böleklerine bölünýär we pul girdejileriniň we toplamalaryň dürli görnüşleri emele gelýärler. Ýerleşdirilen önümiň böleklere bölünme ýagdaýyna we önümiň bahasynyň düzüm böleklerine (iş haky, peýda we ş.m.) gabat gelýän ilkinji girdejileriň onuň düzüminden bölünip aýrylmagyna ilkinji paýlaýyş ýagdaýy diýlip düşünilýär.

Paýlanylan gymmatyň soňraky paýlanylmagy bilen bagly amallar gaýtadan paýlanylyş ýagdaýyna degişlidir.

Üznüksiz önümçilik ýagdaýynyň ikinji derejesi maliýeniň ýüze çykmagynyň we hereket etmeginiň esasy şertidir. Üznüksiz önümçilik ýagdaýynyň ikinji derejesinde jemgyýetçilik önüminiň gymmaty maksatly ugurlar boýunça we hojalygy ýöredýän birlikler boýunça paýlanylýar, olaryň her biri öndürilen önümden öz paýyny almalydyrlar. Şol sebäpli, maliýe gatnaşyklarynyň paýlaýyş häsiýeti ykdysady kategoriýa hökmünde hereket edýän maliýeniň wajyp alamatydyr.

Ýöne maliýeniň mazmunyny doly häsiýetlendirmek üçin, ýokarda aýdylyp geçilen alamat hem ýeterlik däl. Paýlaýyş gatnaşyklarynyň köpdürlüligi, üznüksiz önümçiliginiň ikinji derejesinde köp sanly ykdysady kategoriýalaryň, ýagny maliýeniň, karzyň, iş hakynyň, nyrhlaryň hereket etmegine getirýär. Gymmatyň paýlanylyş derejesinde hereket edýän ykdysady kategoriýalardan maliýe düýpli tapawutlanýar.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe maliýeniň tutýan orny iňňän ýokarydyr. Maliýe syýasaty nädogry bolsa, onda ykdysadyýetde özgertmeler geçirmek mümkin däldir. Geçiş döwründe-de döwlet býujetinde serişdeleri toplamak bilen, halkyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak syýasaty amala aşyrylyp bilner. Býujetde serişdeler ýeterlik bolanda, mysal üçin, işgärleriň zähmet hakyny ýokarlandyryp bolýar, pensiýany, kömek pullaryny artdyryp bolýar, talyp haklaryny ýokarlandyryp bolýar, halkyň sarp edýän harytlarynyň nyrhyny kemeldip, öwezini býujetden ýapyp bolýar. Bazar ykdysady gatnaşyklary döredilende demir ýollar, awtomobil ýollary, ýaşaýyş jaýlary, syýahat toplumlary we myhmanhanalary, köp senagat kärhanalary döwletiň hasabyna gurulýar. Geçen ýyllarda ençeme milliard amerikan dollary düýpli maýa goýumlar goýuldy.

Ösen ýurtlarda zähmet haklary örän ýokarydy, uruşda ýeňlip, weýran bolan Germaniýada, Ýewropanyň beýleki ýurtlarynda-da önümçilik örän ýokary depgin bilen ösýärdi. ABŞ-da işsizlere berilýän kömek pullary, käbir daşary ýurtlardaky zähmet haklaryndan

ýokarydyr. Bazar ykdysadyýetine esaslanan döwletlere garanyňda, sosializmiň ykdysadyýeti ösdürmäge itergi berip bilmeýänligine barha köp adamlaryň gözi ýetýärdi.

Önümi ýerleşdirmekden alynýan girdejiniň düzüminden peýdanyň, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriniň ulanylyş tölegleriniň bölünip aýrylmagy hem maliýeniň kömegi bilen amala aşyrylýar we gymmatyň her bir böleginiň maksatly ugurlar boýunça ulanylyşyna baglylykda gymmatyň paýlanylyşyny suratlandyrýar. Hojalygy ýöredýän birlikleriň subýektleriniň arasynda gymmatyň soňraky gaýtadan paýlanylmagy (döwletiň ygtyýaryna peýdanyň bir böleginiň alynmagy, döwletiň raýatlary tarapyndan salgytlaryň tölenilmegi) we onuň maksatly ugurlar boýunça ulanylyşynyň aýdyňlaşdyrylmagy (maýa goýumlaryna peýdanyň bir bölegini gönükdirmek, dürli çeşmeleriň hasabyna höweslendiriş gaznalaryny döretmek) hem maliýeniň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Maliýeniň kömegi bilen ykdysadyýetiň ähli düzüm böleklerinde (maddy önümçiligiň pudaklarynda we önümçilik däl ugrunda) we hojalygyň alnyp barlyşynyň dürli derejelerinde jemgyýetçilik önüminiň gymmatynyň gaýtadan paýlanylyşynyň köpdürli we köpsanly möwriti amala aşyrylýar.

Maliýeniň kömegi bilen gymmatyň paýlanylmagy we gaýtadan paýlanylmagy, maliýe serişdeleriniň özboluşly görnüşini kabul edýän pul serişdeleriniň hökmany ýagdaýda hereketlendirilmegi bilen amala aşyrylýar. Maliýe serişdeleri pul girdejileriniň dürli görnüşleriniň, geçirmeleriň we girimleriň hasabyna hojalygy ýöredýän birliklerde we döwletde emele gelýärler hem-de giňeldilen üznüksiz önümçiligi maliýeleşdirmek, işleýänleri maddy taýdan höweslendirmek, jemgyýetiň durmuş we başga isleglerini kanagatlandyrmak üçin ulanylýar. Maliýe serişdeleri maliýe gatnaşyklarynyň maddy göterijisidir. Maliýe serişdeleriniň hojalygy ýöredýän birlikleriniň anyk birine we döwlete degişliligi, olary ilatyň pul serişdelerinden çetleşdirmäge, has takygy, maliýe bilen iş hakynyň arasynda çäk geçirmäge mümkinçilik berýär.

Haçan-da köne gymmat täze gymmata geçirilende, maliýe serişdeleri üznüksiz önümçilik prosesiniň önümçilik derejesinde emele gelýärler. Ýöne, guralyň başynda duran işçi maliýe serişdelerini däl-de, haryt görnüşindäki önümi öndürýär. Maliýe serişdeleriniň hakyky emele gelmegi gymmatyň paýlanylyş derejesinde, ýagny, gymmatyň ýerleşdirilmegi bilen girdejiniň düzüminden ýerleşdirilen gymmatyň anyk ykdysady görnüşleri bölünip aýrylanda başlanýar. Hut şol sebäpli, mysal üçin, peýda üznüksiz önümçilik prosesiniň önümçilik derejesinde döredilýän hem bolsa, onuň göwrümi mukdar taýdan diňe gymmatyň paýlanylýan prosesinde emele gelýär.

Maliýe serişdeleri ýörite maksatlara niýetlenilen gaznalaryň üsti bilen ulanylýar, ýöne olaryň ulanylyşynyň gazna däl görnüşi hem mümkindir. Maliýe gaznalary – ykdysady ulgamyň düzüminde hereket edýän pul gaznalarynyň möhüm düzüm bölegidir. Maliýe serişdeleriniň ulanylyşynyň gazna görnüşi giňeldilen üznüksiz önümçiliginiň islegleri bilen şertlendirilýär we maliýe serişdeleriniň gazna däl görnüşi bilen deňeşdirilende, onuň birnäçe artykmaçlyklary bar.

Maliýeniň ykdysady mazmunynyň öwrenilmegi, bu ykdysady kategoriýanyň özboluşly häsiýetleriniň anyklanylmagy, oňa şu aşakdaky kesgitlemäni bermäge mümkinçilik döredýär. Maliýe – bu merkezileşdirilen we merkezileşdirilmedik pul gaznalaryny döretmek bilen, sap jemgyýetçilik önümi paýlananda we gaýtadan paýlananda emele gelýän ykdysady gatnaşyklaryň jemidir. Bu kesgitlemede maliýeniň ýerine ýetirýän wezipeleri gysgaça häsiýetlendirilýär.

## 1.2. Daşary ýurtlaryň maliýesiniň jemgyýetçiligiň üznüksiz önümçiliginde ähmiýeti

Hojalygyň alnyp barylýan döwründe, jemgyýetçilik önüminiň gymmatyny paýlaýan gural hökmünde hereket edýän maliýeniň gatnaşmagy, kömek etmegi bilen, üznüksiz önümçiliginiň hemişe

üýtgäp durýan isleglериниň kanagatlandyrylmagy üpjün edilýär. Maliýe önümçiligiň deňölçegliklerini sarp etmegiň talaplaryna gabat getirmäge mümkinçilik berýär. Şonuň üçin hem, maliýe ykdysady kategoriýa hökmünde zerur, tapylgysyz gural bolup çykyş edýär.

Pul gatnaşyklary bolmasa, maliýe hereket edip bilmeýär. Ýöne, eger-de pul gatnaşyklary maliýeniň hereket etmeginiň hökmany şerti bolýan bolsa, onda hojalygy ýöredýän birlikleriň we döwletiň işini üpjün edýän pul serişdelerine olaryň bolan islegi, maliýeniň ýüze çykmagynyň hem esasy sebäpleriniň biridir. Maliýeni ulanman, pul serişdelerine bolan bu islegi hojalygyň alnyp barylýan döwründe-de, döwletiň dolandyryş derejesinde-de üpjün edip bolmaýar.

Ilkibaşda jemgyýetçilik önüminiň gymmatynyň paýlanylyşynyň deňölçeglikleri önümçilikdäki gatnaşyklaryň düzümini suratlandyrýar: alnan girdeji harytlaryň öndürilişini şertlendirýän gymmatyň düzüm böleklerine deňölçeglikde bölünýär. Ýöne, şonuň ýaly görnüşde paýlanylan girdeji, yzygiderli üýtgeýän jemgyýetçilik önümçiliginiň isleglerine laýyk gelmeýär, bu bolsa onuň gaýtadan paýlanylmagynyň zerurlygyny talap edýär. Gymmatyň gaýtadan paýlanylmagy, maksatly ugurlar boýunça paýlanylýan pul gaznalarynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Jemgyýetçilik isleglериniň artmagy, hojalygy ýöredýän birlikleriň ygtyýarlygynda döredilýän pul (maliýe) gaznalarynyň gurluşynyň we düzüminiň üýtgemegine getirýär.

Maliýe usuly bilen amala aşyrylýan paýlanylyş ýagdaýy maddy önümçilikde başlanýar. Maddy önümçilik üznüksiz önümçilik ýagdaýynyň ähli derejesiniň bitewiligi bilen häsiýetlendirilýär. Şeýle-de, döredilýän üznüksiz önümçilik ýagdaýynyň önümçilik derejesi, onuň beýleki derejeleriniň arasynda aýgytlaýjy orun tutýar. Üznüksiz önümçilik ýagdaýynyň paýlanylyş derejesi önümçilik derejesi bilen ýakyn arabaglanyşykda we oňa gös-göni bagly bolup durýar, sebäbi diňe önümçilikde döredilen gymmaty paýlap bolýar.

Maddy önümçilikde hereket edip, maliýe önümçilik gaznalarynyň dolanyşygyny üpjün edýär we täze gymmatyň emele gelmegine gatnaşýar. Maliýeniň kömegi bilen, ýerleşdirilen gymmat paýla-

nylýar we girdejiler, pul toplumlary emele gelýär. Maliýeniň ýardam bermegi bilen, dürli jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmak üçin niýetlenilen maksatly ugurlarda ulanylýan gaznalar döredilýär.

Önümçiligiň üznüksiz ýagdaýynyň paýlanylyş derejesi onuň önümçilik derejesine bagly bolsa-da, ol hiç haçan önümçilikde emele gelýän deň ölçeglikleriň we gatnaşyklaryň suratlandyrmasy bolup durmaýar. Şol sebäpli, maliýeniň hereket etmegi önümçiligiň netijeleriniň gowşak suratlandyrmasy däl, ýöne ol öz gezeginde oňa öz täsirini ýetirýär. Maliýe önümçilige işewür täsir edip bilýär. Maliýe gatnaşyklarynyň esasynda döredilýän maksatly ugurlarda ulanylýan pul gaznalary önümçiligiň gurluşyny we onuň alnyp barlyşynyň yzygiderligini üýtgetmek üçin şertleri döretmäge ukyplydyr.

Maddy önümçilikden başlap, maliýeniň kömegi bilen gymmatyň paýlanylyşy alyş-çalyş döwründe dowam edýär. Alyş-çalyş edilýän döwürde, alyş-çalyş amallary yzygiderli amala aşyrylýar. Üznüksiz önümçilik ýagdaýynyň alyş-çalyş döwründe maliýe gös-göni gatnaşmasa-da, ol oňa öz täsirini ýetirýär. Birinjiden, maliýeniň kömegi bilen alyjylarda maksatly ugurlarda ulanylýan gaznalar döredilýär, diýmek, alyş-çalyş amallaryny geçirmek üçin şertler döredilýär. Ikinjiden, maliýe harytlary satmagyň dowamlylygyny şertlendirýär, sebäbi onuň kömegi bilen, alyş-çalyş amallarynyň netijesinde alnan girdejiler paýlanylýar. Diýmek, maliýe alyş-çalyş döwründe giňden ulanylýar, bu ýerde ol alyş-çalyş amallarynyň başlanmagy üçin zerur bolan şertleri ýa-da onuň dowamlylygyny üpjün edýär.

Paýlanylyşyň ykdysady guraly hökmünde, maliýe sarp ediş döwründe hem hereket edýär, bu ýerde öň döredilen gymmatyň (onuň maddy we natural-emläk görnüşlerinde) galan bölegi sarp edilýär. Üznüksiz önümçilik prosesiniň sarp ediş derejesinde, maliýe, ilki nobatda, sarp edilýän jemgyýetçilik önüminiň gurluşyna we göwrümine täsir edýär. Maliýeniň kömegi bilen jemgyýetçilik önüminiň gymmatynyň öwezi doluş gazna we milli girdejä paýlanylyşynyň deňölçeglikleri, milli girdejiniň ulanylyşynyň ahyrky deňölçeglikleri kesgitlenilýär, sarp ediş we toplanylyş gaznalary döredilýär, olaryň gurluşy takyklanylýar.

Maliýe serişdeleriniň yzygiderli emele gelmeginiň we olaryň akylly-huşly ulanylmagynyň uly ähmiýeti bar, sebäbi maliýe serişdeleri önümçiligi giňeltmegiň, ilatyň maddy we medeni derejesini ýokarlandyrmagyň möhüm pul çeşmesidir. Maliýe serişdeleriniň göwrüminiň pese düşmegi ykdysadyýetiň ösmegine, wajyp ykdysady we durmuş meseleleriniň çözülmegine maliýeniň maksatly ugurlar boýunça täsir edişiniň mümkinçiliklerini çäklendirip bilýär. Maliýe serişdeleriniň möçberiniň pese düşmegi önümçilik we durmuş ýagdaýlaryna gönükdirilýän maýa goýum serişdeleriniň geriminiň azaldylmagyna, ulanylýan milli girdejiniň düzüminde sarp ediş gaznanyň kemelmegine getirýär. Maliýe serişdeleriniň ýetmezçiligi jemgyýetçilik önümçiliginiň natural-emläk we gymmat görnüşleriniň gurluşynyň deň gelmezligine, dürli görnüşli deň ölçegsizliklere getirýär.

Maliýe serişdeleriniň göwrümi we gurluşy önümçiligiň ösüş derejesi, onuň netijeliligi bilen gös-göni arabaglanyşykdadyr. Önümçiligiň möçberi näçe kuwwatly bolsa, şonça-da onuň netijeliligi has ýokarydyr we toplanýan hem-de ulanylýan maliýe serişdeleriniň göwrümi has uludyr. Öz nobatynda, önümçilige maýa goýum serişdeleri görnüşinde çekilýän maliýe serişdeleriniň ululygy, onuň ösmegi we kämilleşdirilmegi üçin şert döredýär. Maliýe serişdeleri nirä we nähili möçberde gönükdirilýändigine baglylykda, önümçiligiň goşmaça kuwwatlyklar bilen üpjün edilmeginiň mümkinçilikleri ýüze çykýar.

Üznüksiz önümçilik ýagdaýynda amal edilýän harajatlaryň maliýe taýdan üpjün edilmegi üç görnüşde amala aşyrylýar: öz-özüňi maliýeleşdirmek, karzlaşdyrmak we döwlet tarapyndan maliýeleşdirmek. Öz-özüňi maliýeleşdirmek hojalygy ýöredýän birlikleriniň maliýe serişdeleri ýetmezçilik edende, kärhana öz harajatlarynyň käbir görnüşlerini azaltmak ýa-da gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallaryň esasynda çekilýän karz serişdelerinden peýdalanyp bilýär.

Karzlaşdyrmak – bu möhletlilik, töleglilik we gaýtaryp bermeklik başlangyçlarynda berilýän bank karz serişdeleriniň hasabyna

hojalygy ýöredýän birlikleriň çykdajylarynyň üsti ýapylýan üznüksiz önümçilik ýagdaýynyň harajatlarynyň maliýe taýdan üpjün edilmeginiň usulydyr.

Döwlet tarapyndan maliýeleşdirmek – milli girdejiniň bir böleginiň paýlanylýan we gaýtadan paýlanylýan döwründe döwlet dolandyrylyşynyň dürli derejelerinde emele gelýän býujet we býujetden daşarky gaznalaryň serişdeleriniň hasabyna gaýtaryp bermesiz şertleri esasynda amala aşyrylýar. Şonuň ýaly maliýeleşdirmäniň üsti bilen, döwlet önümçilik we önümçilik däl ugurlarynyň, ykdysadyýetiň pudaklarynyň we döwletiň çäkleriniň, eýeçiligiň görnüşleriniň, ilatyň aýry toparlarynyň we gatlaklarynyň arasynda maliýe serişdeleri gaýtadan paýlanylýar.

## 1.3. Daşary döwletleriň maliýe gatnaşyklarynyň aýratynlyklary

Daşary döwletleriň maliýe gatnaşyklarynyň özboluşly aýratynlyklary bar. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň döwlet maliýe ulgamy Federasiýanyň maliýe ulgamyndan, ştatlaryň maliýe ulgamyndan, ýerli häkimiýet guramalarynyň maliýe ulgamyndan durýar (graflyklar, şäher, ýerli häkimiýet guramalary). Aýratyn orny býujet eýeleýär.

Russiýadan we beýleki ýurtlardan tapawutlylykda, Amerikanyň Birleşen Ştatlary býujetden daşary gaznalar ulgamy bilen tapawutlanýar. Ýagny, şahsy we medisina ätiýaçlandyrmasy, ýol gaznasy we beýlekiler. Olar 1968-nji ýylda Federal býujet tarapyndan tassyklanyldy. Şol sanda olar býujetiň içinde özbaşdak gazna hökmünde bellendi we diňe trasta dolandyryşyna geçdi hem-de şol gaznadaky serişdeleriň başga maksatlara ulanylyşyny we sarp edilişini çaklaýar. Bulardan başga hem býujetden daşary gaznalar bar, federal býujetiň girdejileriniň 2%-e golaýy olaryň paýyna düşýär. Şeýle hem döwlet maliýesiniň düzümine girýän kärhanalaryň maliýesi, býujetiň hasabyna maliýeleşdirilýär.

2. Sargyt № 817.

Koreýanyň maliýe ulgamynyň ösmeginde döwletiň gatnaşmagy örän wajyp faktor bolup, ol eksport strategiýasynyň esasy sazlaýjysy bolmak bilen, 5 ýyllyk meýilnamanyň hem-de baha, karz we salgyt syýasatynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Dikeldiş döwrüniň ilki başdaky tapgyrynda has kuwwatly tutalga hökmünde, öňki ýapon eýeçiliginiň bazasynda döredilen döwlet sektory çykyş etdi. Ykdysadyýetde döwlet sektorynyň täsiri diňe bir döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň köplügi bilen däl-de, eýsem, döwlet býujetiniň üsti bilen paýlanylýan milli girdejiniň esasy bölegi hem degişlidir.

Döwlet býujetiniň serişdeleriniň emele gelmeginiň esasynda, ýurduň ykdysadyýetiniň 5 ýyllyk meýilnamasy durandyr.

1992-nji ýylyň ahyrynda Koreýanyň maliýe ulgamynyň çökgünlige düşenligi sebäpli, taýýarlanan 100 günlük meýilnamanyň täze ykdysadyýete 1998-nji ýylyň iýun aýynda Koreýanyň hökümeti tarapyndan ilkinji gezek 5 ýyllyk meýilnamanyň resmi taýdan girizilmegine getirdi.

Bu meýilnama laýyklykda, nyrhlaryň ortaça her ýylky ösüş derejesine ýetmek hem-de tölegleriň deňagramlylygyny, ykdysady durnuklylygyny saklamak göz öňünde tutulýar. 1998–2000-nji ýyllarda birnäçe esasy makroykdysady görkezijileriň haýallyk bilen pese düşmegi, Koreýanyň maliýe ulgamyny belli bir durnuklylyga getirdi.

Koreýanyň maliýe ulgamy 2 sany esasy bölege bölünýär:

- döwlet maliýesi;
- kärhanalaryň maliýesi.

Döwlet maliýesi öz gezeginde milli maliýe we ýerli häkimiýetleriň maliýesine bölünýär.

Milli maliýe şu aşakdakylary öz içine alýar:

- döwlet býujeti;
- 21 sany ýörite býujet;
- 35 sany hökümetiň senagat gaznasy.

Ýerli häkimiýetleriň maliýesi öz içine umumy we Seul şäheriniň ýerli býujetlerini, beýleki şäherleriň 5 býujetini, 9 prowinsiýanyň hem-de ýerli häkimiýetleriň garamagynda ýerleşýän şäherleriň we sebitleriň býujetlerini alýar.

Kanada federatiw gurluşly döwletdir. Häzirki wagtda Kanada 12 federatiw sebitden, on welaýatdan (prowinsiýa) we iki territoriýadan durýar. Şeýle hem Kanadada 5000-e golaý munisipal birlikler bar, oňa şäherler, obalar, taunşipler, graflyklar we ýörite hyzmat edilýän etraplar girýär. Federal hökümete uruş we parahatçylyk, goranmak, hukuk goraýyş, milli döwlet bergisi we döwlet emlägi, pul-karz we bank ulgamy, söwda we täjirçilik gatnaşyklary meselelerini düzgünleşdirmek boýunça ygtyýarlyklar degişlidir.

Birnäçe sebäplere görä, Ýaponiýada maýalary goýmaklygyň takyk çäkleri kesgitlenildi: hususy maýa – önümçilik çägine, döwlet maýasy – infragurluşa goýulýar. Şonuň üçin Ýaponiýada döwlet sektory hiç bir önümçilikde güýçli bäsdeş bolup çykyş etmeýär, onuň işleýşi hususy korporasiýalaryň bähbitlerine doly tabyndyr.

Ýaponiýada döwlet sektory uly däl. Amerikaly barlag geçiriji R.Semýuels Ýaponiýany «Döwlet emläksiz döwlet syýasatly» ýurt diýip atlandyrýar. 2008-nji ýylyň mart aýynyň maglumatlary boýunça, Ýaponiýanyň ykdysadyýetiniň döwlet sektorynda merkezi hökümetiň derejesinde 5 sany döwlet, 94 sany aksioner kompaniýasy we paý şereketleri, şol sanda 7 sany gurluşyk firmalary, 13 sany banklar we beýleki maliýe edaralary, 68 sany döwlet maýasynyň gatnaşmagyndaky guramalar bar. Aksioner kompaniýalaryň we paý şereketleriniň arasynda kommersiýa däl edaralar: düýpli barlaglar we gumanitar ylymlar bilen meşgullanýan institutlar we barlaghanalar; ykdysady hyzmatdaşlygyň ýapon gaznasy; sungaty goldaýan gazna; ylmy-tehniki habarlaryň merkezi, medeni hyzmatdaşlygyň ýapon gaznasy bar.

Köp paýdar kompaniýalarda we paý şereketlerinde döwlet (degişli ministrligiň ýolbaşçysynyň üsti bilen) ýeke-täk we esasy paýdar bolup durýar, emma olaryň maýasynda hökümetiň gatnaşmagynyň ortaça paýy 38,3% bolup durýar. Ýaponiýanyň ykdysadyýetiniň döwlet sektorynda ýerli derejede 8300 sany kärhanalar hereket edýär, olardan 3650 sanysy: suwgeçirijiler, gaz we ýylylyk bilen üpjün etmeklik, ýerlagym, şäher ulagy, hassahana-

lar döwlete degişli. Galanlary bolsa paýdar kompaniýalara we paý şereketlere degişlidir, olar munisipal ýaşaýyş jaýlaryny, tölegli awtoulag ýollaryny, port desgalaryny, üsti ýapyk bazarlary gurmak we olary ulanmak bilen meşgullanýarlar.

2010-njy ýylyň maglumatlaryna görä, hemme döwlet emlägi Ýaponiýanyň milli baýlygynyň 15,8%-ini tutýardy. Maddy önümçilige gatnaşmaklyk wezipesi döwlet kärhanalarynyň esasy wezipeleriniň arasynda ýok, bu wezipe Günbatar Ýewropanyň öňdebaryjy ýurtlarynyň döwlet sektorynyň işinde möhüm ýeri eýeleýär.

Käbir pudaklarda döwlet we ýarymdöwlet kärhanalary bardyr. Emma olaryň işlemeginiň esasy ugry önümçilik işi däl-de, eýsem ylmy barlaglary we işläp düzmeleri geçirmeklik, tehniki ösüşi täzelemek we çaltlandyrmak maksady bilen, maliýe we tehniki kömegini bermeklikden, dürli guramaçylykly meseleleri işläp düzmeklikden ybaratdyr.

Ýaponiýada döwlet kärhanalaryny düzgüne salmaklygyň esasy aýratynlygy – olaryň işine bir ugrukdyryjy derejede däl-de, eýsem hojaýynlaryň bütin köpbasgançaklygy jogap berýär.

Döwlet kärhanalarynyň bir sany umumy ýokary hojaýyny bar – ol hem parlamentdir. Ol meýilnamalar boýunça we kärhanalaryň balanslaryny taýýarlaýan merkezi býujetiň ýörite hasaplaryny ýerine ýetirmek boýunça çözgütleri kabul edýär. Parlament bahalary, ösüş meýilnamasyny, maliýeleşdirmegiň göwrümini we çeşmesini, girdejini ulanmak üçin maksatnamalary tassyklaýar. Mundan başga-da, gös-göni hojaýynlar hem bar: zikgehanalaryň, neşirýatyň we spirt monopoliýasynyň hojaýyny – maliýe ministrligi; poçtanyň we poçta amanat kassalarynyň hojaýyny – aragatnaşyk ministrligi we başgalar. Mundan başga-da, maliýe ministrligi býujet karzyny bermeklige jogap berýär.

Harydyň soňky düşýän bahasynyň (tarifiň) üýtgemeginde Ykdysady meýilleşdirmekligiň dolandyryş edarasynyň hökmany razyçylygy bolmalydyr, bu edara tarifleriň umumy bahalar durnuksyzlygyna alyp barmazlygyna jogap berýär. Hökümet maliýe inspeksiýasy wagtal-wagtal kärhanalaryň iş ýagdaýyny barlamaga hukuklydyr.

Bu babatda, Türkmenistanyň Prezidenti şeýle belläp geçýär: «Daşary ýurt maýasy bolan kärhanalar ýörite ygtyýarnama almasyz öz önümi bolan harytlary (işleri, hyzmatlary) daşary ýurt bazarlaryna çykarmaga we özüniň hajatlary üçin zerur bolan önümleri (işleri, hyzmatlary) daşary ýurt bazarlaryndan getirmäge hukugy bardyr».[1]

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow.* «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy». Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Aşgabat, 2010 ý. I tom, sah. 158.

# II BAP. DAŞARY ÝURTLARDA DÖWLET MALIÝESINIŇ GURALYŞY WE DOLANDYRYLYŞY

## 2.1. Daşary döwletleriň maliýe ulgamynyň gurluşy

Maliýe gatnaşyklarynyň özbaşdak düzümleriniň jemlenmegine maliýe ulgamy diýilýär. Ol gatnaşyklaryň düýp manysy birdir, şonuň üçinem oňa ulgam diýýärler, emma maliýe ulgamynyň her düzüminiň özbaşdak aýratynlyklary bardyr. Maliýe ulgamynyň hemme düzümleri döwletleriň öz wezipelerini ýerine ýetirmegine ýardam berýär.

Maliýe ulgamynyň ilki görnüşi öz içine iki düzümi alýardy:

Döwlet býujeti we ýerli býujetler. Soňra önümçilik güýçleriniň ösmegi bilen, ykdysadyýetiň düýpli üýtgemegi bilen maliýe ulgamynyň gurluşy hem üýtgeýär. Şu günki döwürde daşary ýurtlaryň maliýe ulgamy dört düzümden ybaratdyr.

Olara: döwlet býujeti, ýerli býujetler, döwlet kärhanalarynyň maliýesi, ýöriteleşdirilen hökümet gaznalary degişlidir.

Bu düzümleriň jemi döwletleriň maliýe syýasatyny ýerine ýetirmäge gönükdirilýändir. Maliýe ulgamynyň esasy düzümi bolup döwlet býujeti çykyş edýär. Iň uly merkezleşdirilen pul gaznasy bolan döwlet býujeti hökümetiň ygtyýarlygynda bolýar. Döwlet býujetiniň üsti bilen döwletler milli girdejiniň köp bölegini maliýe usullary bilen öz elinde jemleýär. Bu pul toplumynyň içine iň uly girdejiler hem-de ykdysady we syýasy tarapdan umumy döwlet çykdajylary girýär. Döwlet býujetiniň ähmiýetiniň uludygy sebäpli ol maliýe ulgamynyň beýleki düzümleri bilen baglanyşykly, käbir ha-

latlarda döwlet býujetiniň üsti bilen galan düzümlere hem kömek edilýär.

Ýerli býujetleriň daşary ýurtlarda orny örän uludyr. Durşuna ýerli hojalyk, durmuş-ykdysady meseleleri ýerli dolandyryş guramalary özbaşdak çözýärler. Ýerli býujetleriň gurluşy döwletleriň administratiw bölünişigine bagly bolýar. Mysal üçin, ABŞ-da ýerli býujetleriň içine ştatlaryň býujeti, graflyklaryň, munisipalitetleriň, taunşikleriň býujeti girýär, Germaniýada ýerleriň, obşinalaryň býujeti girýär. Ýerli býujetler umumy döwlet maliýe ulgamynyň serişdeleriniň içinde federatiw döwletlerde, ýagny ABŞ-da, Germaniýada, Kanadada 40–50%-ni, unitar döwletlerde – Beýik Britaniýada, Fransiýada, Italiýada – 30%-ni eýeleýär.

Ýerli býujetleriň serişdeleriniň köp bölegi ýerli ykdysady we durmuş gurşawyny ösdürmäge ugradylýar. Merkezi býujetleriň durmuş çäreleri, esasan hem ýerli býujetleriň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Özbaşdak düzüm bolup döwlet, kärhanalaryň maliýesi çykyş edýär.

Beýik Britaniýada, Fransiýada, Italiýada döwlet kärhanalarynyň işini goraýan ýörite kanunlar bar. Kanun esasynda olar býujet bilen aragatnaşyk saklaýarlar. Kärhanalaryň görnüşine görä, olaryň her hili derejedäki maliýe we önümçilik özbaşdaklyk hukuklary bardyr.

Ýöriteleşdirilen hökümet toplumlary özbaşdak diýip hasaplanýar. Döwlet býujet bilen bagly däl, olary dolandyrýan merkezi ýa-da ýerli döwlet guramalarydyr. Olaryň arasynda durmuş ätiýaçlandyryş guramalarynyň gaznalary, pensiýany üpjün etmek, saglygy ätiýaçlandyrmak gaznalary, işsizlige kompensasiýa tölemek üçin gazna, her dürli maksatly gaznalar bar.

Döwlet, ýarym döwlet, maliýe-karz guramalary bolup, olar ýörite çäreleri maliýeleşdirýärler. Käbir ýagdaýlarda döwlet bu gaznalary ätiýaçlandyryş gaznasy diýip hem ulanýar. Maliýe amallary hem olaryň üsti bilen ýerine ýetirilýär.

Döwletleriň girdejileri milli girdejiniň täzeden paýlanylýan mahaly döreýär. Döwlet girdejileri iki topara bölünýär. Içki we daşarky. Içki girdeji bolup, şol ýurduň milli girdejisi we milli baýlygy çykyş

edip biler. Daşarky çeşme bolup, başga, haýsy-da bolsa bir döwletiň milli girdejisi (daşarky zaýom) milli baýlygy (girdeji çeşme) bolup çykyş edip biler.

Esasy girdejini ýygnama usullary bolup – salgyt, zaýomlar, emissiýa çykyş edip biler. Maliýe syýasatynda ulanyş usullary döwlet, durmuş we ykdysady maýa bagly bolýar.

Salgyt esasy usul bolup çykyş edýär. Hemme maliýe ulgamlarynyň düzümleriniň girdeji tarapynyň köp bölegini salgytlar üpjün edýär. Döwlet býujetleriň girdeji tarapynyň 80–90%-ni döredýär, ýerli býujetlerde 50%-ni döredýär. Salgytlaryň her haýsy kanun esasynda döwlet guramalaryna berkidilýär. Merkezi döwlet guramalary uly salgytlary ýygnaýarlar (korporasiýalaryň girdejilerinden alynýan salgyt). Olar döwlet býujetine baryp, merkezi hökümet guramalary öz wezipelerini ýerine ýetirer ýaly ulanýar.

Germaniýanyň federatiw gurluşy örän özboluşly bolmak bilen, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň döwlet häkimiýetiniň dürli derejesiniň arasyndaky gatnaşyklaryň, esasan, unitar döwletler üçin häsiýetli bolan birnäçe alamatlary bardyr, ýöne federal hökümetiň giň ygtyýarlyklary bar, möhüm meseleleriň ählisi boýunça kanunçylyk birmeňzeş, şeýle hem bütin Federasiýa üçin bir salgyt ulgamy bar. Durmuş hyzmatlary edilende, döwlet edaralary iň pes durmuş ülňülerinden ugur alman, eýsem ýurduň ähli ýaşaýjylary üçin deň ýaşaýyş derejesini üpjün etmekden ugur alýar. Şeýle-de bolsa, Germaniýa Federatiw Respublikasy 16 subýektden – ýerlerden, şeýle hem munisipal birliklerden ybarat bolan Federasiýa bolup durýar.

Germaniýa Federatiw Respublikasynyň federal häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlygyna goranmak, halkara gatnaşyklary, raýatlyk meseleleri, emigrasiýa we immigrasiýa, walyuta syýasaty, federal transporty, poçta we telekommunikasiýa hyzmatlaryny maliýeleşdirmek we düzgünleşdirmek girýär. Ýerleriň häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlyklary medeniýet, bilim, ýustisiýa we hukuk goraýyş, saglygy goraýyş, şeýle hem sebitiň ykdysady syýasaty degişli bolup durýar. Munisipal häkimiýet edaralarynyň garamagyna kommunal hyzmatlar, ýerli saglygy goraýyş, sport edaralary,

ýaşaýyş jaýlaryny, ýollary, mekdepleri gurmak girýär. Şunuň bilen birlikde dürli derejedäki häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlyk möçberi olaryň çykdajy ygtyýarlyklary bilen hemişe laýyk gelip durmaýar. Mysal üçin, durmuş syýasaty we infrastruktura obýektlerini gurmak babatyndaky çykdajylar ähli derejedäki býujetler tarapyndan amala aşyrylýar. Şeýle hem çykdajy ygtyýarlyklaryny býujet ulgamynyň aşaky derejesine bermek meýli bar: häzirki wagtda munisipal býujetlerden döwletiň düýpli harajatlarynyň üçden iki bölegine golaýy maliýeleşdirilýär, şunda olary maliýeleşdirmek boýunça ygtyýarlyklar ýokary derejedäki býujetler tarapyndan berlendir.

Käbir döwletlerde soňky wagtlar bolup geçýän döwlet gurluşynda we dolandyryşynda demokratiýa ýörelgeleriniň ösmegi, döwlet dolandyryşynyň ulgamynda ýerli dolandyryş edaralaryny hökmany bölegi etdi, olara halk tarapyndan dolandyrylmak we maliýe-býujet hukuklary berildi. Umumy döwlet maliýe ulgamynda sebitara býujetleriň orny birden artdy we artmagyny dowam etdirýär. Şuňa laýyklykda, ýerli býujetleriň orny hem artdy. Ýerli býujet serişdeleriniň ululygy köp ýurtlarda ösýär: olar döwletiň maliýe serişdeleriniň artykmaçlyk edýän bölegi bolýarlar.

Emma edil şu ýerde kynçylyklaryň birnäçesi ýüze çykýar. Dürli derejedäki býujetleriň arasynda girdejileri we çykdajylary nähili edip adalatly paýlamagy amala aşyrmaly? Derejeleriň birinde geçirilýän býujet ugrukdyrylmalarynyň maksatlarynyň ileri tutulmalaryny nähili edip kesgitlemeli? Iň esasy – ähli derejelerdäki býujet syýasatynyň bir ugurly bolmaklaryny nädip gazanmaly?

Federatiw döwletiň esasy häsiýetleriniň biri bolup, ykdysady syýasatyň düýpli ugurlarynyň hem federal hökümetiň hereketlerinde, şeýle hem Federasiýanyň subýektleriniň hökümetleriniň hereketlerinde gabat gelmekleri durýar. Başga sözler bilen aýdylanda, meselem, merkeziň hereketleri döwletiň harajatlarynyň azaldylmagyna gönükdirilen, onda ähli sebit syýasaty hem federatiw döwletiň subýektleriniň derejesinde harajatlaryň azaldylmagyna gönükdirilen bolmaly. Emma beýle sazlaşygy gazanmak, aýratyn hem Russiýanyň çökgünlik şertlerinde, örän çylşyrymly wezipedir. Hakyky ba-

zar federatiw ugurlarynyň hem-de çuňňur çökgünlik şertlerinde merkezleşdirilmäge bolan ymtylyşyň arasynda ýeke-täk hakyky çözgüdi tapmak zerur bolýar. Muňa garamazdan, býujet federalizmiň ýörelgelerinde esaslanan býujetara gatnaşyklaryň aýaga galmagynda geçirilýän üýtgetmeleriň üstünlikli bolmagynyň açarydyr, edil şu – Russiýada hakyky bazar býujet gurluşyny döretmegiň wajyp şertidir.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda maksatlaýyn maliýe kömegi iki görnüşli grantlar görnüşinde berilýär. Birinji görnüşi blok-grantlar bolup, ol çykdajy maddalaryň birnäçesini maliýeleşdirmek üçin bölünip berilýär, şunda bu maddalaryň arasynda serişdeleri gaýtadan paýlamakda çäklendirmeler bellenýär. Saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi, şeýle hem beýleki çykdajy toparlary maliýeleşdirmek üçin blok-grantlar bar.

Aşakda durýan býujetlere maksatlaýyn maliýe kömegini bermegiň ikinji bir görnüşi kategoriýalaýyn grantlar diýlip atlandyrylýan grantlardyr, olaryň çäklerinde aýratyn çykdajy maksatnamasyny maliýeleşdirmek üçin serişdeler bölünip berilýär. Federal derejede şeýle grantlaryň birnäçe görnüşi peýdalanylýar. Mysal üçin, deňlemäniň esasynda hasaplanýan transfertler ştatlaryň we munisipal birlikleriň býujetleriniň arasynda kanunçylykda ýa-da administratiw esasda bellenen kriteriý boýunça bölünýär. Maliýe kömegini bermegiň şunun ýaly kriteriki serişdeleri alýanyň çykdajy talaplary, onuň döwlet hyzmatlaryny etmek mümkinçiligi, şonuň ýaly hyzmatlaryň bahasy, şeýle hem salgyt ýygnama boýunça edilýän tagallalary hasaba almak bilen düzülýär. Hasaplama deňlemesi dürli hili bolup biler, emma düzgün bolşy ýaly, olar ilat sany we jan başyna düşýän girdeji ýaly görkezijilere esaslanýar. Maksatlaýyn grantlaryň käbir görnüşleri (mysal üçin, belli bir taslamany amala aşyrmak üçin grantlar ýaly görnüşleri) hökümetiň çözgüdiniň esasynda aýry-aýry çäkleriň býujetlerine belli bir möhletiň dowamynda berilýär.

Maksatlaýyn maliýe kömeginiň umumy möçberiniň ýarysyna golaýy paýly esasda berilýär, ýagny ýokarda durýan býujet tarapyndan serişdeleri bölüp bermek diňe grantyň hereket edýän çägi-

ne girýän çykdajy maddalarynyň belli bir möçberi aşakda durýan hakimiýet edaralary tarapyndan maliýeleşdirilen şertlerinde amala aşyrylýar.

## 2.2. Daşary ýurtlarda maliýeniň dolandyrylyşy

Daşary ýurtlarda maliýeniň dolandyrylyşy olaryň döwlet gurluşyna baglylykda biri-birinden düýpli tapawutlanýar. Italiýada maksatlaýyn däl grantlar bilen bir hatarda grantlaryň maksatlaýyn görnüşleri hem bar, olar sebitleriň we ýerli býujetleriň girdejileriniň esasy möçberini düzýär. Şunuň ýaly grantlaryň esasy çeşmeleri iki býujet gaznasy – saglygy goraýşy maliýeleşdirmegiň milli gaznasy we milli transport gaznasy bolup durýar. Transport we saglygy goraýyş hyzmatlarynyň sebitleýin edaralar tarapyndan göni edilmeýändigini belläp geçmek gerek, çünki ýolagçy transporty munisipal korporasiýalaryň eýeçiliginde bolsa, saglygy goraýyş edaralary saglygy goraýyş boýunça ýerli okruglaryň balansynda durýar, emma şeýle-de bolsa, edilýän hyzmatlaryň özüne düşýän gymmaty bilen olaryň töleginden alynýan girdejileriň arasyndaky tapawudy maliýeleşdirmek sebitleriň býujetinden amala aşyrylýar.

Ýerli býujetler tarapyndan karz serişdeleriň çekilmegi barada aýdylanda, sebitlere diňe düýpli häsiýetli çykdajylary maliýeleşdirmek üçin karzlary çekmäge rugsat berilýär, şunda bergä hyzmat etmegi hasaba almak bilen, karz alnan serişdeleriň möçberi býujetiň öz girdejileriniň 25%-den ýokary bolmaly däldir. Sebitler üçin karz çeşmeleri täjirçilik banklary, şeýle hem Depozit we karz gaznasy bolup durýar, bu gaznanyň serişdeleri yzyna gaýtarmak we tölegli esasda bölünip berilýär. Merkezi býujetiň ýerli býujetiň bergileri üçin jogapkärçilik çekýändigi Italiýanyň býujet ulgamynyň möhüm aýratynlygy bolup durýar, bu bergi dürli derejedäki býujetleriň arasynda wagtal-wagtal kliring amallaryny geçirmek ýoly bilen üzülýär.

1990-njy ýylyň ortasyna çenli Italiýada munisipal häkimiýet edaralarynyň alýan karzlarynyň çeşmelerine, möçberlerine we şertlerine berk gözegçilik edilmeýärdi, bu bolsa esasy bergi we göterim tölegleri boýunça köp möçberde berginiň emele gelmegine getirdi. Netijede, 1997-nji ýylda munisipalitetleriň gysga möhletli bergilerini 10 ýyllyk gazna obligasiýalaryna öwürmek, munisipal býujetler tarapyndan alynýan karz serişdeleriň çekilişine bolsa berk gözegçilik bellemek karar edildi: hususan-da, gündelik çykdajylary maliýeleşdirmek üçin karz serişdeleri çekmek gadagan edildi, ýerli býujetleriň deňeçer bolmalydygy baradaky talaplar girizildi we olaryň çykdajylarynyň artyşyna berk gözegçilik ýola goýuldy.

Federatiw we unitar döwlet gurluşy bolan ýurtlaryň býujet ulgamlaryna geçirilen seljerme aşakdaky netijelere gelmäge esas berýär.

Umuman alanyňda, federatiw döwletleriň býujet ulgamynyň aýratynlygy, öňi bilen, federasiýanyň subýektleriniň häkimiýet edaralarynyň has giň özbaşdaklygynyň bardygyndan ybaratdyr, ýagny salgyt möçberlerini bellemekde we täze salgytlary girizmekde, çykdajy ygtyýarlyklarynyň bölünişinde we öz býujetlerini dolandyrmakda olar merkezi hökümetden soň ikinji orunda durýarlar.

Federatiw gurluşly ýurtlarda federasiýanyň subýektleriniň çykdajy borçnamalary unitar döwletleriň degişli derejedäki býujetleriniň borçlaryndan has giňdir, unitar dowletler üçin ýurduň bütin çäklerinde salgytlaryň, tölegleriň we býujet işiniň birmeňzeşligi häsiýetlidir, federatiw döwletlerde bolsa görkezilen parametrler sebitleýin kanunçylyga baglylykda federasiýanyň subýektlerinde biri-birinden tapawutlanyp bilýär.

Geçirilen seljerme nazaryýet nukdaýnazaryndan, unitar döwletlerde pes derejäniň býujetleri merkezi hökümetiň serişdelerini paýlamak we şol derejede dolandyrylmagy has netijeli bolan serişdeleri jemlemek boýunça aralyk gaznalar bolup durýarlar. Federatiw gurluşly ýurtlarda her derejäniň býujeti öz maliýe serişdelerini jemleýän we paýlaýan özbaşdak maliýe serişdeleri gaznasy bolup durýar. Şunda dürli derejäniň býujetleri federal kanunçylyga laýyk-

lykda guralan býujetara gatnaşyklar ulgamy bilen özara baglydyr. Getirilen tezis federasiýalardan tapawutlylykda unitar döwletlerde merkezi hökümetiň aşakda durýan býujetleriň bergileri üçin jogapkärçilik çekýändigi, şeýle hem karz almalaryň möçberini we möhletlerini belleýändigi bilen tassyklanyp bilner.

Býujet ulgamlaryna berlen syn gurluşy boýunça tapawutlanýan döwletlerde munisipal häkimiýet edaralarynyň we olaryň býujeteriniň jogapkärçilik rolunyň we geriminiň birmeňzeşräkdigini görkezýär. Ähli ýagdaýlarda diýen ýaly, munisipal häkimiýet edaralarynyň diňe ýerli ähmiýeti bolan çykdajy maddalaryny maliýeleşdirmek boýunça borçlary bardyr, bu býujetleriň girdejilerine emlak salgydy we ýerli ygtyýarnama hem-de bellige almak üçin ýygymlar geçirilýär, pes derejedäki býujetleriň girdeji binýady bolsa, düzgün bolşy ýaly, ýokarda durýan býujetleriň serişdelerine ýokary derejede baglydyr.

Şunuň bilen birlikde, döwlet gurluşynyň ýörelgeleri býujet ulgamynyň derejeleriniň arasynda hukuklaryň we borçlaryň paýlanylyşyny doly kesgitleýär diýip bolmaz. Meselem, Germaniýa Federatiw Respublikasynda, federatiw döwletler bolup duran ABŞ-a we Kanada garanyňda, ýerleriň häkimiýet edaralary federal hökümetiň çözgütlerine has berk baglydyr. Italiýanyň ýerli we sebit býujetleriniň salgytlary, girdeji binýadyny we çykdajy ygtyýarlyklaryny bellemek boýunça hukuklary bilen baglanyşykly ýagdaý, aýratyn hem býujet ulgamyny merkezden aýyrmak işi başlanandan soň, iki döwletiň hem unitar gurluşly döwletdigine garamazdan, Beýik Britaniýadakydan ep-esli tapawutlanýar.

Durmuş ulgamynyň mundan beýläk hem ösdürilmeginiň sebäbi, ony ösdürmäge döwletiň maýa goýumlaryny goýmak işiniň işjeňleşdirilmegi bolup durýar.

Bazar ykdysadyýetinde döwletiň gönüden-göni maýa goýumçy hökmündäki tutýan orny hususy maýa üçin özüne çekiji bolup durmaýan, ýaşaýşy üpjün ediji binýatlyk önümçilikler we durmuş ulgamy, şeýle hem möhüm döwlet ähmiýeti bolan pudaklar babatda saklanyp galmalydyr.

Meselem, häzirki wagtda ylmy köp talap edýän önümçiligi ösdürmäge we harytlaryň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrma-

ga ýardam edýän maddy däl önümçilik pudaklary döwletiň aýratyn goldawyndan peýdalanýar.

Günbatar ýurtlaryň birnäçesinde jemi içerki önüminiň 30%-den 50%-e çenli möçberi býujetiň üstünden gaýtadan paýlanýar. Şeýlelikde, döwlet maýa goýumynyň ähmiýeti merkezleşdirilen çeşmeleriň möçberi nukdaýnazaryndan däl-de, eýsem hususy maýa goýumçylar üçin döwlet kepillendirmeleri, ätiýaçlandyrmak we gözükdiriş babatynda ýokarlanýar.

Döwlet maýa goýumlaryny durmuşa geçirmek boýunça bar bolan halkara tejribesiniň ykdysady ösüşi düzgünleşdiriji faktor hökmünde peýdalanylmagyny döwlet maliýesiniň milli ulgamynyň ýagdaýyny hasaba almazdan, üstünlikli amala aşyryp bolmaz.

Döwlet maýa goýumlarynyň hasabyna ykdysadyýeti özgertmegiň gowy mysaly Germaniýanyň tejribesi bolup durýar, onuň býujet ulgamy gündelik we maýa goýum çykdajylarynyň takyk bölünmegi, olaryň maksada laýyk ulanylyşyna gözegçilik edilmegi we býujet ýetmezçiligini maliýeleşdirmäge gönükdirilýän serişdeleriň möçberi bilen maýa goýum çykdajylarynyň möçberiniň balansynyň berjaý edilmegi bilen tapawutlanýar (Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Esasy Kanunynyň 115-nji maddasynda bellenen «Altyn kadalar» diýlip atlandyrylýan kadalar).

Ruhy ulgam (medeniýet, din, ylym we bilim) uniwersitetleri we laboratoriýalary, muzeýleri we teatrlary, çeperçilik galereýalaryny we ylmy-barlag institutlaryny, žurnallary we gazetleri, medeni ýadygärlikleri we milli çeper genji-hazynalary we ş.m. öz içine alýar. Bu ulgamyň üç esasy wezipesi bar. Medeniýet ylymdan daşarky gymmatlyklaryň, hususan-da, çeper gymmatlyklaryň döredilmegini, olaryň kitaphanalarda, muzeýlerde saklanmagyny, galereýalarda görkezilmegini üpjün edýär. Ylym tehniki we gumanitar babatda täze bilimleri açmaga, ýagny öňdebaryjy tehnologiýalary, kosmos gämileriniň taslamalaryny döretmäge, gadymy tekstleri aýdyňlaşdyrmaga, älem giňişliginiň kanunlaryny beýan etmäge ugur alýar. Bilim alymlar tarapyndan açylan bilim-düşünjeleri soňky nesillere has netijeli görnüşde geçirmäge niýetlenendir, munuň üçin

mekdepler we uniwersitetler açylýar, iň täze okuw maksatnamalary we usullary döredilýär, ýokary hünärli mugallymlar taýýarlanýar.

Durmuş ulgamyna iki manyda, ýagny giň we dar manylarda düşünilýär, şoňa baglylykda, ol jemgyýet giňişliginiň dürli möçberlerini gurşap alýar.

Jemgyýetiň durmuş ulgamy giň manyda ilatyň hal-ýagdaýyna jogap berýän guramalaryň we edaralaryň jemidir. Bu ýagdaýda oňa dükanlar, ýolagçy transporty, jemagat we durmuş hyzmaty (ýaşaýyş jaý hyzmatlary we himiki usulda arassalaýan guramalar), jemgyýetçilik iýmiti (naharhanalar, restoranlar), saglygy goraýyş, aragatnaşyk (telefon, poçta, telegraf), şeýle hem dynç alyş we tomaşa edaralary (seýilgähler, stadionlar) girýär. Birinji manysynda durmuş ulgamy ilatyň ähli gatlaklaryny öz içine alýar.

Durmuş ulgamyna dar manysynda diňe ilatyň durmuş taýdan goragsyz gatlagyny we olara hyzmat edýän edaralary, ýagny pensionerleri, işsizleri, üpjünçiligi pes, köp çagaly maşgalalary, maýyplary, şeýle hem ýerli we federal tabynlykdaky durmuş goragy we durmuş üpjünçiligi edaralaryny (durmuş ätiýaçlandyrmasyny hem goşmak bilen) göz önüňde tutýar. Ikinji manysynda durmuş ulgamyna ähli ilat däl-de, onuň bir bölegi, adatça, garyp gatlagy degişlidir.

Jemgyýetiň ugurlaryny özara deň, ýagny olar bir tekiz derejede bolar ýaly ýerleşdirip bolar. Ýöne olaryň her biri üçin beýlekilere meňzeş bolmadyk wezipeleri ýa-da jemgyýetdäki tutýan ornuny kesgitlemek bilen, dikligine ýagdaýda hem goýup bolar.

Meselem, ykdysadyýet ýaşaýyş üçin serişdeleri tapmak wezipesini ýerine ýetirmek bilen, jemgyýetiň binýady bolup çykyş edýär. Syýasy ulgam ähli döwürlerde jemgyýetiň dolandyryş derejesiniň tutýan ornuny ýerine ýetirip gelýän bolsa, ilatyň demografiki we hünär boýunça düzümini, ýagny ilatyň uly toparlarynyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň jemini görkezýän durmuş ulgamy bütin jemgyýetiň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Jemgyýetiň ruhy ulgamy, adamlaryň ruhy ýaşaýşy hem şunuň ýaly umumy häsiýete eýedir. Olar jemgyýetiň ähli gatlaklaryna täsir edýär.

Şeýlelikde, biz häzirki zaman jemgyýetiniň dört sany esasy ugruny belläp geçdik. Olar özara berk baglanyşykly bolup, biri-biri-

ne täsir edýärler. Mysal üçin, ýurduň ykdysadyýeti öz wezipelerini ýerine ýetirmese, ilaty harytlaryň we hyzmatlaryň ýeterlik möçberi bilen üpjün edip bilmese, iş ýerleriniň sany köpelmese, ilatyň durmuş taýdan goragsyz gatlaklarynyň (pensionerler, maýyplar, üpjünçiligi pes adamlar) ýaşaýyş derejesi peselýär, zähmet hakyny, pensiýalary tölemek üçin pul ýetmän başlaýar, işsizlik köpelip, jenaýatçylygyň artmagy hem mümkin. Başga sözler bilen aýdylanda, bir ulgamdaky, ýagny ykdysadyýetdäki üstünlikler beýleki ulgamynda, ýagny durmuş ulgamda ýagdaýyň gowulanmagyna täsir edýär.

Döwletiň ösüşini durmuş ulgamsyz göz öňüne getirmek hem mümkin däldir.

Býujet serişdelerini sarp etmek döwlet kärhanalarynyň bir bölegi bolup duran býujet guramalaryny maliýeleşdirmegiň esasyny düzýär, olar döwlet wezipelerini ýerine ýetirmek bilen, döwlet tarapyndan hem dolandyrylýar.

Döwlet sektorynyň bir bölegi hökmünde býujet guramalarynyň aýratynlyklaryna seredip geçeliň.

Birinjiden, döwlet edaralary täjirçilik babatda (peýda gazanmak üçin işlemek) özbaşdak bolup hem, holdingler tarapyndan dolandyrylyp hem bilner; býujet guramalarynyň asla täjirçilik maksady bolup bilmez we döwletiň görkezmeleri esasynda dolandyrylmalydyr.

Ikinjiden, döwlet kärhanalarynyň maksady köp taraply (peýda almak, döwletiň bähbitleri, goranyş we ş.m.) bolup biler, býujet guramalary, düzgün bolşy ýaly, durmuş maksatlaryna eýerýärler.

Üçünjiden, döwlet kärhanalaryny dolandyrmak usullary örän giňdir (meýilnama, kärende, hojalyk hasaplaşygy, täjirçilik özbaşdaklygy); býujetdäki kärhanalar bir usulyň, ýagny meýilnamalaşdyrmagyň esasynda dolandyrylýar.

Şeýlelikde, býujet kärhanalary mydama durmuş ugruna gönükdirilen bolup, olaryň gurluşy ýurtda hakyky durmuş isleglerini görkezýär.

Ähli ýurtlarda býujet kärhanalarynyň özboluşly gurluşy bardyr. Býujet sektorynyň möçberini häsiýetlendirýän iki sany binýatlyk model bar.

Birinjisi (amerikan, ýapon modeli) bu möçberi iň pes derejä getirýär. Hususy kärhanalaryň absolýut agdyklyk etmeginde aýry-aýry hassahanalaryň, uniwersitetleriň döwlet tarapyndan maliýeleşdirilmegine ýol berilýär.

Ikinjisi (şwed modeli) – kollektiwleýin hyzmatlaryň bolup biljek ähli ugruny döwlet telekeçiligine goşmak bilen, bu möçberi ýokary derejä çykarýar.

ABŞ dolandyryşda şahsyýetiň özbaşdaklygyny jemlemek bilen, telekeçiligi bökdeýän görkeziji hökmünde salgyt ýüküniň ösüşini we özbaşdak islegleriň girdejä bolan talaplaryny emeli suratda deňleşdirmek (agalyk etmek) mehanizmini, mümkin boldugyça, saklaýar. Şunuň bilen bir wagtda bu ýerde dolandyryşyň kärende usulyny has gowy hasap edýärler, onuň manysy döwlet kärhanalaryny, ýagny ortalyk we netijesi pes kärhanalary döretmän, hususy kärhanalara subsidiýa bermegi aňladýar.

Şwesiýa, munuň tersine, şahsyýetiň erkinligine diňe girdejilerde we mümkinçiliklerde deňlik mehanizminiň üstünden seredýär. Islegleri kanagatlandyrmak – munda durmuş hyzmatlarynyň her bir adama elýeterli, döwlet (býujet) ulgamynyň çäklerinde saglygy goraýşyň, bilimiň ýokary hilli bolmagy talap edilýär.

## 2.3. Daşary döwletlerde maliýe ulgamynyň dolandyrylyşynyň aýratynlyklary

Maliýeni dolandyrmak işi umumy maliýe syýasatyny alyp barmak bilen, maliýeni maliýeleşdirmek, maliýeni ykdysady we durmuş syýasata görä ulanmak bilen baglanyşyklydyr.

Bu iş maliýe kanunlaryny işläp çykarmak, býujet düzmek we ýerine ýetirmek, salgytlary ýygnamak, zaýomlary çykarmak, döwlet bergisini dolandyrmak işleri bilen hem baglydyr. Şu meseleleriň birnäçesi parlamentleriň üsti bilen çözülýär. Mysal üçin, parlamentler täze döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky hasaplamany makullaýar, täze salgytlary girizmek hem-de möçberleri üýtgetmek boýunça meseleleri çözýär.

3. Sargyt № 817.

Maliýe ulgamy – bu pul gaznalarynyň emele gelmegini we ulanylyşyny takyk görnüşinde tertipleşdirýän maliýe gatnaşyklaryň jemidir.

Russiýa Federasiýasynyň maliýe ulgamy, şu aşakdaky maliýe gatnaşyklaryny özünde jemleýär:

- Döwlet býujeti
- Býujetden daşgary durmuş gaznasy. Döwlet karzy.
- Ätiýaçlandyryş gaznasy.
- Dürli eýeçilikdäki kärhanalaryň maliýesi.

ABŞ parlamenti – kongresi döwlet bergisiniň ýokarky derejesini, býujetleriň ösüş derejesini hem tassyklaýar.

Maliýeni dolandyrmak işini birnäçe guramalar alyp barýar: ABŞ-nyň maliýe ministrligi (kaznaçeýstwo) we administratiw-býujet uprawleniýesi. Maliýe ministrligi maliýe we salgyt syýasatyny işläp çykarýar, maliýe kanunçylygyň ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýär, monetalary çykaryş emissiýasyny ýerine ýetirýär.

Bu ministrligiň bir bölümi – içki girdejiler gullugy – şahsy indiwidual girdeji salgydyny, durmuş ätiýaçlandyrmasyny, korporasiýalaryň emläklerinden alynýan salgytlary, göni bolmadyk salgytlary öz içine alýar (federal býujete girýän girdejileriň 80%-ni üpjün edýär).

Bu gullugyň ýene bir işi – gelýän girdejilere baha bermekden, salgyt töleýjilere hyzmat etmekden, salgytlardan boşatmakdan, düzgünnama çykarmakdan we ş.m.-lerden ybarat. Öz işini netijeli ýerine ýetirer ýaly ol gulluk üç derejedäki edaralara bölünen: milli, sebit we aýlaw.

Girdeji ýygnamak meseleleri bilen gümrükhana gullugy; spirtli içgiler, temmäki we ýarag gullugy hem meşgul bolýarlar. Birinji gulluk paç girdejilerini ýygnamak we gözegçilik etmek wezipelerini ýerine ýetirýär. Ikinji gulluk görkezilen harytlary çykarmak, satmak we salgytlary tölemek taraplarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär:

a) Içki zaýomlary çykarmak we döwlet bergisini dolandyrmak boýunça gulluk.
b) Pul dolanyşygy gözegçilik gullugy (banklaryň işini dolandyrýan).

ç) Zikge kakma bölümi – monetalary we medallary çykarmak.
d) Daşary ýurt syýasatyny alyp barýan gulluk.
e) Administratiw-býujet uprawleniýesi esasy hökümet maksatnamalaryny çaklaýan, dolandyrýan, gözegçilik edýän gurama bolmak bilen, federal býujeti düzýär. Maliýe maksatnamalaryny düzmek, umumy federal býujeti dolandyrmak wezipeleri hem girýär.

Beýik Britaniýada birnäçe guramalar maliýeni dolandyrýarlar. Esasy gurama bolup, gazna bölümi çykyş edýär. Onuň wezipelerine döwlet býujetini düzmek, ýerine ýetirmek, salgyt syýasatyny alyp barmak, halkara maliýe gatnaşyklary dolandyrmak, maliýe-ykdysady çaklama we ş.m. Mundan başga-da gazna bölümi döwlet kärhanalarynda maliýe serişdeleriniň harç edilmegine gözegçilik edýär.

Döwlet maliýesini dolandyrmaklyga gümrükhana we aksiz göni däl salgytlar gullugy, içki girdeji gulluklary gatnaşýarlar.

Angliýanyň banky döwlet bergisini dolandyrýar. Bank zaýomlary çykarýar, bergileri hasaba alyp, wagty gelenleri üzýär. Başga bir topar ministrlikleriň maliýe meseleleri bilen hem meşgul bolýarlar.

Fransiýada maliýeni dolandyrmak wezipelerini ykdysady, maliýe we býujet ministrligi ýerine ýetirýär (döwlet çykdajylary, maliýe gözegçiligi).

Italiýada gazna bölümi, maliýe ministrligi (ýeke girdejiler), býujet we meýilnamalaşdyryş ministrligi döwlet býujetini düzýär hem-de maliýe serişdelerini dolandyrýar. Ýerli maliýe meseleleri bilen içeri işler ministrligi meşgul bolýar.

Türkiýede merkezi hem-de 30 sany ýerli döwlet guramalarynyň býujetleri (demir ýol hem-de awtomobil ýollar, irrigasiýa we suw üpjünçiligi, aeroportlar, tokaýlar) hem-de ýurduň uniwersitetleri döwlet býujetini öz içine alýar.

Maliýe serişdeleriniň 80–85%-i merkezi býujetiň usullary bilen ýygnanylýar. Ýerli býujetler – prowinsiýalaryň munisipal oba býujetleri diýip atlandyrylýar. Merkezi býujetleriň girdejileriniň 90%-den köprägi salgytlar üsti bilen ýygnanylýar, 7%-i – döwlet emläginden hem-de döwlet kärhanalaryndan gelýän girdejiler,

3%-i – ýörite girdejiler, salgytlaryň 65%-i göni salgytlar bilen üpjün edilýär (aýlykdan we girdejilerden alynmaýan salgyt).

## 2.4. Daşary ýurtlarda öz-özüňi dolandyryş guramalarynyň maliýesi

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda öz-özüňi dolandyryş guramalarynyň girdejileriniň çeşmesi bolup emläk salgydy çykyş edýär – girdejileriň 3/4 bölegini tutýar. Bu salgytlar gozgalmaýan emläklerden (jemi 1,5% (takmynan, ýylda 1500$), satuwlardan we goşmaça töleglerden (11% + girdeji salgydy we peýda salynýan salgyt) gelýän girdejiler hemme girdejileriň 6%-ni tutýar.

Çykdajylaryň gurluşy:

1. Bilime – 43%. Esasan, orta mekdep bilimine: çagalaryň 90%-i döwlet mekdeplerinde okaýar, galanlary dini jemgyýetçilik okuwlarynda we ş.m. okaýarlar. Mekdepleri hususy serişdeler bilen maliýeleşdirmäge serişde ýetenok, şonuň üçin olar goşmaça serişde alýarlar.
2. Saglygy goraýşa we durmuşy şertlere – 12%.
3. Ýaşaýşa we daş-töwerek gurşawynyň goraglylygyna – 11%.
4. Jemgyýetçilik howpsuzlygyna (polisiýa) – 10%.
5. Şäher ulagyny saklamak üçin – 7%.

Ýerli býujetlere uly deňsizlik häsiýetlidir.Ýerli býujetleriň çykdajylary Federal býujetiň çykdajylarynyň 40%-ni tutýar. Ýerli býujetleriň çykdajylary girdejilerden 2 esse az. Esasy býujet mehanizminiň sazlaşygy bilime we saglygy goraýşa goşmaça pul serişdeleriniň goýberilmegidir. Maksatly ulanyşa bolsa berk gözegçilik edilýär.

Ýaponiýada 47 sany prefekturalar bar, olar 3045 sany şäherleri, şäherçeleri, etraplary birikdirýär, olaryň her haýsysynyň özbaşdak býujeti bar.

Ýerli býujetleriň girdeji bölegi salgyt we salgyt däl pul goýbermelerden ybaratdyr *(1-nji tablisa seret).*

2008-nji ýylda ýerli dolandyryş edaralarynyň umumy girdejileri 80,41 trln. iýena boldy. Olardan hususy salgyt girdejileri: 33,45 trln. iýena ýa-da ýerli býujetleriň girdeji böleklerinden 41,6%-e barabar boldy; 14,33 trln. iýena ýa-da umumy döwlet salgytlaryndan bölünip aýrylan pullaryndan 17,8% berildi; 10,65 trln. iýena ýa-da döwletiň umumy milli çäreleri geçirmeklige beren 13,2% dotasiýalary; galan 21,98 trln. iýena ýa-da ýerli býujetleriň 27,3% girdejileri – bu zaýomlar bilen bilelikde salgyt däl pul goýbermelerinden ybaratdyr.

Bu sanlar Ýaponiýada ýerli salgytlaryň ýerli býujetlerde agdyklyk etmeýändigini görkezýär, olar girdeji bölegiň ýarysyndan hem az bolup durýar. Bu ýagdaý ýapon salgyt ulgamyny Demirgazyk Amerika ulgamyndan tapawutlandyrýar. Demirgazyk Amerikada ýerli salgytlar munisipalitetleriň býujetiniň 2/3 bölegine deňdir.

Ýerli salgytlar baradaky kanun salgytlaryň görnüşlerini we çäkli möçberlerini kesgitleýär, galanlaryny häkimiýetiň ýerli edaralary dolandyrýar. Ýurtda bary-ýogy 30 sany ýerli salgytlar bar.

Ýerli salgytlarda girdeji we mülk salgytlary aýgytly orunda durýar: 1998-nji ýylda olar 79% boldy, 2006-njy ýylda bolsa 87,5% boldy. Hukukly edaralar döwletiňkiden 12,3% ölçegde prefektura girdeji salgydyny töleýärler, bu girdejiden 1,67% stawkany berýär, döwletiňkiden 12,3% ölçegde şäher (şäherçe, etrap) girdeji salgydyny töleýärler, bu girdejiden 4,12% stawkany berýär. Mundan başga-da, girdeji telekeçilik salgydyny tölemekligiň çeşmesi bolup hyzmat edýär, ol prefekturanyň ygtyýaryna gelýär, onuň stawkasy 10,71%.

Şahsy adamlar girdejiniň jemine baglylykda 5, 10, 15% stawka boýunça girdeji prefektura salgydyny töleýärler. Mundan başga-da, ýerli girdeji salgytlar-da bar. Ýaponiýanyň her raýaty öz girdejisiniň möçberine garamazdan, ýaşaýjynyň salgydyny, ýagny, ýylda 3200 iýena pul töleýär. Girdeji we mülk salgytlaryna käbir ýerli emläk salgytlary-da degişlidir.

Ýerli ikinji derejeli salgytlardan temmäki, benzin, restoranlar we barlar, elektrikden we gazdan peýdalanmaklyk salgytlaryny bellemek bolar.

Ýaponiýada häkimiýetiň ýerli edaralarynyň serişdeleriniň hasabyna önümçilik infragurluşygynyň ösüşi, tebigy betbagtçylygyň netijesini ýok etmeklik boýunça geçirilýän çäreler maliýeleşdirilýär.

Mundan başga-da, ýerli býujetler arkaly işçi güýjüni taýýarlamak üçin, dürli kömek pullaryny, pensiýa pullaryny tölemek üçin çykdajylar geçirilýär. Býujet serişdeleriniň köp bölegi häkimiýetiň ýerli edaralaryny, şonuň bilen birlikde, polisiýany, kazyýet we prokuratura edaralaryny saklamak üçin harç edilýär.

*1-nji tablisa*

**Ýaponiýada häkimiýetiň ýerli edaralarynyň 1998–2008-nji ýyllardaky girdejileri we çykdajylary, trln. iýena**[1]

| | 1998 ý. | 2000 ý. | 2002 ý. | 2004 ý. | 2006 ý. | 2008 ý. |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Girdejiler | 39,13 | 46,80 | 53,46 | 57,47 | 68,01 | 80,41 |
| Ş.s. ýerli salgytlaryň hasabyna | 12,24 | 15,89 | 19,84 | 23,32 | 30,12 | 33,45 |
| Çykdajylar | 38,35 | 45,78 | 52,31 | 56,29 | 66,40 | 78,47 |
| Balans (girdejiler, minus çykdajylar) | 0,78 | 1,02 | 1,15 | 1,18 | 1,61 | 1,94 |
| Geçen ýyldan galany | 0,35 | 0,41 | 0,35 | 0,32 | 0,56 | 0,82 |
| Şu ýylyň hakyky balansy | 0,43 | 0,61 | 0,80 | 0,86 | 1,05 | 1,12 |

1-nji tablisanyň maglumatlary Ýaponiýanyň ýerli býujetiniň girdeji we çykdajy bölekleriniň hemişe ösýändigi barada tassyklaýar, girdejiniň ösüşi çykdajylaryň ösüşinden has öňde barýar.

[1] Internet maglumatlary

Ýaponiýanyň ýerli býujetleri zyýansyz alnyp barylýar. Ýyllyk umumy balansdan başga-da hakyky balans hem hasaba alynýar, ol öňki ýylyň maliýe harjyndan galyndylary umumy balansdan aýyrmak bilen hasaplanýar.

*2-nji tablisa*

**Ýaponiýanyň döwlet çykdajylarynyň 1998–2008-nji ýyllarda jemi içerki önümde udel agramy,%**[1]

| | 1998 ý. | 2000 ý. | 2002 ý. | 2004 ý. | 2006 ý. | 2008 ý. |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Merkezi hökümetiň çykdajylary | 6,2 | 5,9 | 8,2 | 10,5 | 9,9 | 9,3 |
| Häkimiýetiň ýerli edaralarynyň çykdajylary | 13,0 | 14,4 | 16,9 | 18,9 | 17,2 | 15,4 |

Häkimiýetiň ýerli edaralarynyň çykdajylaryny öwrenip, olaryň jemi içerki önümde udel agramynyň merkezi hökümetiň çykdajylarynyň jemi içerki önümde udel agramyndan has köpdügini bellemek bolar *(2-nji tablisa seret).*

Bu bölümde ýerli häkimiýet edaralarynyň maliýesi bilen baglanyşykly soraglaryň üstünde durup geçeris.

Koreýanyň ýerli häkimiýet edaralarynyň maliýesi Seul şäheriniň býujetini, 5 welaýat şäheriniň hem-de özara baglanyşykly etrap we prowinsial býujetlerini öz içine alýar.

Ýerli häkimiýet edaralary, ilki bilen, ýerli salgytlary ýygnaýarlar. Ýerli salgytlaryň möçberini, salgyt töleýjileriň toparyny, ýygnalýan salgytlaryň, tölegleriň ulanylyşynyň ugurlaryny salgyt kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýarlar.

[1]Internet maglumatlary

*3-nji tablisa*

**Koreýa respublikasynyň salgyt ulgamynda ýerli salgytlara häsiýetnama**[1]

| Ýerli salgytlar | Salgyt girdejileriniň umumy möçberine% |
|---|---|
| Hasaba alyş ýygymy | 4,1 |
| Ygtyýarnama ýygymy | 0,3 |
| Satyn almadan alynýan salgyt | 3,3 |
| Eýeçilige salynýan salgyt | 3,0 |
| Awtomobil ulanyjylara salynýan salgyt | 2,0 |
| Temmäki önümlerine aksiz salgydy | 3,5 |
| Beýlekiler | 3,6 |
| Ýerli salgytlaryň merkezi býujetde tutýan orny | 19,8 |

Şeýle-de ýerli häkimiýet edaralary özleriniň hususy bergi borçnamalaryny çykarmaga hukugy bar. Olaryň dolanyşyga goýberilişi resmi býujete täsirini ýetirenok. Goýberilen bergi-borçnamalaryň möçberi we üzmegiň şerti, olaryň dolanyşyga goýberilen maksadyna laýyklykda anyklanýar.

Mundan başga-da merkezi hökümet tarapyndan ýerli häkimiýet edaralaryna subsidiýa görnüşinde maliýe kömegi berilýär. Merkezi býujetiň belli bir böleginiň ýerli häkimiýetleriň býujetlerine paýlanylmagy üçin (umumy milli salgytlaryň jeminden 13,27%), şeýle-de ýörite maksatnamalary maliýeleşdirmek üçin goşmaça serişdeler goýberilýär. Hökümet ondan daşary, merkezi býujetiň umumy jeminden 11,8 göterimi ýerli býujetlere bilimi maliýeleşdirmek üçin goýberýär.

Şeýle hem, ýerli býujetlerde salgyt girdejilerini ýokarlandyrmak maksady bilen, hökümet 2008-njy ýylda temmäki önümlerine

[1]Internet maglumatlary

salynýan aksiz salgydyndan gelýän hemme girdejileri ýerli býujetlere geçirdi.

Hökümetiň meýilnamasynda geljekki döwürde çykdajylaryň köp bölegini ýerli hökümet edaralarynyň üstüne ýüklemek, ýagny, durmuş kömekleri, ýurduň ilatynyň durmuş taýdan goralmadyk gatlagyna, şeýle hem, maliýe kömegini ýurduň aýry-aýry territoriýalaryna, öz geografiki ýerleşişine görä merkezi býujet tarapyndan goşmaça maliýe kömegine mätäç bolup durýarlar.

# III BAP. DAŞARY ÝURTLARYŇ DÖWLET BÝUJETI WE BÝUJET GURLUŞY

## 3.1. Daşary ýurtlarda döwlet býujetiniň manysy we ähmiýeti

Russiýa Federasiýasynyň býujet gurluşy barada aýtmakdan, onuň artykmaçlyklaryny we ýetmezçiliklerini ýüze çykarmakdan ozal, döwlet býujetiniň nämäni görkezýänligini kesgitlemek zerurdyr. Iň umumy görnüşde bu – döwletiň üstümizdäki ýylyň balans görnüşindäki, şeýle-de kanuny güýji bolan girdejileriniň we çykdajylarynyň meýilnamasydyr. Islendik ýurtda döwlet býujeti – maliýe ulgamynyň alyp baryjy bölegi bolmak bilen, esasy maliýe derejeleriniň birligidir, salgytlaryň, döwlet harajatlarynyň, döwlet karzynyň birligidir. Emma şeýle bolsa-da, maliýeniň bölegi bolup, býujeti aýratyn ykdysady derejä bölmek bolýar. Ol döwletiň edara görnüşli taraplar we şahsy adamlar bilen milli girdejini (bölekleýin we milli baýlygy) gaýtadan paýlamagyň sebäbi boýunça, ýagny býujet gaznasynyň emele gelmegi we ondan peýdalanmak bilen baglanyşykly, halk hojalygyny, durmuş-medeni çärelerini, goranmagyň zerurlyklaryny we döwlet dolandyryşyny maliýeleşdirmek üçin niýetlenilen pul gatnaşyklaryny görkezýär.

Edil býujetiň kömegi bilen döwletiň maliýe serişdeleriniň durmuş we ykdysady ösüşiniň aýgytlaýjy böleklerini jemlemäge mümkinçiligi bolýar, býujetiň kömegi bilen milli girdejiniň pudaklaryň, çäkleriň, jemgyýetçilik işleriniň ulgamlarynyň arasynda täzeden paýlanylmagy bolup geçýär. Maliýeniň hiç bir bölegi, býujet ýaly serişdeleriň beýle köp görnüşli we köp derejeli gaýtadan paýla-

nylmagyny amala aşyrmaýar. Şonuň bilen birlikde, ykdysadyýetiň gurluş bölümlerinde bolup geçýän ykdysady hadysalary görkezip, býujet, hojalyk subýektlerinden maliýe serişdeleriniň döwletiň ygtyýaryna gelip gowuşýanlaryny, döwletiň merkezleşdirilen serişdeleriniň möçberiniň onuň talaplarynyň göwrümine laýyk gelýänligini görkezýär.

Şeýlelik bilen, dogry garaýyşda, býujet diňe bir döwletiň ykdysady taýdan ugrukdyrylmagynyň ýönekeý bir serişdesi bolman, eýsem, ol ykdysadyýetiň we durmuş ulgamynyň ösmegine täsirini ýetirip bilýär, ylmy-tehniki ösüşiň depginleriniň çaltlandyrylmagyna, jemgyýetçilik önümçiliginiň maddy-tehniki bazasynyň täzelenmegine we kämilleşdirilmegine hakyky täsirini ýetirip bilýär. Emma bu ýerde bir zady bellemek wajypdyr, ýagny, býujete mahsus bolan häsiýetleriň ýüze çykmagy, ony paýlamak we gözegçilik guraly hökmünde ulanmak, diňe adamyň işleriniň dowamynda mümkindir, bu özüni döwletiň döredýän býujet mehanizminde tapýar, ol býujet syýasatynyň aýdyň görkezmesidir, ol býujet gatnaşyklarynyň ykdysady we durmuş wezipeleriniň çözülmegine gönükmegini görkezýär.

Russiýa Federasiýasy üçin, onuň federatiw gurluşyny göz önünde tutup, wajyp orny diňe bir býujet mehanizmini sowatly taýýarlamak däl-de, eýsem ýurduň ähli çäklerinde hereket edýän dürli derejeli býujetleriň dogry aragatnaşygyny amala aşyrýar, bu bolsa býujet ulgamy düşünjesini düzýär. Hatda sowatly düzülen we balanslaşdyrylan federal býujet hem ýerleriň göni özünde gerekli býujet mehanizminiň ýola goýulmadyk halatynda doly derejede özüniň gaýtadan paýlaýjy we gözegçilik ediji wezipelerini ýerine ýetirip bilmez. Edil şeýlelik bilen, balanslaşdyrylmadyk federal býujetine hemişe garşy durýan şertler sebäpli ýerlerde geçirilýän býujet syýasatynyň netijesi ýüze çykyp bilmez. Býujet ulgamynyň birligi wajyp ähmiýete eýedir, ol özbaşdaklygyň, oňa girýän býujetleriň dolulygynyň we hakykylygynyň ýörelgelerine esaslanýar.

Býujet ulgamyny gurmagyň guramaçylyk ýörelgeleri, onuň gurluşy, oňa birleşýän býujetleriň özara baglanyşyklary döwletiň býujet gurluşyny kesgitleýär. Russiýa Federasiýasynyň býujet gur-

luşy nähili, ähli derejelerdäki býujetleriň özara gatnaşyklary nähili bolup geçýär? Bu soragyň jogaby häzirki zaman býujetiniň kynçylyklarynyň birnäçe sebäplerini kesgitlär, ony kämilleşdirmegiň ýollaryny bellär.

Ozal ýatlanylyşy ýaly, býujet ulgamy, birinji nobatda, hereket edýän döwlet gurluşy bilen kesgitlenýär. Unitar döwletlerde býujet ulgamy iki sany bölegi öz içine alýar: döwlet býujeti we köp sanly ýerli býujetler. Federatiw döwletlerde bolsa, Russiýa hem şeýle döwletdir, býujet ulgamy üç sany bölekden durýar: döwlet býujeti (ýa-da federal býujet, ýa-da merkezi hökümetiň býujeti); federasiýanyň agzalarynyň býujetleri (ştatlaryň – ABŞ-da, ýerleriň – Germaniýa Federatiw Respublikasynda, prowinsiýalaryň – Kanadada, Federasiýanyň subýektleriniň – Russiýada); ýerli býujetler.

Russiýa Federasiýasynyň ösüşiniň wajyp kynçylygy bolup, dürli derejedäki býujetleriň arasyndaky gatnaşyklara täzeden garamak durýar. Üç derejeli býujet ulgamly federal döwlet bolmak bilen, bu Russiýa Federasiýasynyň býujet federalizminiň ýörelgelerinde esaslanan býujet gurluşyny gurmagyň has adatdan daşary kynçylygydyr, bu aşakdaky ýörelgelere esaslanýan býujet hadysasynyň dürli derejeleriniň ähli tapgyrlarynda häkimiýet edaralarynyň we dolandyryşynyň arasyndaky salgyt-býujet diýip, özara gatnaşyklaryň ulgamyna düşünilýär.

1. Dürli derejedäki býujetleriň özbaşdaklygy (häkimiýetiň we dolandyryşyň her bir derejesine girdejileriň hususy çeşmelerini berkitmek, olara harç etmegiň ugurlaryny özbaşdak kesgitlemek, goşmaça we ulanylmadyk girdejileriň ýa-da goşmaça alnan serişdeleriň ýokarda duran býujetleriniň elinden almagyna ýol bermezlik, ýokarda duran häkimiýet edarasynyň we dolandyryşyň kabul eden kararlarynyň netijesinde ýüze çykýan harajatlaryň öweziniň doldurylmagyna hukuk, diňe öz hususy girdejileriniň hasabyna salgyt we gaýry ýeňilliklere hukugy bermek we ş.m.);

2. Federal, sebit we ýerli häkimiýet edaralarynyň we dolandyryşyň arasynda býujet jogapkärçiligini we harajatlar ygtyýarlyklaryny kanun tarapyndan çäklendirmek;
3. Maliýe serişdeleriniň häkimiýet edaralarynyň we dolandyryşyň ýerine ýetirýän wezipelerine laýyk gelmegi (aşakda duran býujetleriň girdejileriniň dikligine we keseligine deňlenmegini üpjün etmek);
4. Býujet aragatnaşyklaryny we maliýe kömegini bermegi ugrukdyrmagyň kadalaşdyryjy hasaplaşyk usullary;
5. Häkimiýet edaralarynyň we dolandyryşyň dürli derejeleriniň arasynda dawalaryň öňüni almak we çözmek boýunça ýörite amallarynyň barlygy, salgyt-býujet syýasatynyň meseleleri boýunça özara ylalaşylan çözgütlerini gazanmak.

Býujet federalizminiň ýörelgeleriniň anyk durmuşa geçirmeleri iki sany biri-biriniň üstüni doldurýan akymlaryň kesgitli sazlaşdyrylmagyna daýanýarlar: durmuş hyzmatlarynyň «bazarynda» sebit edaralarynyň arasynda bäsleşikler bir tarapdan, bu bäsleşigiň şertlerini deňlemek we ýurduň ähli çäklerinde umumy milli ülňüleriniň üpjün edilmegi – beýleki tarapdan.

Şeýlelik bilen, býujet federalizmi, ykdysady, maliýe we syýasy gatnaşyklaryň ulgamyny gurşap alýan ykdysady reformalaryň iň bir çylşyrymly ugrunyň biridir. Russiýa Federasiýasy dürli derejelerdäki býujetleriň arasynda hakyky federatiw gatnaşyklaryň dikeldilmegine ilkinji ädimleri ädýär. Şeýle bolsa-da, olary döretmek üçin esaslar eýýäm goýuldy we býujet federalizminiň ösmeginde oňaýly netijeler gazanyldy, şeýle bolsa-da, entek kynçylyklar az däl.

Russiýa Federasiýasynda býujet federalizminiň konstitusion görnüşi goýuldy diýlip, doly hukukly aýtsa bolýar, sebäbi edil Konstitusiýa býujet ulgamynyň şeýle umumy ýörelgelerini, ýagny, ähli derejedäki býujetleriň çäkli we özbaşdaklyk ýörelgelerini kesgitleýär. Býujet federalizminiň konstitusion görnüşinde aýratyn bölek bolup, Federasiýanyň we onuň subýektleriniň bilelikdäki býujet we salgyt ygtyýarlyklary durýar. Bir tarapdan, olar merkeziň we sebitleriň

ygtyýarlyklaryny öz aralarynda çäklendirýärler, beýleki tarapdan bolsa – býujet we salgyt ulgamynyň birligini kesgitläp, olaryň özara gatnaşyklaryny we baglanyşyklaryny ýola goýýarlar. Konstitusiýa tarapyndan Federasiýanyň we onuň subýektleriniň bilelikde alyp barmagyna salgyt salmagyň we ýygymlaryň umumy ýörelgelerini ýola goýmagyň hukuklary berildi we şol bir wagtda Federasiýanyň subýektleriniň salgyt salmagyň umumy ýörelgeleriniň esasynda salgytlaryň we ýygymlaryň öz hususy ulgamyny girizmäge bolan hukuklary çäklendirilýän däldir. Konstitusiýa boýunça salgyt salmagyň üç sany ulgamy hereket edýär, emma şeýle bolsa-da, býujetleri we salgyt ulgamlaryny doly aýyrmak göz önüňde tutulmaýar: Federasiýa we onuň subýektleri, döwlet hususyýetçiligi görnüşinde, ýere, gazylyp alynýan baýlyklara, suwa we beýleki tebigy serişdelerine, ykdysady, salgyt bazasyna bilelikde eýelik edýärler. Şeýle hem sebitleri ösdürmegiň federal gaznalary hem göz öňünde tutulýar; şeýlelik bilen, býujet we salgyt ulgamlarynyň özara gatnaşygy ýüze çykýar.

Şeýlelik bilen, býujet federalizminiň netijeli görnüşini döretmegiň konstitusion esaslary bar. Şeýle bolsa-da, onuň hakyky manysy has çylşyrymlydyr we öz ýanyndan häkimiýet derejeleriniň we döwlet gurluşlarynyň ykdysady we syýasy bähbitleriniň özara gatnaşyklaryny, jemgyýetiň pul serişdelerini, salgytlaryň, tölegleriň, ýygymlaryň we býujet geçirmeleriň we harajatlar ulgamynyň döredilmegine, dakylmagyna, ygtyýar etmegine we peýdalanylmagyna gönükdirilen özara gatnaşyklaryny görkezýär. Býujet federalizmi «ykdysadyýet – döwlet – ykdysadyýet» ulgamynda çalşygyň dellalçysy bolup çykyş edýär, bu ýerde döwletiň özi subýektleriň bitewi ulgamy bolup durýar.

Býujet federalizmini iki sany – içerki we daşarky ulgama bölmek kabul edildi. Içerki ulgam býujet serişdelerini döwlet edaralarynyň derejeleriniň arasynda merkezleşdirmegiň, paýlamagyň we gaýdan paýlamagyň wezipelerini ýerine ýetirýär. Daşarky ulgam bolsa, döwlet tarapyndan jemgyýete «hyzmat etmegi» amala aşyrmak bilen, býujet gatnaşyklarynyň ahyrky niyetlenilişini görkezýär. Bu ýerde ol näçe arzan bolsa, şonça-da býujet federalizminiň ulgamy netijeli bolýar.

Býujet federalizminiň merkezi kynçylyklarynyň biri bolup, býujet deňeşdirilmesi durýar, ol dikligine we keseligine deňlige bölünýär (bu düşünje bize daşary ýurt amaly işinden geldi). Dikligine deňleme – häkimiýetiň her bir derejesiniň harajatlary boýunça onuň girdeji serişdeleriniň üpjünçiligi bilen (salgyt gowuşmalary) borçnamalarynyň her göwrüminiň arasynda balansy gazanmak. Ýokarda duran derejä borçnamalar berilýär: eger aşakda duran derejäniň girdeji bölegini üpjün etmek boýunça üpjünçilik mümkinçilikleri, öz üstüne ýüklenilen wezipeleriň maliýeleşdirilmegi üçin ýeterliksiz bolsa, merkezi häkimiýet häkimiýetiň sebit ýa-da ýerli edarasyna ýetmeýän býujet serişdelerini bermäge borçludyr. Merkezi häkimiýet, islendik sebite garanda ykdysady taýdan ugrukdyrmagyň mümkinçiliklerine we salgyt gowuşmalarynyň göwrümleriniň köp sanyna eýe bolýar, şol sebäpli hem, ol federal býujetiň akkumulirlenen derejesindäki serişdeleriň hasabyna sebit býujetleriniň disbalansynyň öwezini doldurmalydyr. Dikligine deňleme hökman keseligine deňleme bilen utgaşmalydyr. Şeýlelik bilen, federal býujetiň harajatlaryna durmuş-ykdysady wezipeleriniň federal derejede çözülmeginiň býujet ulgamynyň balanslaşdyrylmagyny gazanmak üçin harajatlar hem goşulýarlar.

Russiýa Federasiýasynyň býujet ulgamy – bu ykdysady gatnaşyklarda we döwlet gurluşygynda döredilen. Federal býujetiň jemi hukugyň çäklerinde Russiýa Federasiýasynyň sebit býujetleriniň, ýerli býujetleriň we döwletiň býujetden daşary gaznalarynyň býujet gaznasydyr.

Federal býujet, Russiýa Federasiýasynyň düzümindäki respublikalaryň respublikan býujeti, ülkäniň we welaýatlaryň ülke we welaýat býujetleri, Moskwa we Sankt-Peterburg şäherleriniň şäher býujetleri, awtonom welaýatlaryň welaýat býujetleri, oba raýonlarynyň raýon býujetleri, şäherleriň şäher býujetleri, şäherlerdäki raýonlaryň raýon býujetleri, şäherçe we oba ilatly ýerleriň býujetleri Russiýa Federasiýasynyň býujet ulgamyna özbaşdak bölekler bolup girýärler.

*1-nji shema*

**Russiýa Federasiýasynyň býujet ulgamynyň hemme derejeleriniň jemi Russiýa Federasiýasynyň konsolidirlenen býujetini düzýär:**




Şeýlelikde, Russiýa Federasiýasynyň býujet ulgamy 3 düzümden durýar: federal býujet, Russiýa Federasiýasynyň subýektleriniň sebitara býujetleri, ýerli býujetler. Russiýa Federasiýasynyň býujet kodeksinden görnüşi ýaly, Russiýa Federasiýasynyň býujet ulgamy aşakdaky ýörelgelerden ugur alýar:

- Umumylyk;
- Býujet ulgamlarynyň derejeleriniň arasynda girdejeleri we çykdajylary çäklendirmek;
- Býujetleriň özbaşdaklygy;
- Girdejeleriň we çykdajylaryň döwletiň býujetinden daşary gaznalarynyň býujetleriniň doly görkezilişi;
- Býujetleriň deňagramlylygy;
- Býujet serişdeleriniň maksadalaýyk ulanylyşy;
- Býujetleriň çykdajylaryny umumy ýapmaklyk;
- Aýdyňlyk;
- Býujetiň anyklygy;
- Býujet serişdeleriniň maksatly häsiýeti we salgylylygy.

Býujet ulgamynyň umumylyk ýörelgesi hukuk binýadynyň, pul ulgamynyň, býujet resminamalarynyň görnüşleridir.

Russiýa Federasiýasynyň býujet kodeksinde salgyt girdejisiniň bölünişiginiň býujet ulgamyndan düşýän girdejiniň konsolidirlenen býujetden 50%-den az bolmaly däldigi kesgitlenilýär. Ol görkezijiler ýyllar boýunça şeýle beýan edilýär:

*4-nji tablisa*

| T/b | Ýyllar | RF-niň konsolidirlenen býujeti | Federal býujet | RF-niň hususy býujeti |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2001 | 100 | 42.8 | 57.2 |
| 2 | 2002 | 100 | 43.9 | 56.1 |
| 3 | 2003 | 100 | 41.9 | 58.1 |
| 4 | 2004 | 100 | 52.2 | 47.8 |
| 5 | 2005 | 100 | 49.9 | 50.1 |
| 6 | 2006 | 100 | 55.5 | 44.5 |
| 7 | 2007 | 100 | 58.1 | 41.9 |
| 8 | 2008 | 100 | 62.2 | 37.8 |

Ýokardaky tablisada Russiýa Federasiýasynyň hususan girdejisi 2005-nji ýylda ýerli we federal býujetiň salgyt girdejisini deň bölüpdir. 2006-njy ýyldan başlap federal býujetiň paýy azalýar.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň häkimiýetiniň býujet ulgamy Prezidente we Kongrese näçe pul harçlamaly, olary nämä harçlamaly we çykdajylary haýsy serişdeleriň hasabyna etmeli diýen ýaly meseleleri çözmäge mümkinçilik berýär. Býujet ulgamynyň serişdeler soragy federal häkimiýetiň agentlikleriniň arasynda serişdeleriň paýlanyşy bilen çözülýär. Býujet prosesinde çözülen çözgütler tutuş ýurda, ýagny federal häkimiýete, ştatlaryň häkimiýetine hem-de her bir raýata degişli bolup durýar. ABŞ-nyň köp býujet çözgütleriniň dünýä ýüzüne hem täsiri bardyr. Kongres we Prezident býujet çözgütlerini kanunlaşdyrýar, özgeriş býujet ulgamy bolsa bu çözgütleriň janlanmagyna getirýär.

Birleşen Ştatlaryň býujet prosesi 3 etapdan durýar:

1) Býujetiň prezident redaksiýasy;
2) Býujetiň Kongresden geçişi;
3) Býujetiň ýerine ýetirilişi;

Birleşen Ştatlaryň prezident redaksiýasy birnäçe bölümlerden durýar we olarda Prezidentiň maliýe hakynda sözleri hem-de

4. Sargyt № 817.

häkimiýetiň maliýe serişdeleriniň ilkinji paýlanylmagyny hödürlemeleri beýan edilýär. Býujet, býujet ýylynda, Kongres pul goýbermelerini geçirmeli. Mysal üçin, 2006-njy ýyl üçin (Birleşen Ştatlarda 2006-njy maliýe ýyly 2005-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda başlap, 2006-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda gutarýar) ABŞ-nyň býujeti, aňry ýagdaýda kabul edilen býujet çözgütleriniň uzakmöhletli täsirini görmek maksady bilen indiki 4 býujet ýylyny ýapýar. Prezident býujeti Kongresi ýanwar aýynyň 1-nji duşenbe gününde ýa-da ondan soň tanyşdyrmaga borçludyr, ýöne 1-nji oktýabrda başlaýan indiki maliýe ýylynyň fewral aýynyň 1-nji duşenbe gününden gijä galmaly däldigini belleýär. Bu Kongrese täze maliýe ýylynyň başlanmagyna 8–9 aý galanda seretmäge mümkinçilik berýär. Kä ýyllar, dürli sebäplere görä, Prezident çäkli tertipnamany saklap bilmedi. Onuň sebäpleriniň biri – häzirki hereket edýän kanunçylyk gidýän Prezidente býujeti görkezmäge rugsat bermeýär. Sebäbi 20-nji ýanwarda wezipä bellenenden soň, oňa býujetiň üstünde işlemeklige az wagt berilýär.

Kongres Prezidentiň hödürlän býujet meýilnamasyna seredýär, şekilini üýtgedýär, makullaýar ýa-da makullamaýar. Kongres Prezidentiň görkezmedik gaznalarynyň maliýeleşdirilişini üýtgedip, maksatnamalary goşup ýa-da aýryp bilýär. Ol salgytlary we girdejileriň başga görnüşlerini girizip ýa-da aýryp bilýär hem-de girdejileriň toplumyna täsir edýän dürli üýtgemeleri girizip bilýär. Kongres şular ýaly býujeti kabul edenok. Karar çykarylýan ýagdaýda ol umumy girdejiler we çykdajylar bilen, defisitiň we profisitiň möçberi bilen hem-de döwlet karzynyň çägi bilen razylaşýar.

Mundan başga, býujet karary kongrese komitetiň maliýe kanunnamalaryny we beýleki girdeji hem-de çykdajy resurslar kanunçylygyny taýýarlamaga esas döredýär. Her ýyl Kongres dolandyryşy anyk maksatly çykdajylaryny ýörite tertipleşdiriş kanunlarynyň esasynda üpjün edýär (däp boýunça, olar 13 sany). Mundan başga-da kongres her ýyl girdejilere we çykdajylara degişli bolan beýleki kongreslere hem üýtgetme girizýär. Kongres pul goýbermelerini kongresde, çykdajylaryň derejesine seslenende, ýagny yzy bilen

býujet berkitmelerine maliýe hukuklaryny goşýar we öz gezeginde kesgitli çykdajylary emele getirýär.

Hökümet agentlikleri Kongresiň olara goýberen pullaryndan artykmaç sarp edip bilmeýär we maliýeleşdirmäni diňe kanunyň görkezen ugurlaryna ulanýar. Ýetmezçilige garşy kanun olara serişdeleri özbaşdak sarp etmegi ýa-da görkezilen pullardan artykmaç sarp etmegi gadagan edýär, ýöne kanunçylykda bellenen käbir hökmany ýagdaýlarda rugsat berilýär. Üstesine-de, kanun Prezidenti ýerine ýetiriş häkimiýetiniň şahamçalarynyň köp agentlikleri üçin elýeterli bolan býujet serişdelerini paýlamaga borçly edýär. Muňa bolsa prezident Administratiw býujet dolandyryşyny (ABD) delegat edip belledi. Bu bolsa paýlanyşy wagt boýunça (adatça, çärýekleýin) hem-de işiň ugruna görä amala aşyrýar. Agentlikler ABD-dan fiskal ýylynyň dowamynda, ýagdaýyň üýtgemeginde ulanyşa taýýarlamak üçin serişdeleriň gaýtadan paýlanylmagyny talap edip bilýär. Bu ulgam ýylyň dowamynda hökümet çykdajylaryny deň derejede maliýeleşdirmägi üpjün edýär.

Býujetiň ýerine ýetiriliş etapynda hökümet, düzgün bolşy ýaly, Kongresiň şol maliýe ýylyna goýberen pullaryndan artykmaç serişdeleriň sarp edilmek zerurlygyny ýüze çykarýar. Mysal üçin, tebigy betbagtçylykdan zeper ýeten etraplara deň derejede kömek etmek üçin köp serişdeleriň gerek bolmagy mümkin. Şeýle ýagdaýlarda Kongres artykmaç pul goýberip bilýär.

## 3.2. Daşary döwletleriň býujet düzümi we gurluşy

Russiýa Federasiýasynyň býujet gurluşy, edil köp sanly ýewropa ýurtlarynda bolşy ýaly, sebit we ýerli salgytlaryň degişli býujetleriniň girdejili bölegine diňe goşmaça bolup gulluk edýänligini göz öňünde tutýar. Olary döretmekde federal salgytlardan geçirmeler baş bölümi işleýär.

Russiýa Federasiýasynyň döwlet býujet ulgamy RSFSR-iň 1991-nji ýylyň 10-njy oktýabryndaky «RSFSR-de býujet gurluşy we

býujet hadysasynyň esaslary hakynda» kanunyna laýyklykda hereket edýär we şulary öz içine alýar:

1. Respublikan federal býujet;
2. Russiýa Federasiýasynyň düzümindäki 21 sany respublikan býujeti, 55 sany ülke we welaýat býujetleri, Moskwanyň we Sankt-Peterburgyň şäher býujetleri, awtonom okruglarynyň 10 sany okrug býujeti, ýewreý awtonom welaýatynyň býujeti (jemi – 89);
3. 29 müňe golaý ýerli býujetler (şäher, etrap, şäherçe, oba).

Munda, aşakda duran öz-özüni dolandyrýan edaralaryň býujetleri öz girdejileri we çykdajylary bilen ýokarda duran derejeleriň býujetine girmeýärler.

Russiýanyň, özbaşdak döwlet hökmündäki býujet ulgamynyň wajyp özbaşdak bölumi bolup, respublikan (federal) býujet durýar. Edil şol hem býujet serişdeleriniň umumy döwlet häsiýetli böleginiň merkezleşdirilmegini üpjün edýär. Federal býujetiň üsti bilen, Russiýanyň düzümine girýän federasiýanyň subýektleriniň, şeýle hem ykdysady etraplaryň arasynda milli girdejiniň paýlanylmagy we gaýtadan paýlanylmagy ugrukdyrylýar.

Russiýa Federasiýasynyň býujet ulgamynyň aýratyn, mümkin, has wajyp bölegini köp sanly ýerli býujetler tutýarlar. Soýuz döwürlerinde umumylaşdyrylan merkezleşdirilmäge ymtylmalar, SSSR-iň döwlet býujetinde ýerli býujetleriň udel agramy 10–15%--den ýokary däldi, bazar özgermeleriniň başlanmagy bilen, ýerli häkimiýetleriň alyp barmagynda, ilata göni hyzmat etmek bilen baglanyşykly hojalygyň pudaklary, durmuş-medeni edaralaryň köp sanly ulgamlary geçirildi. Ýerli býujetleriň hasabyna häzirki wagtda saglygy goraýşyň býujet harajatlaryny maliýeleşdirmegiň 80%-i üpjün edilýär, bilimiň harajatlarynyň 60%-den gowragy üpjün edilýär, iri býujet serişdeleri önümçilik we durmuş içerki gurluşlarynyň ösmegine gönükdirilýär.

Federal býujetleriň toplumy we federasiýanyň subýektleriniň býujetleri «Konsolidirlenen býujet» diýen düşünjäni döredýär. Bu býujet býujet ulgamynyň görkezijilerini seljermek üçin ulanylýar we häkimiýet edarasynyň kanunçylyk namasy bilen tassyklanylmaýar.

Islendik derejeli býujeti işläp taýýarlamak we ýerine ýetirmek öz ýanyndan, ony taýýarlamagy, garamagy, tassyklamagy, hususy ýerine ýetirilmegini, şeýle hem ýerine ýetirilmegine gözegçiligi hem öz içine alýan adatdan daşary çylşyrymly amaly görkezýär, bu bolsa býujet hadysasy diyen ady aldy. RSFSR-iň býujet hadysasynyň esaslary eýýäm agzalan «RSFSR-de býujet gurluşy we býujet hadysasy hakynda» we başga kanunlary, Federasiýanyň düzümindäki respublikalaryň kanunlary, subýektleriniň häkimiýetleriniň döwlet wekilçilikli edaralarynyň kararlary, Russiýa Federasiýasynyň maliýe ministrligi tarapyndan býujet kanunçylygy esasynda çykarylýan býujeti işläp taýýarlamak we ýerine ýetirmek düzgünleri tarapyndan ugrukdyrylýar.

Býujet hadysasy – bu diňe bir çylşyrymly däl-de, eýsem adatdan daşary uzak hadysa. Ony işläp taýýarlamak we oňa garamak bir ýyldan hem köp wagta çekýär (ýanwar aýynyň 1-den dekabr aýynyň 31-ne çenli), bir ýyllap onuň ýerine ýetirilmegi dowam edýär, ýarym ýyl töweregi býujetiň ýerine ýetirilmegi baradaky hasabat taýýarlanylýar we tassyklanylýar. Býujetiň ýerine ýetirilmegini tamamlamak üçin, býujet döwründen başga (maliýe ýyly), ýeňillik döwri hem berilýär, ol bir aý dowam edýär, onuň dowamynda býujeti ýerine ýetirmegiň çäklerinde kabul edilen borçnamalar boýunça dolanyşyklar tamamlanýar.

Hereket edýän Konstitusiýa tarapyndan býujeti işläp taýýarlamaga we tassyklanmagyna gatnaşýan, şeýle hem onuň ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmek üçin döwlet häkimiýetiniň edaralarynyň topary bellendi. Býujet hadysasynyň birinji döwri bolup, onuň häkimiýetiň ýerine ýetiriji edaralary tarapyndan işlenip taýýarlanylmagy durýar. Býujetiň işläp taýýarlanylmagynyň öň ýanyndan meýilnamalary işlenip taýýarlanylýar – çäkleriň ösüş geljegi we maksatnamalary düzülip, olaryň esasynda Russiýanyň çäklerinde döwletiň jemleýji maliýe balansy (JMB) döredilýär. Pul görnüşinde ol ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini görkezýär, jemgyýetçilik önüminiň we milli girdejiniň bahasynyň hereketini doly seljermäge mümkinçilik berýär, maliýe serişdelerini ulanmagyň göwrümini we

ugurlaryny hasaba almaga mümkinçilik berýär. JMB maliýe maksatnamasyny umumy görnüşde görkezýär, býujetiň wezipesi bolsa – onuň anyk, giňişleýin görnüşi bolup durýar. JMB häkimiýetiň ýerine ýetiriji edaralaryna býujetiň girdejilerini kesgitlemäge we maddalar boýunça onuň harajatlaryny işläp taýýarlamaga kömek berýär.

Býujetiň taslamalaryny taýýarlamak boýunça göni işler Russiýa Federasiýasynyň maliýe ministrligi, şeýle hem salgyt we gümrükhana edaralary tarapyndan geçirilýär. Munda dürli usullardan peýdalanýarlar: ykdysady seljeriş usuly – geçen ýylyň býujetiniň ýerine ýetirilişini seljermegiň esasynda gyşarmalaryň sebäplerini bellemäge we degişli görnüşde taslamalaşdyrylýan býujete düzedişleri girizmäge kömek berýär; kadalaşdyryjy usul – býujetiň umumy jeminde harajatlaryň ähli maddalarynyň kadalaryny kesgitleýär; ekstrapolýasiýa usuly – geçen ýyllaryň görkezijileriniň hereketinden ugur alyp, býujetiň görkezijilerini kesgitleýär. Alnan maglumatlar barada bellenilen möhletlerde, maliýe ýyly başlanýança býujetiň tassyklanylmagyny üpjün edýän häkimiýetiň ýokarda durýan ýerine ýetiriji edaralaryna habar berilýär.

Russiýa Federasiýasynyň işlenip taýýarlanylan we ylalaşylan býujetini Russiýa Federasiýasynyň hökümeti 1-nji sentýabra çenli döwlet Dumasynyň garamagyna hödürleýär. Onuň bilen birlikde, öňde durýan döwür üçin ýurduň durmuş-ykdysady ösüş geljegini görkezýän resminamalar hem goşulýarlar, býujet we salgyt syýasatynyň ugurlary, federal maksatlaýyn maksatnamalar goşulýarlar. Şol bir wagtda döwlet Dumasyna döwlet býujetinden daşary gaznalaryň býujetleri barada federal kanunlaryň taslamalary hem girizilýär.

Býujet hadysasynyň indiki döwri – kanun çykaryjy edaralarda oňa garalmagy we tassyklanylmagy: Russiýa Federasiýasynyň federal ýygnagynda, federasiýanyň subýektleriniň wekilçilikli edaralarynda we ýerli dolandyryş edaralarynda. Federal býujetiň taslamasy we onuň ýanynda bile berilýän resminamalar döwlet Dumasynyň býujet, salgytlar we maliýe boýunça Komitetine býujete garamak üçin iberilýär. Ähli materiallar Russiýa Federasiýasynyň Prezidentine, Federasiýanyň Geňeşine, Dumanyň komitetlerine we Hasap palatasyna berilýär.

Komitetlerden jemlemeleri alyp, döwlet Dumasy býujete birnäçe okaýyşlarda garamaga başlaýar (2005-nji ýyl üçin býujet dört sany okaýyş bilen kabul edildi). Döwlet Dumasy tarapyndan Konstitusiýa boýunça kabul edilen býujet bäş günüň dowamynda federasiýanyň Geňeşiniň garamagyna berilýär. Federal ýygnak tarapyndan kabul edilmedik halatynda, býujet gaýtadan ses berilmegi üçin döwlet Dumasyna berilýär we eger gaýtadan ses berlende oňa deputatlaryň umumy sanynyň 2/3 bölegi razylyk sesini berse, kabul edildi diýlip hasap edilýär (Russiýa Federasiýasynyň Konstitusiýasynyň 105-nji maddasy).

Russiýa Federasiýasyndan Býujet barada kabul edilen Federal kanun bäş günüň dowamynda prezidente gol çekmek üçin berilýär. Ondan soňra Ministrler Kabineti tarapyndan guralýan aşakda duran ýerine ýetiriji edaralar bilen ylalaşyp, onuň ýerine ýetirilmegi başlanýar.

Býujeti ýerine ýetirmegiň wajyp wezipesi – umuman, her bir çeşme boýunça salgytlaryň, beýleki tölegleriň we girdejileriň doly we öz wagtynda gelip gowuşmagyny üpjün etmek, şeýle hem býujet boýunça tassyklanylan jemleriň çäklerinde we býujetiň tassyklanylan maliýe ýylynyň dowamynda çäreleri maliýeleşdirmekden ybarat. Russiýa Federasiýasynyň federal býujetini ýerine ýetirmek boýunça göni iş Maliýe ministrligi tarapyndan geçirilýär, onuň bölümleri we edaralary, şeýle hem Salgyt gullugy, Gümrükhana komiteti we olaryň ýerlerdäki edaralary tarapyndan geçirilýär. Russiýa Federasiýasynyň hökümeti her aýda döwlet Dumasyna häzirki federal býujetiň ýerine ýetirilmeginiň gidişi, konsolidirlenen býujetiň we döwlet býujetinden daşary gaznalaryň býujetleriniň gidişi baradaky maglumatlary berýär.

Býujet ulgamynda wajyp ähmiýeti Maliýe ministrliginiň ýaňyrak döredilen täze gurluşy oýnaýar, ýagny Russiýa Federasiýasynyň federal gaznaçylygy, ol federal gaznaçylygyň Baş müdirliginden we oňa ýerlerdäki boýun egýän pudaklaýyn edaralardan durýar. Gaznaçylyk býujetiň ýerine ýetirilmegini, şeýle hem býujetden daşary gaznalaryň ýerine ýetirilmegini guraýar: onuň edaralary girdejileriň

geçirilmegini we býujetleriň arasynda özara hasaplaşyklaryň geçirilmegini dolandyrýarlar, federal býujetiň ýerine ýetirilmegine gözegçiligi amala aşyrýar. Gaznaçylyk federal býujetiň we döwlet býujetden daşary gaznalaryň arasyndaky maliýe gatnaşyklary ugrukdyrýar, bu gaznalaryň maliýe taýdan ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Gaznaçylygyň wezipelerine döwlet maliýe serişdeleriniň göwrümleri barada gysga möhletlerde maglumat bermek girýär, şeýle hem bu serişdeleriň döwlet harajatlarynyň kesgitli döwrüne bellenilen çäklerde çakgan dolanyşygy girýär; edil Gaznaçylyk döwlet maliýeleriniň ýagdaýy barada maglumatlary ýygnamagy, gaýtadan işlemegi we seljermegi geçirýär, federal býujet boýunça RF-nyň hökümetiniň maliýe dolanyşyklary barada hasabaty döwlet häkimiýetiniň ýokary edaralaryna berýär, döwlet býujetinden daşary gaznalar barada, şeýle hem ähli býujet ulgamynyň ýagdaýy barada hasabat berýär. Soňra bolsa, edil Gaznaçylyk Russiýa Federasiýasynyň Merkezi banky bilen we gaýry ygtyýarlykly döwlet banklary bilen bilelikde içerki we daşarky bergilerini dolandyrmagy we hyzmat etmegi amala aşyrýar.

Býujet maliýelerine hyzmat etmek boýunça hereketler, birinji nobatda, pulhananyň birliginden gelip çykýar. Býujeti ýerine ýetirmek bank ulgamyndan gaznaçylyk ulgamyna geçmekligi aňladýar, ýagny, Gaznaçylyk hökümetiň eýeçiliginde bolýan ähli döwlet federal serişdeleriniň dolanyşyklaryny amala aşyrmaly we hasaba almaly. Gaznaçylyk ulgamyny döretmek bilen, federal býujetden ähli tölegler ýa-da merkezleşdirilen maliýe serişdelerinden ähli tölegler federal Gaznaçylygynyň ýeke-täk (baş) hasabyndan amala aşyrylmalydyr we onuň doly gözegçiligi astynda bolmalydyr. Federal býujetiň serişdeleriniň hereketini ýerine ýetirýän bank ulgamynyň edaralarynda açylan beýleki galan ähli hasaplar tranzit bolmalydyr, ýagny, geçiriji galyndysyz bolmalydyr. Manysy boýunça bu banklarda býujetiň hasaplaryny ýapmagy we olary Gaznaçylyk ulgamynda açmagy aňladýar we serişdeleri federal býujetiň hasabyna maliýeleşdirilýän býujet birlikleriniň işlerini ýerine ýetirýän ýa-da hyzmatlary hödürleýän hojalykçy subýektleriň hasaplaşyk hasaplaryna göni geçirmegi aňladýar.

Gaznaçylyk, Merkezi banka we onuň ulgamyna daýanyp, ony federal býujetiň serişdeleriniň hasabyny jikme-jik alyp barmak wezipesinden we olaryň maksatlaýyn ulanylmagyna gözegçilikden boşadýar. Şol bir wagtda pul serişdelerini hasaba almak boýunça dolanyşyklaryň hasabyny býujeti ýerine ýetirmegiň her bir tapgyrynda girizmek amala aşyrylýar.

Şeýlelik bilen, täzeden döredilen ulgam hakyky talaplaryň anyk kesgitlenilýän göwrümleriniň esasynda, býujet akymlarynyň sazlaşygyny rejeli geçirmeklige mümkinçilik berer, býujetiň ýerine ýetirilmek hadysasyny has sazlaşykly etmäge mümkinçilik berer, diňe bir býujet bellikleriniň we tölegleriň jemleriniň göwrümini üpjün etmek däl-de, eýsem federal býujetiň ýerine ýetirilmeginiň her tapgyrynyň hasabyny we gözegçiligini üpjün eder.

Býujet hadysasynyň jemleýji tapgyry bolup, býujetiň ýerine ýetirilmegi barada hasabaty taýýarlamak we ony hökümetiň kanun çykaryjy edaralarynda tassyklamak durýar. Hasabatlary taýýarlamak boýunça ähli iş Russiýa Federasiýasynyň maliýe ministrliginiň we onuň maliýe edaralarynyň, Döwlet salgyt gullugynyň we salgyt inspeksiýalarynyň, Döwlet gümrükhana komtetiniň we onuň edaralarynyň üstüne ýüklenen. Bu hasabatlar döwlet häkimiýetiniň degişli edaralaryna iberilýär. Russiýa Federasiýasynyň federal býujeti barada hasabat onuň federal ýygnagyna berilýär, ol ony tassyklaýar. Federal býujetiň ýerine ýetirilmegine gözegçilik üçin Hasaplaýyş palatasy bar, onuň düzümi we işleriniň tertibi federal kanun tarapyndan kesgitlenilýär.

Şeýlelik bilen, Russiýa Federasiýasynyň býujet ulgamy, edil onuň düzümleri ýaly, adatdan daşary çylşyrymly: federal býujet, Federasiýanyň subýektleriniň býujetleri, ýerli býujetler. Federal býujet döwletiň girdejilerini we çykdajylaryny tutuşlaýyn balanslaşdyrýar, durmuş toparlarynyň arasynda, sebitleriň arasynda girdejileriň zerur täzeden paýlanylmalaryny amala aşyrýar. Sebitleýin býujetler bolsa ýerlerde anyk maksatnamalaryň amala aşyrylmagyna hemaýat berýär. Federal býujet hem, sebitleýin býujet

hem ýurduň ykdysadyýetiniň hereket etmegi üçin we onuň üstünlikli ösmegi üçin örän wajypdyr. Şu ýerden şeýle netije ýüze çykýar – býujet mehanizminiň sazlaşykly hereket etmegi diňe iki sany esasy şertlerde mümkindir: dürli derejeli býujetleriň arasynda býujetara gatnaşyklaryň dogry guralmagynyň we onuň girdejileriniň we çykdajylarynyň anyk, adalatly balansynyň düzülmegi şertinde mümkindir. Edil şol wagt hem durnukly we çalt depginde ösýän ykdysadyýet, netijeli býujet syýasaty barada aýtmak mümkin bolar, sebäbi edil şeýle şertlerde býujetiň esasy ýörelgeleri doly göwrümde ýüze çykar: birligi, dolulygy, hakykylygy, aç-açanlygy we özbaşdaklygy.

ABŞ-nyň býujet ulgamy federal býujetden, ştatlaryň býujetlerinden we munisipalitetleriň býujetlerinden durýar. Häzirki wagtda 50 ştat we 83000 töweregi munisipal birlikler bar, ABŞ üçin jogapkärçilik gerimi çäklendirilen (beýleki munisipalitetler bilen deňeşdirilende) munisipal häkimiýet edaralarynyň, mekdep okruglary diýlip atlandyrylýan birlikleriň we ýörite hyzmat edilýän etraplaryň bolmagy häsiýetlidir.

ABŞ-da ştatlar we munisipalitetler derejesinde häkimiýet edaralary, däp bolup gelşi ýaly, ilaty esasy döwlet hyzmatlary bilen üpjün etmekde jogapkärçilik çekýärler: muňa başlangyç we orta bilim, ýerli polisiýa we ýangyndan goramak gullugy, munisipal transport, jemgyýetçilik işleri we durmuş üpjünçiligi, şeýle hem ştat derejesindäki ýokary bilim girýär. Milli goranyşy we döwlet durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmek federal hökümetiň borjuna girýär.

ABŞ-nyň konstitusiýasy salgyt ygtyýarlyklaryny diňe federal we sebit hökümetlerine berýär, munisipalitetleriň häkimiýetleri, ştatlaryň häkimiýet edaralary tarapyndan berlen ýagdaýynda, salgytlary bellemek we ýygnamak hukugyny alýarlar. Her bir derejedäki býujete şol derejäniň hökümetine haýsy salgytlary bellemek we dolandyrmak hukuklary degişli bolsa, diňe şol salgytlaryň gelip gowuşýandygy ABŞ-nyň salgyt ulgamynyň tapawutly tarapy bolup durýar. Şeýlelikde, ABŞ-da bir hökümet tarapyndan düzgünleşdirilýän salgytlardan gelip gowuşýan serişdeleri dürli býujetleriň arasynda paýlamak tejribesi ýokdur.

ABŞ-nyň federal býujetine şahsy adamlardan we korporasiýalardan alynýan federal girdeji salgydy, şeýle hem zähmet haky fondundan alynýan salgyt we satuwdan alynýan käbir salgytlar geçirilýär. Ştatlaryň býujetlerine şahsy adamlardan we korporasiýalardan alynýan sebitleýin girdeji salgydy, şeýle hem olaryň esasy girdeji çeşmesi bolan satuwlardan alynýan umumy salgyt gelip gowuşýar. Munisipal býujetlere öňi bilen, emläk salgydy gelip gowuşýar, käbir ştatlarda munisipal häkimiýet edaralary satuwlardan alynýan salgyda we girdeji salgydyna degişli öz möçberlerini (stawka) girizýärler.

Şeýle hem Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň býujet ulgamy üçin her derejedäki häkimiýet edaralarynyň diňe özleriniň girizmäge we düzgünleşdirmäge hukuklary bolan salgytlaryny we tölegleriniň dolandyrmak hukuklarynyň bolmagy häsiýetlidir. Şunuň ýaly tertip dürli derejedäki häkimiýet edaralaryna giň fiskal garaşsyzlygyny we özlerine berkidilen salgytlaryň binýadyna we möçberlerine gözegçilik etmek mümkinçiligini berýär.

ABŞ-da býujetara deňleşdirmek dürli derejedäki býujetler tarapyndan býujet grantlaryny bölüp bermegiň çylşyrymly ulgamyndan ybaratdyr. Şunda ýerli býujetleriň federal transfertlere baglylygy ýeterlik derejede ýokarydyr: meselem, 2005-nji ýylda federal transfertiň serişdeleri ştatlaryň jemlenen býujetleriniň çykdajylaryna garanyňda, ortaça 17,6%-e deň boldy. Şol döwürde ýerli býujetleriň çykdajylarynda sebitleriň býujetleriniň maliýe kömegi 34,4%-e barabar boldy.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda aşakda durýan býujetlere maksatlaýyn şertli, şeýle hem şertsiz maliýe kömegi berilýär. Şertsiz maliýe goldawynyň bir görnüşi býujetara girdejeleri deňleşdirmek maksatnamasy bolup durýar, ol çykdajy talaplaryny we fiskal potensialy göz önüňde tutýan, kanun bilen tassyklanan formula boýunça hasaplanan transfertleri bölüp bermäge esaslanandyr. Häzirki wagtda federal býujet aşakda durýan býujetlere maksatlaýyn bolmadyk maliýe kömegini bermeýär, ştatlaryň býujetleri tarapyndan ýerli býujetlere şertsiz maliýe kömegini bermek bolsa giňden peýdalanylýar.

ABŞ-da federal býujetiň ýetmezçiliksiz (defisitsiz) düzülmelidigini we federal hökümetiň federal býujetiň ýetmezçiligi-

ni maliýeleşdirmek üçin karz maliýe serişdelerini çekmäge hukugyny kesgitleýän kanunçylyk kadasy ýok. Federal býujetiň tersine, ştatlaryň kanunçylygy köp halatlarda sebitleriň we ýerli býujetleriň gündelik çykdajylar boýunça ýetmezçiliksiz bolmagyny talap edýär, şonuň netijesinde ştatlaryň we munisipalitetleriň administrasiýasynyň diňe düýpli çykdajylary, mysal üçin, bilim edaralaryny gurmak we jemgyýetçilik işlerini maliýeleşdirmek ýaly çykdajylary maliýeleşdirmek maksady bilen, uzakmöhletleýin esasda, şeýle hem býujetiň ýerine ýetirilýän döwründe kassa ýetmezçiliginiň üstüni ýapmak üçin gysga möhletleýin esasda karz serişdelerini çekmäge hukuklary bardyr. Ştatlaryň konstitusiýalarynda we kanunlarynda karz almalaryň tertibini düzgünleşdirýän düzgünler bolup, olar, düzgün bolşy ýaly, anyk bir ştata baglylykda düýpli tapawutlanýarlar.

ABŞ-da ştatlaryň we munisipalitetleriň dolanyşygy çäklendirilmeýän obligasiýalaryny emissiýa etmek döwlet we munisipal karz almalaryň esasy usuly bolup durýar. Şunda bu gymmat kagyzlardan alnan göterim girdejisine federal girdeji salgydy salynmaýar.

Federal hökümetiň aşakda durýan häkimiyet edaralarynyň çykaran gymmat kagyzlary boýunça jogapkärçilik çekmeýändigi ABŞ-nyň býujet ulgamynyň möhüm alamaty bolup durýar. Şeýle ýagdaýda maýa goýumçylar hususy agentlikleriň reýtinglerine bil baglaýarlar, bu agentlikler hem ahyrnetijede ştatlaryň we munisipalitetleriň býujetleriniň karzlarynyň bahasyny açyk bazarda kesgitleýärler.

Býujetden maliýeleşdirilýän kärhanalary dolandyrmagyň umumy ýörelgeleri aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Ýolbaşçy ýokarky edaralaryň ýolbaşçylary tarapyndan bellenilýär we olara hasabat berýär, zähmet kollektiwiniň pikiri diňe maslahat beriji häsiýete eýe bolup biler.
2. Kärhananyň işiniň ugry we hyzmatlarynyň bahasy döwlet tarapyndan göni düzgünleşdirilýär. Edaralar bellenen möhletde we degişli görnüş boýunça (ýeterlik derejede berk we giňişleýin görnüşde) hasabat bermäge borçludyrlar.

3. Zähmet hakyny tölemek ýeke-täk tarif ulgamyna esaslanýar, ol birinjiden, zähmet hakynyň kanunçylykda bellenen minimal derejesini we ikinjiden, belli bir tarif möçberini göz öňünde tutýar.

## 3.3. Daşary ýurtlaryň býujet toparlanmasynyň görnüşleri, ykdysady we durmuş netijeleri

Bu bölümde, esasan, federatiw döwletlerden Kanada, Germaniýa Federatiw Respublikasyna (GFR) we Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna (ABŞ), unitar döwletlerden Beýik Britaniýa we Italiýa seredilip geçilýär.

Dürli derejedäki häkimiýet edaralarynyň çykdajy ygtyýarlyklary konstitusiýada hem berkidilendir. Meselem, federal hökümet goranyşy, halkara gatnaşyklary, senagat syýasatyny we ylmy barlaglary maliýeleşdirmäge borçludyr. Welaýatlaryň býujetleri döwlet bilimini, saglygy goraýşy we munisipal gulluklary maliýeleşdirmäge borçludyr. Býujet ulgamynyň iki derejesiniň hem bähbitleriň umumy ugurlarynda, ýagny oba hojalyk we tokaý hojalygy babatynda çykdajy borçlary bardyr. Federal hökümet durmuş üpjünçiligi babatda hem çykdajy çekýär.

Federal býujetden welaýatlaryň býujetlerine maliýe kömegi maksatlaýyn we maksatlaýyn däl transferler görnüşinde berilýär. 1997-nji ýyla çenli üç maksatnama bardy, olaryň çäklerinde aşakda durýan býujetlere maliýe kömegini bermek amala aşyryldy: býujet girdejilerini deňleşdirmek üçin maksatlaýyn däl transfertler, tassyklanan maksatnamalary maliýeleşdirmegiň çäklerinde tranfertler (Established Programs Financing – EPF) we maliýe taýdan goldaw bermek meýilnamasynyň (Canada Assistanse Plan – CAP) çäklerinde maliýe kömegi berildi.

Maksatlaýyn däl transfertler welaýatlaryň býujetlerine olaryň girdejilerini deňleşdirmek üçin berilýär. Býujeti deňleşdirmek

ýörelgesi konstitusiýada bellenendir. Deňleşdiriji transfertleri hasaplamagyň deňlemesi federal serişdeleriň ýedi sany welaýatyň, ýagny Nýufaundlend, Prins Edward Aýlend, Nowa Skotiýa, Nýu Branswik, Kwebek, Manitoba we Saskatcewan welaýatlarynyň arasynda paýlanar ýaly görnüşde gurnalandyr. Federasiýanyň bu subýektleriniň girdeji mümkinçilikleri orta derejeden pesdir. Girdeji mümkinçiligi federal standart hökmünde tassyklanan, bäş welaýat boýunça gelip gowuşýan her bir salgydyň jan başyna düşýän ortaça möçberi bilen welaýatyň territoriýasyndan gelip gowuşýan salgydyň jan başyna düşýän ortaça möçberiniň arasyndaky tapawut hökmünde hasaplanýar. Şunda salgyt gelip gowuşmalary ähli welaýatlaryň çäklerinde hereket edýän ortaça salgyt möçberi (stawkalar) boýunça hasaplanýar. Salgyt mümkinçiligi göni we gytaklaýyn salgytlary öz içine alýan 33 görnüş boýunça hasaplanýar. Tassyklanan maksatnamalary maliýeleşdirmek üçin maksatlaýyn transfert welaýatlaryň býujetlerine alnan serişdeleri saglygy goraýyş we orta bilim üçin ulanmak maksady bilen berilýär. Welaýatlaryň býujetlerine maliýe serişdeleri federal býujetden göni geçirmeler görnüşinde-de, federal býujete gelip gowşan salgytlaryň bir bölegini sebitleriň býujetleriniň girdejilerine geçirmek ýoly bilen hem amala aşyrylýar.

Maliýe goldawyny bermek boýunça milli maksatnamany maliýeleşdirmegiň çäklerinde serişdeler paýly maliýeleşdirmek ýörelgesine laýyklykda berilýär, olaryň möçberi bolsa öňünden kesgitlenmeýär. Maliýe kömegi çagalar öýlerini, maýyplar öýlerini, gaýry durmuş we lukmançylyk kömegi edaralaryny saklamak üçin, şeýle hem maýyplaryň, gartaşan adamlaryň we işsizleriň göni özlerine berilýär. Şunda maksatlaýyn transfertiň serişdeleri düýpli harajatlaryň üstüni ýapmak üçin geçirilmeýär, bu harajatlar dolulygyna welaýatlaryň býujetlerinden maliýeleşdirilýär.

Kanadada býujetleriň dürli derejesiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek maksady bilen, karz serişdeleri çekmäge hukuklary bardyr. Şunda federal hökümet üçin gündelik, şeýle hem düýpli çykdajylary maliýeleşdirmek maksady bilen çekilýän serişdeleriň möçberi babatda çäklendirme ýokdur. Federal kanunçylyk welaýatlaryň häki-

miýet edaralary üçin hem karzlaryň aňryçäk möçberleri babatynda çäklendirmeleri göz öňünde tutmaýar, şeýle-de bolsa Federasiýanyň subýektleriniň köpüsiniň kanunçylygynda çäklendirmeler bellenipdir. Mysal üçin, Albert welaýatynyň kadalaşdyryjy namalary sebitleriň häkimiýet edaralaryna gündelik maksatlar üçin karz serişdeleri welaýatyň býujetiniň salgyt girdejileriniň çak edilýän ýyllyk möçberinden ýokary bolmadyk möçberde çekmäge mümkinçilik berýär.

Kanadada býujetiň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek üçin karz serişdeleriniň birnäçe çeşmesi bar. Federal edaralar üçin bu bergi kagyzlarynyň içerki we daşarky bazary, şeýle hem Kanadanyň pensiýa maksatnamasyndan alynýan karzlar bolup durýar. Welaýatlaryň häkimiýet edaralary bergi kagyzlarynyň içerki bazarynda-da, Kanadanyň pensiýa maksatnamasynyň karzlary görnüşinde hem serişdeleri karz alýarlar. Şunda pensiýa maksatnamasynyň federal döwlet obligasiýalaryny we welaýatlaryň häkimiýet edaralarynyň obligasiýalaryny diňe pensiýa tölemek üçin çykdajylaryň girdejilerden artyk bolan halatynda satyn almaga hukugy bardyr.

Sebitleriň kadalaşdyryjy namalary munisipal häkimiýet edaralaryndan olaryň býujetleriniň ýokarda durýan býujetlerden tapawutlylykda, gündelik çykdajylar boýunça deňeçer bolmagyny talap edýär. Şeýlelikde, ýerli häkimiýet edaralarynyň karz serişdelerini diňe düýpli çykdajylar boýunça ýetmezçiligi maliýeleşdirmek üçin çekmäge haklary bardyr. Goşmaça maliýe serişdelerini çekmek zerurlygy bolan halatynda munisipal birlikleriň häkimiýet edaralary, federasiýanyň subýektine baglylykda, alynjak karzlaryň möçberini ýokarda durýan häkimiýet bilen ylalaşmaly ýa-da býujetiň maliýeleşdirilýän döwründen artyk möhlet üçin karz almak baradaky maksatnamany welaýatyň hökümetine tassyklamaga bermeli ýa-da welaýatyň kanunçylygynda bellenen gysga, orta we uzakmöhletli karzlaryň möçberiniň limitiniň çäklerinde serişdeleri almaly bolýarlar. Welaýatlaryň köpüsiniň häkimiýet edaralary döwletiň araçy institutlaryny guramak ýa-da paýly maliýeleşdirmek şertlerinde serişdeleri karz bermek ýoly bilen ýerli býujetlere karz almaga ýardam edýärler.

Germaniýa Federatiw Respublikasynyň býujet ulgamy üçin býujetara deňleşdirmegiň üç derejeli (basgançakly) ulgamy häsiýetlidir. Birinjiden, federasiýanyň subýektleriniň býujetlerine goşulan baha üçin salgydyň (GBÜS) gelip gowuşmagy arkaly girdejileri deňleşdirmek amala aşyrylýar: GBÜS-iň gelip gowuşýan umumy möçberinde ýerleriň býujetleriniň paýynyň 25%-i ähli ýerleriň arasynda paýlanýar, şunda görkezilen möçberiň 25%-i salgyt potensialy pes bolan ýerleri goldamak üçin gönükdirilýär (transfertleriň pul möçberi ýörite formula laýyklykda hasaplanýar), galan 75%-i bolsa ilatyň sanyna deňeçerlikde paýlanýar.

Býujetara deňleşdirmegiň ikinji görnüşi, federal hökümet gatnaşmazdan, ýerleriň býujetleriniň arasynda býujet serişdelerini gaýtadan paýlamakdan ybaratdyr. Transfertleri alýanlary kesgitlemek üçin kriteriý hökmünde sebitiň fiskal mümkinçiligi hasaplanýar, ol sebitiň býujetiniň salgyt girdejileriniň berilýän salgyt ýeňillikleri bilen bagly düzediş girizilen möçberi we ýerli býujetleriň salgyt girdejileriniň, öz gezeginde, ilatyň gürlügi, urbanizasiýanyň derejesi we ş.m bilen bagly düzedilen möçberi bolup durýar. Şeýle hem federasiýanyň şu subýekti üçin deňleşdirmek kadany kesgitleýär, ol ähli ýerler üçin ortaça fiskal mümkinçiliginiň we şol ýeriň ilat sanynyň jemi hökmünde hasaplanýar. Soňra her bir maliýe kömegini alýana (resipiýent) deňleşdirmegi hasaba almak bilen, onuň fiskal potensialynyň ortaça fiskal potensialyndan 95%-den az bolmazlygy göz önünde tutulyp, transfert berilýär. Şunda maliýe goldawy donor bolup durýan ýerleriň sebit býujetleriniň hasabyna amala aşyrylýar. Transfertiň möçberi, adatça, donor bolup duran sebitiň ortaça fiskal potensialynyň artyk möçberiniň 66,6%-ni tutýar.

Germaniýa Federatiw Respublikasynda sebitlere maliýe goldawyny bermegiň üçünji görnüşi käbir territoriýalara göni federal grantlary bermek bolup durýar. Şunda býujet girdejileriniň derejesi pes bolan territoriýalara berilýän transfertler bilen gündogardaky ýerleriň peýdasyna geçirilýän deňleşdiriji tölegleriň möçberi ýokary bolan territoriýalara berilýän transfertler, käbir ýerlere aýratyn zerurlyklar üçin, sebitleriň býujetleriniň bergilerini üzmek üçin, gün-

dogardaky ýerleriň býujetlerine maýa goýumlary we ykdysady ösüşi höweslendirmek üçin transfertler tapawutlandyrylýar.

Iki Germaniýa birleşenden soň, ilkibaşda gündogardaky täze ýerler keseligine býujetara deňleşdirmek prosesine gatnaşmadylar, sebäbi olaryň bu ulgama goşulmagy günbatardaky ýerleriň maliýe serişdelerini gündogardaky ýerleriň peýdasyna yzygiderli gaýtadan paýlamaga getirjekdi. Munuň ýerine deňleşdirmek prosesi görkezilen toparlaryň her biriniň öz içinde geçirildi. Şeýle hem gündogardaky ýerleriň býujetlerine gönükdirilýän serişdeleriň möçberlerini azaltmak maksady bilen, olar üçin GBÜS-iň federasiýanyň subýektiniň häkimiýet edarasynyň eýeçiliginde galýan bölegi ýokarlandyryldy (44%-e çenli). 1995-nji ýyldan başlap gündogardaky ýerler gorizontal býujetara deňleşdirmegiň federal ulgamyna doly goşuldy.

Germaniýa Federatiw Respublikasynda emele gelen býujet ulgamy federasiýanyň subýektiniň her biriniň içinde munisipal birlikleriň býujetleriniň arasynda serişdeleri gaýtadan paýlamagyň öz usulynyň bolmagyny göz öňünde tutýar. Adatça şunuň ýaly usullar işlenip taýýarlananda ýerleriň häkimiýet edaralary, öňi bilen, sebitleýin ykdysadyýetiň gurluşyna üns bermek bilen, munisipalitetleriň çykdajy talaplaryndan ugur alýarlar.

Germaniýa Federatiw Respublikasynyň dürli derejedäki býujetleriniň, ýetmezçiligi maliýeleşdirmek üçin, karz serişdeleri çekmäge haklary bardyr, emma şunda çekilýän serişdeleriň möçberi babatynda Maastriht ylalaşygynda bellenen berk çäklendirmeler bar. Bu ylalaşygyň döwlet karz almalarynyň möçberiniň limitini kesgitleýän düzgünler Germaniýa Federatiw Respublikasynyň konstitusiýasyndan alnandyr, ol federal býujetiň karz serişdeleriniň möçberini býujetiň maýa goýumlary üçin meýilnamada göz öňünde tutulan çykdajylaryň derejesinde çäklendirýär. Şunuň ýaly çäklendirmeler ýerleriň öz häkimiýet edaralary tarapyndan karz serişdeleri çekmek meşelesine degişli kadalaşdyryjy namalarynda hem bar. Döwlet we munisipal karz almalar üçin Germaniýa Federatiw Respublikasynda karz serişdeleri çekmegiň aşakdaky görnüşleri häsiýetlidir: federal býujetiň bergisi dolulygyna obligasiýalarda resmileşdirilýär, ýerleriň

býujetleriniň köp bölegi we munisipal birlikleriň býujetleriniň bolsa ählisi diýen ýaly bank karzlary görnüşinde resmileşdirilýär, şonuň netijesinde Germaniýa Federatiw Respublikasynda munisipal obligasiýalaryň bazary ýok. Şeýlelikde, ýerli derejedäki hökümetler tarapyndan karzlaryň çekilişini düzgünleşdirmek belli bir kynçylyklara gabat gelýär: birinjiden, munisipal býujetler üçin karz serişdeler bazarynyň ýokdugy sebäpli, karz almalaryň bahalarynyň bazar möçberlerine laýyk gelýändigine gözegçilik etmek.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň býujet ulgamy federal býujetden, ştatlaryň býujetlerinden we munisipalitetleriň býujetlerinden durýar. Häzirki wagtda 50 ştat we 83000 töweregi munisipal birlikler bar, ABŞ üçin jogapkärçilik gerimi çäklendirilen (beýleki munisipalitetler bilen deňeşdirilende) munisipal häkimiýet edaralarynyň, mekdep okruglary diýlip atlandyrylýan birlikleriň we ýörite hyzmat edilýän etraplaryň bolmagy häsiýetlidir.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda ştatlar we munisipalitetler derejesinde häkimiýet edaralary, däp bolup gelşi ýaly, ilaty esasy döwlet hyzmatlary bilen üpjün etmekde jogapkärçilik çekýärler: muňa başlangyç we orta bilim, ýerli polisiýa we ýangyndan goramak gullugy, munisipal ulag, jemgyýetçilik işleri we durmuş üpjünçiligi, şeýle hem ştat derejesindäki ýokary bilim girýär. Milli goranyşy we döwlet durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmek federal hökümetiň borjuna girýär.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň konstitusiýasy salgyt ygtyýarlyklaryny diňe federal we sebit hökümetlerine berýär, munisipalitetleriň häkimiýetleri, ştatlaryň häkimiýet edaralary tarapyndan berlen ýagdaýynda, salgytlary bellemek we ýygnamak hukugyny alýarlar. Her bir derejedäki býujete şol derejäniň hökümetine haýsy salgytlary bellemek we dolandyrmak hukuklary degişli bolsa, diňe şol salgytlaryň gelip gowuşýandygy ABŞ-nyň salgyt ulgamynyň tapawutly tarapy bolup durýar. Şeýlelikde, ABŞ-da bir hökümet tarapyndan düzgünleşdirilýän salgytlardan gelip gowuşýan serişdeleri dürli býujetleriň arasynda paýlamak tejribesi ýokdur.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň federal býujetine şahsy adamlardan we korporasiýalardan alynýan federal girdeji salgydy, şeýle hem zähmet haky gaznasyndan alynýan salgyt we satuwdan alynýan käbir salgytlar geçirilýär. Ştatlaryň býujetlerine şahsy adamlardan we korporasiýalardan alynýan sebitleýin girdeji salgydy, şeýle hem olaryň esasy girdeji çeşmesi bolan satuwlardan alynýan umumy salgyt gelip gowuşýar. Munisipal býujetlere, öňi bilen, emläk salgydy gelip gowuşýar, käbir ştatlarda munisipal häkimiýet edaralary satuwlardan alynýan salgyda we girdeji salgydyna degişli öz möçberlerini (stawka) girizýärler.

Şeýle hem Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň býujet ulgamy üçin her derejedäki häkimiýet edaralarynyň diňe özleriniň girizmäge we düzgünleşdirmäge hukuklary bolan salgytlaryny we töleglerini dolandyrmak hukuklarynyň bolmagy häsiýetlidir. Şunuň ýaly tertip dürli derejedäki häkimiýet edaralaryna giň fiskal garaşsyzlygyny we özlerine berkidilen salgytlaryň binýadyna we möçberlerine gözegçilik etmek mümkinçiligini berýär.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda býujetara deňleşdirmek dürli derejedäki býujetler tarapyndan býujet grantlaryny bölüp bermegiň çylşyrymly ulgamyndan ybaratdyr. Şunda ýerli býujetleriň federal transfertlere baglylygy ýeterlik derejede ýokarydyr: meselem, 2001-nji ýylda federal transfertiň serişdeleri ştatlaryň jemlenen býujetleriniň çykdajylaryna garanyňda, ortaça 17,6%-e deň boldy. Şol döwürde ýerli býujetleriň çykdajylarynda sebitleriň býujetleriniň maliýe kömegi 34,4%-e barabar boldy.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda aşakda durýan býujetlere maksatlaýyn şertli, şeýle hem şertsiz maliýe kömegi berilýär. Şertsiz maliýe goldawynyň bir görnüşi býujetara girdejileri deňleşdirmek maksatnamasy bolup durýar, ol çykdajy talaplaryny we fiskal potensialy göz önüňde tutýan, kanun bilen tassyklanan formula boýunça hasaplanan transfertleri bölüp bermäge esaslanandyr. Häzirki wagtda federal býujet aşakda durýan býujetlere maksatlaýyn bolmadyk maliýe kömegini bermeýär, ştatlaryň býujetleri tarapyndan ýerli býujetlere şertsiz maliýe kömegini bermek bolsa giňden ulanylýar.

Maksatlaýyn maliýe kömegi iki görnüşli grantlar görnüşinde berilýär. Birinji görnüşi blok-grantlar bolup, ol çykdajy maddalarynyň birnäçesini maliýeleşdirmek üçin bölünip berilýär, şunda bu maddalaryň arasynda serişdeleri gaýtadan paýlamakda çäklendirmeler bellenýär. Saglygy goraýyş, durmuş üpjünçilik, şeýle hem beýleki çykdajy toparlaryny maliýeleşdirmek üçin blok-grantlar bar.

Aşakda durýan býujetlere maksatlaýyn maliýe kömegini bermegiň ikinji bir görnüşi kategoriýalaýyn grantlar diýlip atlandyrylýan grantlardyr, olaryň çäklerinde aýratyn çykdajy maksatnamasyny maliýeleşdirmek üçin serişdeler bölünip berilýär. Federal derejede şeýle grantlaryň birnäçe görnüşi peýdalanylýar. Mysal üçin, deňlemäniň esasynda hasaplanýan transfertler ştatlaryň we munisipal birlikleriň býujetleriniň arasynda kanunçylykda ýa-da administratiw esasda bellenen ugurlar boýunça bölünýär. Maliýe kömegini bermegiň şunuň ýaly ugurlaşdyrylan serişdeleri alýanyň çykdajy talaplary, onuň döwlet hyzmatlaryny etmek mümkinçiligi, şonuň ýaly hyzmatlaryň bahasy, şeýle hem salgyt ýygnama boýunça edilýän tagallalary hasaba almak bilen düzülýär. Hasaplama formulasy dürli hili bolup biler, emma düzgün bolşy ýaly, olar ilat sany we jan başyna düşýän girdeji ýaly görkezijilere esaslanýar. Maksatlaýyn grantlaryň käbir gömüşleri (mysal üçin, belli bir taslamany amala aşyrmak üçin grantlar ýaly görnüşleri) hökümetiň çözgüdiniň esasynda aýry-aýry çäkleriň býujetlerine belli bir möhletiň dowamynda berilýär.

Maksatlaýyn maliýe kömeginiň umumy möçberiniň ýarysyna golaýy paýly esasda berilýär, ýagny ýokarda durýan býujet tarapyndan serişdeleri bölüp bermek diňe grantyň hereket edýän çägine girýän çykdajy maddalarynyň belli bir möçberi aşakda durýan hakimiýet edaralary tarapyndan maliýeleşdirilen şertlerinde amala aşyrylýar.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda federal býujetiň ýetmezçiliksiz (defisitsiz) düzülmelidigini we federal hökümetiň federal býujetiň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek üçin karz maliýe serişdelerini çekmäge hukugyny kesgitleýän kanunçylyk kadasy ýok. Federal

býujetiň tersine, ştatlaryň kanunçylygy köp halatlarda sebitleriň we ýerli býujetleriň gündelik çykdajylar boýunça ýetmezçiliksiz bolmagyny talap edýär, şonuň netijesinde ştatlaryň we munisipalitetleriň administrasiýasynyň diňe düýpli çykdajylary, mysal üçin, bilim edaralaryny gurmak we jemgyýetçilik işlerini maliýeleşdirmek ýaly çykdajylary maliýeleşdirmek maksady bilen, uzakmöhletleýin esasda, şeýle hem býujetiň ýerine ýetirilýän döwründe kassa ýetmezçiliginiň üstüni ýapmak üçin gysga möhletleýin esasda karz serişdelerini çekmäge hukuklary bardyr. Ştatlaryň konstitusiýalarynda we kanunlarynda karz almalaryň tertibini düzgünleşdirýän düzgünler bolup, olar, düzgün bolşy ýaly, anyk bir ştata baglylykda düýpli tapawutlanýar.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda ştatlaryň we munisipalitetleriň dolanyşygy çäklendirilmeýän obligasiýalaryny emissiýa etmek döwlet we munisipal karz almalaryň esasy usuly bolup durýar. Şunda bu gymmat kagyzlardan alnan göterim girdejisinden federal girdeji salgydy salynmaýar.

Federal hökümetiň aşakda durýan häkimiýet edaralarynyň çykaran gymmat kagyzlary boýunça jogapkärçilik çekmeýändigi ABŞ-nyň býujet ulgamynyň möhüm alamaty bolup durýar. Şeýle ýagdaýda maýa goýumçylar hususy agentlikleriň reýtinglerine bil baglaýarlar, bu agentlikler hem ahyrky netijede ştatlaryň we munisipalitetleriň býujetleriniň karzlarynyň bahasyny açyk bazarda kesgitleýärler.

Beýik Britaniýa iki derejeli býujet ulgamy bolan unitar dowlet bolup durýar. Merkezi we ýerli häkimiýet edaralarynyň arasynda maliýe gatnaşyklary ulgamy wiktorian döwründen başlap, 1980-nji ýyllaryň ahyryna çenli üýtgemän geldi, soňky 30 ýylyň içinde geçirilen özgertmeler Beýik Britaniýanyň ykdysadyýetinde ýerli býujetleriň ornuny ep-esli peseltdi.

Ýerli häkimiýet edaralarynyň gurluşy Beýik Britaniýanyň düzüm bölekleriniň üçüsinde-de: Angliýada-da, Uelsde-de we Şotlandiýada-da biri-birinden tapawutlanýar. Angliýada iki derejeli ýerli häkimiýet edarasy bar, olar graflyklardan, oba, şäher okruglaryndan we urbanizasiýalaşan etraplaryň okruglaryndan yba-

ratdyr. 1992-nji ýylda Uelsde we Şotlandiýada ýerli dolandyryş edaralarynyň bir derejeli ulgamy girizildi.

Munisipal hakimiýet edaralarynyň çykdajy ygtyýarlyklary geçirilen özgertmeleriň barşynda düýpli azaldy. Meselem, Ikinji jahan urşundan soň ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna durmuş hyzmatlaryny, transporty, bilimi, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygyny maliýeleşdirmek boýunça ygtyýarlyklar berlipdi. Şondan soň, ýerli häkimiýet edaralarynyň gurluşyk etmek we ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak hukuklary kesilenden, bilim edaralarynyň käbir görnüşleriniň olaryň gözegçiliginden çykarylandan, ýerli transport we jemagat ulgamlary hususylaşdyrylandan soň, ýerli häkimiýetleriň çykdajy borçlary düýpli kemeldi. Häzirki wagtda ýerli býujetlerden Beýik Britaniýanyň döwlet çykdajylarynyň bary-ýogy 36%-i maliýeleşdirilýär.

Ýerli býujetleriň girdeji binýady iki salgytdan: täjirçilik maksady bilen peýdalanylýan emläk üçin milli salgytdan we şahsy adamlar tarapyndan ýaşamak üçin peýdalanylýan emläk üçin ýerli salgytdan ybaratdyr. Şunda bu salgytlaryň birinjisi ýerli salgyt bolup durmaýar, onuň möçberi, binýady we ony tölemegiň tertibi merkezi hökümet tarapyndan bellenendir.

Beýik Britaniýanyň býujet ulgamy barada aýdylanda, merkezi hökümet tarapyndan ýerli býujetleriň çykdajylaryna gözegçilik mehanizmini ýatlap geçmek gerek. Ilkibaşda bu maksatlar üçin belli derejeden artyk gelýän çykdajylary maliýeleşdirmek üçin merkezi býujetden berilýän maliýe kömegini azaltmakdan başlap, merkezi grantyň goşmaça çykdajylary maliýeleşdirmek üçin niyetlenen möçberini bermekden boýun gaçyrmaga çenli dürli mehanizmlerden peýdalanylypdyr. Netijede, bu mehanizmleriň ählisi peýda bermändir we 1986-njy ýylda, adatdan daşary çäre hökmünde, ýerli býujetleriň çykdajylaryna gözegçilik etmegiň täze mehanizmi girizilipdir, ol hökümete çykdajylary merkezi hökümetiň resminamalarynda bellenen derejeden ýokary bolan ýerli býujetiň salgyt bazasyny azaltmaga mümkinçilik berýär. Bu tertip dört ýylyň dowamynda ulanylypdyr we şol döwrüň içinde salgyt binýadyny azalt-

mak işi diňe bar bolan 200 ýerli býujetiň 10–12-si babatda ulanylypdyr.

Jan başyna salgydyň girizilmegi bilen merkezi hökümet ýerli býujetleriň çykdajylaryny çäklendirmegiň tertibine gaýtadan seretdi. Hökümetiň kadalaşdyryjy namalary arkaly goşmaça çykdajylar bilen jan başyna salgytdan gelip gowuşmalaryň arasynda 1:4 gatnaşyk bellenildi, ýagny çykdajylaryň bellenen derejeden 1% artyk gelmegi jan başyna düşýän salgytdan gelip gowuşmalaryň dört göterim artmagy bilen bilelikde bolup geçmelidir. Beýik Britaniýanyň uly ýaşly raýatlarynyň ählisiniň (ilatyň az üpjünçilikli gatlaklaryny hem goşmak bilen) görkezilen salgydy töleýjiler bolup durýandygy sebäpli, salgyt möçberiniň çykdajylaryň kadadan artyk ýokarlanmagy bilen bolup geçýän artyşy saýlawçylaryň närazylygyny döredýär, bu bolsa ýerli häkimiýet edaralaryny býujetiň çykdajy bölegini artdyrmakdan saklaýar. Şeýlelikde, ozal bar bolan, bellenen derejeden ýokary bolan çykdajylar üçin çäre görmek hökmünde ýerli býujetiň girdeji binýadyny azaltmak tejribesi häzirki wagtda düýpden ulanylmaýar, şeýle-de bolsa, merkezi hökümet wagtal-wagtal ony ol ýa-da beýleki ýerli býujet babatynda ulanmak maksadynyň bardygyny hem ýatladýar.

Ýerli býujet üçin karz almalaryň tertibine degip geçmek bilen, kanun boýunça ýerli häkimiýet edaralarynyň gündelik häsiýetli çykdajylary maliýeleşdirmek üçin karz serişdeleri hukugynyň ýokdugyny belläp geçmek gerek.

Şunda ýerli býujetleriň düýpli maksatlar üçin diňe göni täjirçilik banklaryndan ýa-da ýörite edaranyň – Karz almalar boýunça döwlet komitetiniň üstünden karz almaga hukuklary bardyr, bu komitet Karz almalaryň milli dowlet gaznasynyň serişdelerinden peýdalanyp bilýär, diýmek, täjirçilik banklaryna garanyňda has peýdaly esasda karz bermäge mümkinçiligi bardyr. Şeýle hem karz almalaryň möçberini çäklendirmeler bilen bir wagtda düýpli häsiýetli çykdajylaryň möçberi hem çäklendirilýär.

Şeýlelikde, Beýik Britaniýada ýerli häkimiýet edaralarynyň we ýerli býujetleriň tutýan orny köp babatda maliýe serişdeleriniň

merkezi hökümet tarapyndan öňünden bellenen möçberini netijeli paýlamagy üpjün etmäge syrykdyrylýar. Mundan başga-da, käbir maddalar boýunça (bilim we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy üçin çykdajylaryň bir bölegini goşmak bilen) ýerli derejede serişdeleriň harçlanylyşyna hususy hasiýetli assosiasiýalar tarapyndan – kada bolşy ýaly, serişdeleriň harçlanylyşyna gözegçilik edýän agentlikler tarapyndan gözegçilik edilýär, bu agentlikler merkezi hökümet tarapyndan maliýeleşdirilýär we onuň wekilleriniň gözegçiligi astynda işleýärler. Köplenç, bu agentlikler bilen ýerli häkimiýet edaralarynyň hereketleriniň utgaşykly alnyp barylmaýandygy bellenilýär, bu bolsa maliýe serişdelerini paýlamagyň netijeliligini ep-esli peseldýär.

Italiýa döwlet häkimiýeti ulgamynyň dört derejesi bolan unitar döwletdir, häkimiýet ulgamyna merkezi, sebit häkimiýet edaralary, welaýatlaryň we munisipalitetleriň häkimiýet edaralary girýär. Administratiw taýdan Italiýa 20 sebite, 99 welaýata, 8100 munisipal birliklere we 212 sany ýerli saglygy goraýyş birliklerine bölünýär. Şunda ýigrimi sebitiň bäşisiniň aýratyn derejesi bardyr, ol dereje bu sebitlere öz býujetleriniň çykdajy binýadyny kesgitlemekde giň özbaşdaklyk berýän konstitusion kanunlaryň barlygynda ýüze çykýar.

Munisipalitetleriň býujetleriniň iş çykdajylarynyň esasy maddalary polisiýanyň ýerli birliklerini, durmuş üpjünçilik ulgamyny saklamak, ýustisiýa edaralary we bilim edaralary üçin jaýlary gurmak we saklamak, munisipal köçeleri we ýollary gurmak, abatlamak we arassalamak, munisipalitetiň ilatyny gaz hem-de elektrik energiýasy bilen üpjün etmek bolup durýar. Çykdajy ygtyýarlyklarynyň ýokarda getirilen bölünişinden ýerli býujetleriň içinde welaýatlaryň býujetleriniň çykdajylarynyň möçberiniň azdygy görünýär.

Görkezilen çykdajy ygtyýarlyklarynyň käbirleriniň munisipal birlikleriň köpüsinde býujet ulgamynyň ýokarda durýan derejesinden berlendigini belläp geçmek gerek. Şunda Italiýada çykdajy ygtyýarlyklaryny bermek, berlen çykdajylary amala aşyrmak üçin degişli derejedäki býujetden maksatlaýyn grantlary bölüp bermek bilen bilelikde geçirilýär.

Salgytdan gelip gowuşýan serişdeler, ýokarda durýan býujetleriň maksatlaýyn we maksatlaýyn däl grantlary we karz serişdeler sebitleriň we ýerli býujetleriň esasy girdeji çeşmeleri bolup hyzmat edýärler. Şunda Italiýanyň Konstitusiýasynda ýerli býujetleriň girdejileriniň düzüminde serişdeleriň ýokarda sanalyp geçilen ähli üç çeşmesiniň bolmalydygy barada göni görkezmäniň bardygyna garamazdan, görkezilen derejäniň býujetleriniň girdejileriňin esasy görnüşi 1992-nji ýyla çenli maksatlaýyn grantlar bolup durdy. 1992--nji ýyldan başlap, ýerlerdäki häkimiýet edaralarynyň salgyt babatdaky tagallalaryny howeslendirmek üçin, ýerli býujetleriň girdeji binýadyna birnäçe merkezi salgytlardan gelip gowuşmalar goşuldy.

2002-nji ýyla çenli sebitleriň býujetleriniň özleriniň salgyt we salgyt däl girdejileri olaryň girdejileriniň umumy möçberiniň 3%--ne golaýdy. Şunda ýerli häkimiýet edaralarynyň täze salgytlary girizmäge ýa-da bar bolan milli salgytlaryň möçberini üýtgetmäge hukuklary ýokdy. 2003-nji ýylda, salgyt we býujet ulgamlaryny merkezden aýyrmak maksatnamasynyň bir etapy hökmünde, sebitleriň häkimiýet edaralarynyň käbir milli salgytlaryň möçberlerini bellenen çäklerde üýtgetmäge hukuklarynyň bardygy bellenildi. Şeýle hem sebitleriň býujetleriniň girdejilerine zähmet haky gorundan we şahsy adamlaryň girdejisinden alynýan, saglygy goraýyş üçin maksatlaýyn salgytdan gelip gowuşýan serişdeler geçirildi, şunda sebitleriň häkimiýet edaralaryna bu salgydyň möçberlerini üýtgetmek hukugy berildi.

Ýerli häkimiýet edaralarynyň arasynda munisipalitetler maliýe babatda giň özbaşdaklyga eýedir, olaryň býujetinde ähli girdejileriň 50%-den gowragy salgyt we salgyt däl girdeji çeşmeleriniň paýyna düşýär. Şunda emläk salgydyndan, telekeçilik işiniň aýry-aýry görnüşleri bilen meşgullanmak üçin salgytdan gelip gowuşýan serişdeler munisipal býujetleriň girdejilerine geçirilýär.

Ýokarda ýatlanyp geçilişi ýaly, ýerli derejedäki býujetleriň esasy bölegini ýokarda durýan býujetlerden grant görnüşinde berilýän serişdeler tutýar. Berilýän grantlar ýa-da transfertler maksatlaýyn häsiýetli ýa-da maksatlaýyn häsiýeti bolmadyk grantlara bölünýär.

Sebitlere böleniňde, maksatlaýyn däl häsiýetli transfertleriň ähmiýeti pes derejededir, çünki şu görnüşdäki transfertler sebitleriň býujetiniň ähli girdejileriniň bary-ýogy 3%-ne golaýyny tutýar. Şunda sebitleriň býujetleri üçin maksatlaýyn däl grantlaryň çeşmeleri iki milli býujet gaznalary – umumy gazna we sebitleýin ösüş gaznasy bolup durýar. Bu gaznalaryň ikisi hem sebitiň ilat sanyna, meýdanyna we sebitde işsizligiň derejesine barabarlykda sebitleriň arasynda paýlanýar. Görkezilen gaznalaryň serişdeleri esasan, ýurduň ykdysady taýdan ösüşi pes bolan günorta sebitlerine gönükdirilýär.

Maksatlaýyn däl grantlar munisipal býujetlere merkezi býujetden bölünip berlip, olar köpdürli häsiýete eýe bolýarlar, bu serişdeleriň çeşmesi üç gazna bolup durýar, olardan transfertler dürli ugurlara laýyklykda, ýagny standart gündelik çykdajylary, ýörite çykdajy maksatnamalaryny (mysal üçin, ýaşlary iş bilen üpjün etmek maksatnamasy) we munisipalitetlerde salgyt binýadynyň ýeterlik däldiginiň öwezini dolmak maksady bilen bölünip berilýär.

## 3.4. Daşary döwletlerde býujet syýasaty we onuň ykdysadyýete edýän täsiri

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň döwlet syýasaty we býujet syýasaty bilen liderlik edýän partiýanyň arasynda aragatnaşyk bolýar. Demokratiýada aýratyn üns durmuş maksatly çykdajylara gönükdirilýär. Bu baý ilatyň haýryna salgytlar differensiasiýasynyň köpelmegini we harby çärelere edilýän çykdajylaryň gysgalmagyny nazara alýar.

Respublikanlar üçin, düzgün bolşy ýaly, döwletiň sähel ykdysadyýete goşulmagy býujetiň uly balanslylygyny, durmuş maksatly çykdajylaryň gysgalmagyny we salgyt mehanizminiň telekeçiniň haýryna (korporasiýalaryň peýdasyna salynýan salgydyň azaldylmagy) üýtgedilmegini üpjün edýär.

Döwlet özüniň esasy maksatlaryna ýetmek üçin öz çykdajylar amallaryndan we salgyt salmakdan peýdalanyp bilýär. Muňa maliýe-

-býujet syýasaty diýilýär. Özüniň çykdajylar we salgytlar maksatnamalaryny artdyrmak ýa-da azaltmak bilen, federal hökümet harytlara bolan islegleri peseldip ýa-da ýokarlandyryp bilýär. Eger-de hökümet öz çykdajylaryny azaldan wagtynda haryt dolanyşygyny we düşewündi azaltmak bilen, kärhanalardan az mukdarda satyn alýar we şeýlelik bilen, adamlar az pul harç edýärler. Şonuň ýaly-da, eger döwlet salgyt salmaklygy ýokarlandyrýan bolsa, adamlarda harçlamak üçin pul az galýar. Üstesine-de, çykdajylar we salgyt syýasaty islegiň ýokarlanmagy ýa-da pese gaçmagy bilen bilelikde hereket edýär. Mysal üçin, eger döwlet edýän çykdajylaryndan salgytlary köp ýygnaýan bolsa, onda bu ýagdaý ilatyň we kärhanalaryň sap girdejileriniň kemelmegine getirýär. Eger-de bu harytlara we hyzmatlara islegi azaldýan bolsa, onda bu ýagdaýada inflýasiýa bilenem göreşmek bolar.

Maliýe-býujet syýasaty ykdysady durnuklylygy we ösüşi üpjün etmek üçin býujetdäki defisitden ýa-da býujetdäki artykmaçlykdan peýdalanýar. Birleşen Ştatlarda maliýe-kredit syýasatynyň birnäçe serişdesi Prezidentiň ýa-da Kongresiň ýörite gatnaşmazlygynda awtomatiki işleýär. Mysal üçin, progressiw salgyt durnuklylygy öz-özünden üpjün edýär. Ol eger-de hususyýetçiligiň girdejileri ýa-da kärhanalaryň girdejileri azalan wagtynda, döwlet salgyt ýygymyny azaldýar we şeýlelik bilen, girdejileriň azalmagy netijesinde, çykdajylaryň azalmagynyň-da öwezini ödemäge ýardam edýär. Işewür aktiwlik döwründe federal salgyt salmaklyk ýokarlanýar we şeýlelik bilen, inflýasiýa ýagdaýlary azalýar. Ikinji jahan urşundan soň işewür aktiwligiň pese gaçýan döwründe Kongres kä halatlarda çykdajylar boýunça kanun üsti bilen gyssagly çäreleri geçirdi: jemgyýetçilik işlerinde wagtlaýynça çykdajylary artdyrdy; hususy çykdajylara we işsizligiň öňüni almaklyga serişdeleriň azalmagynyň öwezini goşmaça serişdeler goýbermek bilen ödedi.

Ýöne, maliýe-býujet syýasatynyň-da öz meseleleri bar. Köp adamlar döwlet çykdajylarynyň azalmagyna garşy, sebäbi ol bilimi, saglygy saklaýşy we beýleki hyzmatlary maliýeleşdirmek üçin bölü-

nip berilýän gaznalaryň kemelýändiginiň alamaty. Salgytlaryň ýokary bolmagyny bir-iki adamda, bir-iki kärhanalarda oňlamaýarlar. Üstesine-de, islegi üzül-kesil azaltmakda maliýe-býujet syýasatynyň ulanylmagy ençeme gapma-garşylykly ýagdaýy döredýär, mysal üçin, ol inflýasiýanyň peselmegine getirse, şol bir wagtda işsizligiň artmagyna getirýär.

Ýigriminji asyryň ortalaryndan başlap, ýurduň syýasatyny ýöretmäge jogapkär adamlar doly işliligi we baha durnuklylygyny gazanmak üçin pul-karz we maliýe-býujet syýasatyny peýdalanmaga çalyşýar. Pul-karz syýasaty – bu karzlar bilen, pul massasy we onuň dolanyşykdaky tizligi bilen iş salyşýan syýasatdyr. Maliýe-býujet syýasaty çykdajylar we salgyt salmak meseleleri bilen iş salyşýar. 1960-njy ýyllaryň ahyrlarynda ykdysatçylar özleriniň ukyplarynyň derejesini bellemek üçin «anyk düzme» diýen terminden peýdalandylar, ýagny, şonuň bilen olar ýurduň esasy ykdysady maksadyna ýetmäge gönükdirilen ykdysadyýete gözegçilik etmäge ýetip bolar diýip hasapladylar.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda ykdysatçylaryň pul-karz we maliýe-býujet syýasatyny ynamly peýdalanýandyklaryna garamazdan, 1970-nji ýylyň ahyrlarynda inflýasiýa iki belgili sana ýetdi we Birleşen Ştatlaryň esasy ykdysady meselesine öwrüldi. Ýöne indiki onýyllygyň ortalaryna çenli inflýasiýanyň derejesi ep-esli peselip, alyjylaryň meselelerini ýeňletdi. Nähililik bilen bu ýagdaý gazanyldy?

Inflýasiýanyň peselmegine ençeme faktorlar ýardam etdi. Olardan iň möhüm ikisi – 1980-nji we 1982-nji ýyllarda bahalaryň ösmegini bökdän ykdysady işeňňirligiň ep-esli pese gaçmagy. Beýle netijä pula we karzlara federal ätiýaçlik ulgamy tarapyndan adatdan daşary berkden-berk gözegçilik edilmegi bilen ýetildi. Şol bir wagtda azyk önümleriniň we ýangyjyň ýetmezçiligi-de azaldy. Hususan-da, dünýäde nebit çykarylyşynyň artmagy energiýa berijileriň bahasynyň has peselmegine getirdi; täze bahalar öndürijileriň umyt eden, göz öňünde tutan bahalaryndan has pes boldy.

Ýöne ykdysady işeňňirligiň pese gaçmagy gutaran-da bolsa, ol ABŞ-nyň federal býujetiniň ýetmezçiligini aradan aýyrmady. Beýle ykdysady şertleriň döremegine näme sebäp bolduka?

Umuman, ABŞ-nyň býujetiniň ýetmezçiliginiň ösmeginiň ykdysady sebäpleri birnäçe onýyllyklar bäri dowam edip gelýär. Federal býujetiň ýetmezçiligi, esasan, federal çykdajylar umumy milli önümiň bir bölegi hökmünde 1960-njy ýyllardan soň has ýokarylandy, şol bir wagtda federal girdejiler (esasan, salgytlar) umumy milli önümiň bölümi hökmünde sähelçe ösdi. Federal çykdajylar umumy milli önümiň 1960-njy ýylda 19 göterimi bolanlygyndan 1990-njy ýyla çenli 23,2 göterime çenli ösdi; federal girdejiler hem ösdi, ýöne, az derejede: umumy milli girdejiler 1960-njy ýylda 18,2 göterim bolanlygyndan, 1990-njy ýyla çenli 19,1 göterim ösdi.

Ýöne ABŞ-nyň uruşdan soňky çykdajylary belli bir nusgadan ugur aldy. Ykdysady pese gaçyş ýyllarynda federal hökümet ykdysadyýeti durnuklaşdyrmak maksady bilen, býujeti ýetmezçilik bilen çäklendirdi. Ykdysady ösüşiň, başlanmagynyň netijesinde federal býujetiň girdejileri hem çykdajylary deňleşmeli. 1980-nji we 1990-njy ýyllarda ykdysady işeňňirligiň täzeden döreýän ýyllarynda, federal hökümet, her niçik-de bolsa, býujeti ýetmezçilik bilen ep-esli çäklendirmegi dowam etdi. Köp ykdysatçylar, syýasatçylar bu ýagdaýy ykdysady pese gaçmak, milli süýşürintgileriň azalmagy ýa-da sarp edijilik isleginiň artmagy bilen düşündirdiler. Maliýeleşdirmek we býujetiň aşa ýetmezçiligini, inwestisiýalardaky ösüşi ýapmak üçin içerki hususy süýşürintgiler ýeterlik bolmady. Daşary ýurtlardan gelip goşulan inwestisiýanyň derejesiniň arasyndaky aratapawudy azaltmak üçin peýdalanyldy.

1980-nji ýyllarda Kongresiň federal býujetiň ýetmezçiligini azaltmak baradaky aladalary ýetmezçiligi azaltmak barada Gremmiň-Rudmanyň-Hollingziň kanuny diýip atlandyrylan kanunyň kabul edilmegine getirdi. Bu kanun ýyllyk býujetde ýetmezçiligi kem-kemden azaltmaklygy we 1993-nji ýyla çenli balansirlenen býujete ýetmekligi göz öňünde tutdy. Bu kanun federal býujetiň

ýetmezçiliginiň 1986-njy ýylda 221 müň million rekord görkezijiden 1987-nji ýylda 149 milliona çenli azalmagyna ýardam etdi.

Salgytlary artdyrmaklyk federal çykdajylary ödemekligiň we federal býujetiň ýetmezçiligini azaltmaklygyň, şeýlelik bilen-de, süýşürintgilerde we inwestisiýalarda disbalansyň sebäbi bolup durýan süýşürintgileriň dargamagyny azaltmagyň iň sada täri ýaly bolup görünse-de, administrasiýa we Kongresiň syýasatçylary salgytlary ýokarlandyrmaklyk we salgyt reformalaryny ýatyrmaklyk işe, inwestisiýalara we önümçilige bolan höwesi gaçyrar, ol bolsa ykdysady ösüşe ýaramaz täsir eder diýip gorkýarlar. Üstesine-de, salgytlary çykdajylary çäklendirmezden galdyrmaklyk federal býujetiň ýetmezçiligini azaltmak üçin netije bermez, beýle ýagdaý 1960-njy ýyllardan 1980-nji ýyllar aralygynda bolupdy.

1990-njy ýyllaryň başlarynda federal býujetiň ýetmezçiligi, birnäçe sebäplere görä, ýene artyp ugrady. Federal çykdajylary giň möçberlerde kemeltmezden Gremmiň-Rudmanyň-Hollingziň kanuny tarapyndan öňde goýlan maksatlara ýetilip bolunmajagy aýan boldy, çykdajylaryň kemelmegi bolsa köp möhüm maksatnamalaryň azaldylmagyna ýa-da ýatyrylmagyna getirerdi, ähtimal, ýurduň ykdysadyýetini ymykly pese gaçyrardy. Bu ýagdaýyň öňüni almak üçin, Kongres we Prezidentiň administrasiýasy 1990-njy ýylyň býujetini hemme taraplaýyn ylalaşmak baradaky kanuny kabul etmäge ylalaşdylar. Täze kanuna laýyklykda, has barjamly salgyt töleýjilere (salgyt töleýjileriň üç kategoriýasy bellenmek bilen) salynýan girdeji salgydynyň maksimal möçberi 31 göterime çenli ýokarylandyryldy, başga-da birnäçe salgytlar girizildi we döwlet çykdajylarynyň täze düzgünleri bellenildi, ol düzgünlere laýyklykda, býujete çykdajylarynyň täze maddalarynyň girizilmegi beýleki maddalaryň hasabyna çykdajylarynyň azaldylmagynyň hasabyny ýa-da girdejileriň beýleki maddalar boýunça ýokarlanmagynyň hasabyna ödelmelidir. Täze kanunyň maksady – býujetiň ýetmezçiligini 500 müň million çemesi azaldyp, ýetmezçiligiň geljekki möçberini (ýene 5 ýyldan) umumy milli önümiň ortaça 5-den 2 göterimine çenli ýetirmäge ugur almakdyr.

Ýöne Birleşen Ştatlaryň salgyt syýasaty barada kesgitli bir zat aýdaýmak bolmaýar: 1990-njy ýyllarda Buşuň administrasiýasy maýanyň ösmeginden girýän girdejiniň derejesini azaltmaga synandy, olar şeýle edilse, maýanyň gymmatyny azaltmak, süýşürintgileri höweslendirmek, inwestisiýalary höweslendirmek ýoly bilen ykdysady ösüşe ýardam edip bolar diýip hasap etdiler. Şeýlelik-de, ýene orta derejedäki amerikalylar üçin salgyt möçberlerini azaltmagyň tarapdarlarynyň sesi diňlenildi.

Ýaponiýada býujet ýyly 1-nji aprelden 31-nji marta çenli dowam edýär.

Býujetiň girdejileriniň we çykdajylarynyň belli bir toparlary bardyr, olar bölümlerden, maddalardan we böleklerden ybaratdyr. Girdejiler 7 sany bölüme, 11 sany maddalara we 43 sany böleklere bölünýärler, çykdajylar bolsa 13 sany bölüme, 41 sany maddalara we 242 sany böleklere bölünýärler. Býujetiň taslamasyny maliýe ministrligi we onuň departamentleri taýýarlaýar. Beýleki ministrlikler we edaralar öz býujetleriniň göwrümi we gurluşy, beýleki maliýe meseleleri boýunça tekliplerini taýýarlaýarlar we 31-nji awgustdan gijä galman, maliýe ministrliginiň býujet departamentine degişli resminamalaryny iberýärler.

Býujet departamenti gelen maglumatlara seredip, olaryň esasynda býujetiň taslamasyny işläp düzýär. Taslama ara alnyp maslahatlaşylmak üçin ilki Ykdysady meýilleşdirmekligiň dolandyryş edarasyna iberilýär, soňra ministrler kabinetiniň garamagyna berilýär.

Düzedişler girizilenden soň, hökümet býujetiň taslamasyny ýanwar aýynda parlamentiň garamagyna berýär. Býujet iş toparynda ara alnyp maslahatlaşylandan soň, parlament býujeti kanun görnüşinde tassyklaýar.

Ýaponiýanyň konstitusiýasyna laýyklykda, döwlet maliýesini ulanmaklygyň ýalňyz hukugy parlamente degişlidir.

Býujeti ýerine ýetirmekligi maliýe ministrligi we beýleki ministrlikler, edaralar amala aşyrýar.

Býujetiň kassa hyzmatyny Ýaponiýanyň banky we onuň bölümleri ýerine ýetirýär. Ministrlikler we edaralar özleriniň bellän

çykdajylarynyň çäklerinde maliýe ministrligine öz töleg çenligini berýärler, maliýe ministrligi ara alyp maslahatlaşýar we tassyklaýar. Soňra çenlikleriň nusgalary Ýaponiýanyň bankyna iberilýär we degişli amallar ýerine ýetirilýär.

Tassyklanylyp goýberilen pullaryň harçlanylyşyna gözegçilik ministrlikleriň we edaralaryň hasabatlary görnüşinde her çärýekde geçirilýär. Maliýe ministrliginiň gözegçileri alnan hasabatlary öwrenýärler, maglumatlary barlaýarlar we girdejiler we çykdajylar boýunça býujetiň ýerine ýetirilişi barada umumy hasabaty düzýärler. Umumy hasabat hökümete iberilýär, ol hem öz gezeginde derňew edarasynyň garamagyna berilýär. Derňew edarasy netije çykarandan soň, hasabat hökümet tarapyndan tassyklanylýar we parlamentiň garamagyna we tassyklamagyna iberilýär.

# IV BAP. DAŞARY ÝURTLARYŇ DÖWLET BÝUJETINIŇ GIRDEJILERI WE ÇYKDAJYLARY

## 4.1. Daşary ýurtlarda döwlet býujetiniň girdejileriniň ykdysady manysy we olaryň çeşmeleri

Kärhanalaryň girdejisinden býujete tölegleri geçirmek ýolunyň çapraz amallaryndan salgyt ulgamyna geçmegiň ilkinji synanyşyklary 1990–1991-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda, ýagny soýuz döwletleriniň çäklerinde edilipdi. Emma bu ugurda ýaramsyz taýýarlanylan ýarym ädimler, 1992-nji ýylda Russiýanyň salgyt kanunçylygynyň has inçesagt gurluşy bilen çalşyldy.

Russiýa Federasiýasynyň häzirki wagtda hereket edýän salgyt ulgamynyň esaslary 1992-nji ýylda goýuldy, şol wagt Russiýa Federasiýasynyň salgytlaryň aýratyn gömüşleri barada kanunlaryň ullakan bukjasy kabul edildi. Geçen ýedi ýarym ýylyň dowamynda köp sanly hususy üýtgeşmeler bolup geçdi, emma onuň esasy ýörelgeleri saklanyp galýar.

Salgyt ulgamyny gurmagyň umumy ýörelgelerini, salgytlary, ýygymlary, paçlary we beýleki hökmany tölegleri «Russiýa Federasiýasynyň salgyt ulgamynyň esaslary hakynda» kanuny kesgitleýär. «Beýleki tölegler» düşünjesine döwlet býujetinden daşary gaznalara, mysal üçin, pensiýa gaznasyna, lukmançylyk ätiýaçlandyrma gaznasyna, durmuş taýdan ätiýaçlandyrmak gaznasyna hökmany goýumlar degişlidir.

Salgyt tölegleriniň manysyna düşünmek üçin, salgyt salmagyň esasy ýörelgelerini kesgitlemek wajypdyr. Düzgün bolşy ýaly, olar

6. Sargyt № 817.

islendik ýurduň salgyt salynmagy üçin birdirler we aşakdakylarda jemlenýärler:

1. Salgyt salmagyň derejesi salgyt töleýjiniň mümkinçiliklerini hasaba almak bilen bellenilmelidir, ýagny onuň girdejileriniň derejesini hasaba almak bilen (deňdartgynlylyk ýörelgesi).
2. Girdejilere salgyt salynmagyň häsiýetiniň bir gezeklik bolmagy üçin ähli tagallalary etmek zerurdyr. Girdejä ýa-da maýalyga köp gezek salgyt salmaga ýol berilýän däldir. Beýle ýörelgäni amala aşyrmagyň mysaly bolup, ösen ýurtlarda dolanyşykdan alynýan salgytlar gulluk edýär, olarda dolanyşyga salgyt salmak ösüp barýan kese çyzyk diagrammasy boýunça bolup geçýärdi, GBÜS-e, döredilen sap önüme hut ol ýerlenýänçä hem diňe bir gezek salgyt salynýar (salgytlary bir gezek tölemek ýörelgesi).
3. Salgytlary tölemegiň hökmanylygy. Salgyt ulgamy salgyt töleýjide tölegi tölemegiň hökmanylygyna şübhe döretmeli däldir (hökmanylyk ýörelgesi).
4. Salgytlary tölemegiň ulgamy we amaly salgyt töleýjiler üçin ýönekeý, düşnükli we amatly bolmalydyr, salgyt ýygnaýan edaralar üçin tygşytly bolmalydyrlar (hereketlilik ýörelgesi).
5. Salgyt ulgamy kesgir we üýtgeýän jemgyýetçilik-syýasy talaplara ýeňil öwrülýän bolmalydyr (netijelilik ýörelgesi).
6. Salgyt ulgamy döredilýän jemi içerki önümiň täzeden gaýtalanylmagyny üpjün etmeli we döwlet ykdysady syýasatynyň netijeli abzaly bolmalydyr.

Russiýa Federasiýasynyň salgyt ulgamynyň esasyny aşakdaky salgytlar düzýärler: goýlan baha salynýan salgyt, girdeji boýunça salgydy, alnan girdejä salynýan salgyt, aksizler. Olar býujete esasy girdejileri getirýär, esasy ugrukdyryjy we döwletiň salgyt bazasy bolup durýar.

Döredilmek mehanizmi boýunça salgytlar göni we gytaklaýyn salgytlara bölünýärler.

Göni salgytlar – girdejilere we emläge salynýan salgytlar; korporasiýalara (firmalara) girdeji salgydy we alnan girdejä salynýan salgyt; durmuş taýdan ätiýaçlandyrma we aýlyk haky gaznasyna salgyt we işçi güýjüne salgyt (durmuş salgytlary, durmuş goýumlary); emläk boýunça salgyt, şol sanda hususyýetçilige salynýan salgyt, ýeri we gozgalmaýan emlägi hem goşup; girdejini we maýalyklary daşary ýurda geçirmek üçin salgyt we başgalar. Olar anyk şahsy adamdan ýa-da edara gömüşli tarapdan alynýar.

Gytaklaýyn salgyt – harytlara we hyzmatlara salgyt; goşulan baha salynýan salgyt; aksizler (harydyň ýa-da hyzmatlaryň bahasyna göni goşulýan salgytlar); mirasa salynýan salgyt; gozgalýan emlak we gymmat bahaly kagyzlar we başgalaryň geleşigine salynýan salgyt. Olar bölekleýin ýa-da dolulygyna harydyň ýa-da hyzmatlaryň bahasyna geçirilýär.

Göni salgytlary sarp edijä geçirmek kyn bolýar. Olaryň arasynda ýere salynýan salgyt we beýleki gozgalýan emläge salynýan salgytlarda iş ýeňil bolýar: olar kärende we öý üçin tölege girizilýär, oba hojalyk önümleriniň bahasyna girizilýär.

Gytaklaýyn salgytlar ahyrky sarp edijä, salgyt salynýan harytlara we hyzmatlara bolan islegiň tekizliginiň derejesine baglylykda geçirilýär.

«Russiýa Federasiýasynda salgyt ulgamynyň esaslary hakynda» kanuny bilen kärhanalara, guramalara we şahsy adamlara salgyt salmagyň üç derejeli ulgamy girizildi.

Birinji derejesi – bu Russiýanyň federal salgytlary. Olar ýurduň ähli çäklerinde hereket edýärler we umumyrussiýa kanunçylygy bilen ugrukdyrylýar, federal býujetiň girdejili bölegini döredýär we bularyň has girdejili çeşmeler bolýanlary sebäpli, olaryň hasabyna Federasiýanyň subýektleriniň býujetleriniň we ýerli býujetleriň maliýe durnuklylygy saklanylýar. Russiýa Federasiýasynda, edil beýleki ýurtlarda bolşy ýaly, has girdejili çeşmeler federal býujetde jemlenýär. «Russiýa Federasiýasynda salgyt ulgamynyň esaslary hakynda» kanunyna laýyklykda, aşakdaky federal salgytlar bar:

- Gymmat bahaly kagyzlar bilen dolanyşyklara salgyt.

- Mirasdüşerlik ýa-da sowgat bermek tertibinde geçýän emläge salgyt.
- Serhetden geçmek üçin salgyt.
- Awtoýollardan peýdalanýanlara salgyt.
- Ulag serişdeleriniň eýelerine salynýan salgyt.
- Awtoulag serişdeleri satyn alnanda salynýan salgyt.
- Aýratyn awtoulaglaryň görnüşlerine salynýan salgyt.
- Girdejä salynýan salgyt.
- Goşulýan baha salynýan salgyt.
- GSM ýerlemäge salynýan salgyt.
- Daşary ýurt pul nyşanlary we inwalýutada töleg resminamalary satyn alnanda salynýan salgyt.
- Mineral-çig mal bazasyny öndürmeklige salynýan salgyt.
- Suw obýektlerinden peýdalanmak üçin salgyt.
- Şahsy adamlardan girdeji salgydy.
- Oýun telekeçiligine salgyt.
- Ýer baýlyklaryndan peýdalanmak üçin töleg.
- Döwlet pajy.
- Gümrükhana paçlary.
- Gerb ýygymy.
- «Russiýa» we «Russiýa Federasiýasy» ady we olar bilen baglanyşykly sözlemlerden peýdalanýanlygy üçin ýygymlar.
- Harytlaryň toparlaryna we görnüşlerine aksizler.
- Ygtyýarnamalaryň berilmegine ýygym we etil spirtiniň, spirt saklaýan we alkogolly önümleri öndürmek üçin berilýän ygtyýarnamalara ýygymlar.

Ikinji derejesi – Russiýa Federasiýasynyň düzümindäki respublikalara salgyt we ülkeleriň, welaýatlaryň, awtonom welaýatlaryň, awtonom okruglaryň salgytlary. Gysgaltmak üçin biz soňra olary sebit salgytlary diýip atlandyrarys. Bu soňky adalga ylmy dolanyşyga entek birnäçe ýyl mundan ozal girizilipdi. Häzir ol «kanunlaşdyryldy», sebäbi ol Russiýa Federasiýasynyň Salgyt Bitewi kanunynyň taslamasynda ulanylýar. Sebit salgytlary Federasiýanyň subýektleriniň wekilçilikli edaralary tarapyndan bellenilýär. Sebit salgytlarynyň

bölegi Russiýa Federasiýasynyň çäklerinde umumy hökmanylara degişlidir. Bu ýagdaýda sebit häkimiýetleri olaryň nyrhlaryny, salgyt ýeňillikleriniň we olary almagyň tertibini diňe kesgitli çäklerde düzgünleşdirýärler. Sebit salgytlaryna degişli:

- tokaý salgydy;
- işleriň kesgitli görnüşleri üçin şertli geçirilen girdejä salynýan ýeke-täk salgyt;
- kärhanalaryň emlägine salgyt;
- satuwlara salynýan salgyt.

Üçünji dereje – ýerli salgytlar, ýagny şäherlerden, etraplardan, şäherçelerden we ş.m.-den salgytlar. Moskwanyň we Sankt-Peterburgyň wekilçilikli edaralarynyň (şäher Dumalarynyň) hem sebit salgytlaryny, şeýle hem ýerli sagytlary bellemäge ygtyýarlyklydyr. Ýerli salgytlara degişli:

- şahsy adamlaryň emlägine salgyt;
- ýere salynýan salgyt;
- ýaşaýyş gaznasyny we medeni ulgamyň desgalaryny saklamak üçin salgyt.
- dynç alyş zonalarynda senagat gurluşygyna salgyt;
- söwda etmek hukugyna salgyt;
- mahabat üçin salgyt;
- awtoulaglary, hasaplaýyş tehnikasyny, kompýuterleri gaýtadan satmaklyga salgyt;
- itleriň eýelerinden alynýan salgyt;
- polisiýany saklamaga, abadanlaşdyrmaga, bilim mätäçliklerine we başgalara maksatlaýyn ýygymlar;
- ýerli nyşandan peýdalanmak hukugyna ýygym;
- wino söwdasyny etmäge hukuk üçin ygtyýarnama ýygymy;
- auksionlary we lotoreýalary geçirmek hukugy üçin ygtyýarnama ýygymy;
- öýlere order bermek üçin ýygym;
- awtoulagy goýmak üçin ýygym;
- kurort ýygymlary;
- telekeçilik işleri üçin hasaba alyş ýygymy;

- ylgawlara gatnaşmak üçin ýygym;
- ylgawlarda ýeňiş üçin ýygym;
- totalizatorda oýnaýan adamlardan ýygym;
- birža geleşiklerinden ýygym;
- kino we tele ýazgylary düşürmegi geçirmek üçin ýygym;
- çäkleri arassalamak üçin ýygym;
- oýun telekeçiliginiň açylmagy üçin ýygym;

Her bir dolandyryş edarasyna salgyt salmagyň üç derejeli ulgamy öz hususy salgytlaryndan, ýokarda duran býujete (düzgünleşdiriji salgytlardan) gelip gowuşýan salgytlardan geçirilýän geçirmelerden ugur alyp, býujetiň girdejili bölegini özbaşdak döretmäge mümkinçilik berýär, hojalyk işleriniň dürli görnüşlerinden salgyt däl gelip gowuşmalardan we karzlardan ugur alyp (kärende tölegi, gozgalýan emlägi satmak, daşary ykdysady işler we gaýrylar), býujetiň girdejili bölegini özbaşdak döretmäge mümkinçilik berýär.

Salgyt salynýan obýektler boýunça salgytlar dolanyşyga salynýan salgytlara, girdejä salynýan salgyda (girdeji), emläge salynýan salgyda, zähmete hak tölemek gaznasyna salynýan salgytlara bölünýärler. Dolanyşyga salynýan salgytlara awtoýollardan peýdalanyjylara salgyt, ýaşaýyş jaýlaryny we durmuş-medeni ulgamyň desgalaryny saklamaga salgyt, goşulan bahanyň üstüne salgyt degişlidir. Girdejä salynýan salgytlara kärhanalaryň (guramalaryň) girdejisine salynýan salgyt, çeşmeden saklanyp galynýan girdejä salynýan salgyt, oýun telekeçiligine salynýan salgyt degişli. Kärhanalaryň emlägine salynýan salgyt, ýer böleklerine salynýan salgyt, şahsy adamlaryň emlägine salynýan salgyt – bularyň hemmesi emläge salynýan salgyt, pensiýa gaznasynyň ätiýaçlyk goýumlary, döwlet durmuş taýdan ätiýaçlandyrma gaznasyna ätiýaçlyk goýumlary, ilatyň iş bilen üpjünçilik Döwlet gaznasyna ätiýaçlyk goýumlary, hökmany lukmançylyk ätiýaçlandyrma gaznalaryna ätiýaçlyk goýumlary, bilim ulgamynyň mätäçliklerine ýygym – zähmete hak tölemek gaznasyna salynýan salgytlardyr.

Paýlaýjy (repartasion) salgytlar anyk harajady ýapmak talabyndan gelip çykýar (meselem, polisiýany (milisiýany) saklamak üçin

maksatlaýyn ýygym, çäkleri abadanlaşdyrmak we beýleki maksatlar), san salgytlary (paýlaýyn) salgyt töleýjiniň salgydy tölemäge bolan mümkinçiliginden bellenilýär.

Salgyt uzak möhlet bilen haýsydyr bir anyk býujete (býujetlere) berkidilenine ýa-da defisiti ýapmak maksady bilen býujetleriň arasynda her ýylda gaýtadan paýlanylmagyna baglylykda, berkidilen we düzgünleşdirýän salgytlara bölünýärler.

Maksatlaýyn salgytlar birnäçe sebäplere görä girizilip bilner.

Birinjiden, ruhy nukdaýnazardan salgyt töleýji uly taýýarlyk bilen salgydy töleýär, ýöne munuň kimiň peýdasydygyna onuň göni ynamy ýok. Emma beýle salgytlar her bir adamy salgyt töleýjiler tarapyndan tölenilen salgytlaryň döwlet edaralary tarapyndan harajat edilişine gözegçilik etmegine itergi berýär.

Ikinjiden, maksatlýyn salgytlar, anyk döwlet edarasyna ullakan garaşsyzlygy berýär.

Üçünjiden, salgydyň maksatlaýyn häsiýeti, kesgitli harajatlaryň zerurlygy, kesgitli girdejileri almak bilen tassyklanylyp bilner.

Goşulan baha üçin salgyt (GBÜS) özüniň häzirki zaman görnüşinde Russiýa Federasiýasynda 1992-nji ýylda girizildi. Salgyt öz ýanyndan önümçiligiň we dolanyşygyň ähli döwürlerinde döreýän, goýlan bahanyň bölegini býujete almagyň görnüşini, ýerlenen harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň bahasynyň we önümçiligiň we dolanyşygyň galyndysyna degişli edilen maddy harajatlaryň arasyndaky tapawut hökmünde görkezyär. Bu salgyt harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň köp sanlysy ýerlenende salynýar. Haryt goýujylaryň maddy serişdeleri üçin (importa iberilýänleri hem goşup) tölenilen GBÜS öweziniň dolmagyna degişlidir.

Goşulan baha üçin salgyt 20% stawka boýunça alynýar, emma azyk önümleriniň we çagalar üçin harytlaryň aýratyn görnüşleri ýerlenende – 10% stawka boýunça alynýar. Ilkibaşda üstüne goýlan baha salgydyny durşuna federal býujete gönükdirmek göz öňünde tutuldy. Emma soňra onuň belli bir bölegini sebitlere bermek barada karar edildi. Ýogsa-da, dünýä tejribesi şaýatlyk edýär, ýagny sarp etmeklige gytaklaýyn salgyt (GBÜS ýa-da satuwlarda salgyt), köplenç

halatlarda, sebit salgytlaryna gulluk edýär, meselem, ABŞ-da satuwlara salgyt – bu ştatlaryň esasy maliýe çeşmeleriniň biridir, ondan geçirmeleri şäherler hem alýarlar.

Federal býujete GBÜS-iň býujete gönükdirilýän jeminiň 85%-i geçirilýär, Russiýa Federasiýasynyň subýektiniň býujetine bolsa 15% geçirilýär. Gümrükhana edaralary tarapyndan harytlar import edilende alynýan GBÜS dolulygyna federal býujete geçirilýär. Bölekleýin we auksion söwdasynda, jemgyýetçilik iýmitinde GBÜS söwda bahasyny artdyrmagyň we komission baýraklaryň jemine salynýar. Dolanyşygyň galyndylaryna degişli edilen ulag, ammarlar we beýleki hyzmatlar boýunça tölenilen GBÜS hem öweziniň dolunmagyna degişlidir. Bilelikdäki işleriň çäklerinde ýerlenýän harytlar (işler, hyzmatlar) umumy tertipde GBÜS salynmaga degişlidir. Bilelikdäki işden her bir gatnaşyjy tarapyndan alynýan girdejiniň paýy GBÜS salynmaga degişli däldir.

GBÜS sarp etmekligiň gytaklaýyn salgydy bolup durýar. Salgyt satyn almak-satmak ykrarnamasy amala aşyrylan pursadynda alynýar we tä önüm (işler, hyzmatlar) ahyrky sarp edijä ýetýänçä amala aşyrylýar. Netijede, salgydy tölemekde her bir bölegiň hakyky gatnaşmagy bilen önümçiligiň we dolanyşygyň ähli döwürlerinde salgyt salynmagyň utgaşdyrylmasy gazanylýar. GBÜS-iň alynmagy tehniki tarapdan amatly we salgydyň býujete basym gowuşmagyny üpjün edýär.

GBÜS-den boşadylan: eksporta iberilýän harytlar (işler, hyzmatlar), ýolagçy ulaglarynyň hyzmatlary, öý üçin töleg; birnäçe maliýe dolanyşyklary, patent – ygtyýarnama dolanyşyklary, jemgyýetçilik iýmitiniň aýratyn kärhanalarynyň hususy önümçiliginiň önümleri, şeýle hem durmuş ulgamyna hyzmat edýän kärhanalar; bilim ulgamyndaky hyzmatlar; býujetden maliýeleşdirilýän ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri; medeniýet edaralarynyň hyzmatlary; tölegli lukmançylyk hyzmatlary; oba hojalyk kärhanalarynyň, zähmet hak tölemegi naturada amala aşyrmagyň hasabyna ýerleýän önümleri; milli çeperçilik senagatynyň önümleri; Russiýa Federasiýasynyň çäklerine getirilýän harytlaryň käbir görnüşleri; edara görnüşli tarapy döretmezden, telekeçilik işleri bilen meşgullanýan adamlar.

Ilkibaşda GBÜS girizilende oňa ähli maliýe işleriniň melhemi (panaseýasy) hökmünde garalýardy. Onuň kömegi bilen eýýäm 1992-nji ýylda federal býujetiň defisitiniň derejesini iň pese çenli düşürip bolar diýip göz öňünde tutulýardy. Salgyt býujetiň girdejili maddalarynyň arasynda birinji orny eýelemelidi, hatda kärhanalaryň we guramalaryň girdejilerine salynýan salgydy hem çete çykarmalydy. Emma býujetiň balanslaşmagy bolup geçmedi.

Salgyt salmak maksatlary üçin girdeji hasaplanylanda, önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyny dogry hasaplamak has wajypdyr. Moskwa şäheri boýunça döwlet salgyt gullugynyň iş tejribesi şaýatlyk edýär, ýagny, edil şu ýerde kärhanalaryň maliýe we buhgalteriýa gulluklary tarapyndan, resminamalar barlanylýan wagtynda ýüze çykarylýan ýalňyşlaryň has köp sany goýberilýär. Edil şu ýerde bilgeşleýin ýoýulmalary goýberýärler, ýagny salgyt salmakdan boýun gaçyrýanlar tarapyndan edilýär, sebäbi özüne düşýän gymmatyň islendik ýokarlanmasy, girdejä salgyt salmagyň bazasyny peseldýär. Kärhana tarapyndan geçirilen hakyky harajatlaryň hemmesini önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyna goşup bolmaýar. Harajatlaryň käbir görnüşleri özüne düşýän gymmatyna doly goşulmaýarlar-da, diňe tassyklanylan kadalaryň çäklerinde goşulýarlar. Soňkularyň mysaly bolup, iş sapary üçin tölenilýän pullar, wekilçilik harajatlary we ş.m. durýar.

Salgydyň şu günki möçberi öňki bilen deňeşdirilende, ähmiýetli derejede peselen. Munuň sebäbi – Russiýada gizlenilýän maýalygyň sanyny azaltmak islegi, onuň möçberi, bilermenleriň baha bermekleri boýunça, 40%-den ybarat, ony «açmak» islegi, indi esasy kynçylyk – salgyt töleýjileri gorkuzmazlyk we ters netijeleri almazlyk üçin şu möçberi saklap galmak.

Gytaklaýyn salgytlaryň wajyp görnüşi aksiz bolup çykyş edýär. Olaryň tutyan orny dolanyşyga salynýan salgydyň has doly göwrüminde ýerine ýetirilýär. Dünýäniň ähli ýurtlarynda has aýratyn düşewüntli harytlara aksiz ýygymlary bellenilýär, býujetiň girdejisine beýle harytlary öndürýän öndürijileriň girdejiden ýokary alýan bölegini almak üçin bellenilýär.

*2-nji shema*

| **SALGYT SALYNÝAN GIRDEJI** |
|---|
| = |
| **JEMI GIRDEJI** |
| Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alynýan girdeji (ýitgi) |
| + |
| Emlägi ýerlemekden alynýan girdeji (ýitgi hasaba alynmaýar) |
| + |
| – |
| Gymmat bahaly kagyzlaryny ýerlemekden, fýuçers we opsion şahadatnamalaryndan alynýan girdeji |
| + |
| – |
| Ýerlemekden daşary dolanyşyklardan alynýan girdejiler (ýitgiler) |
| – |
| Aýratyn tertipde salynýan ýa-da esasydan tapawutlanýan stawka boýunça işleriň ähli görnüşleri boýunça alynýan girdejiler |
| – |
| Girdejä salgyt salmak boýunça ýeňillikler |

Aksizleri töleýjiler bolup, kärhananyň ýa-da guramanyň aksiz tölenýän harytlaryny öndürýänler we ýerleýänler durýarlar. 1997-nji ýyldan bäri aksizleri töleýji bolup, diňe edara görnüşli taraplar bolman, eýsem şahsy adamlar hem töleýärler. Russiýa Federasiýasynyň «Aksizler hakynda» kanuny edara görnüşli tarapy döretmezden, telekeçilik işleri bilen meşgullanýan raýatlara ýaýraýar. Aksizleri girizmek, edil ähli salgyt reformasy ýaly, nyrhlaryň liberalizasiýasy bilen gabat geldi. Munuň bilen baglanyşyklykda, aksizler, köp ýurtlarda bolşy ýaly, önümiň birliginiň jemine bellenilmeýär-de, harytlaryň bölekleýin bahalaryna göterim nyrhyny goýmak usuly bilen bellenilýär. Aksiz tölenýän bolup, alkogolly içgiler, temmäki önümleri, ýeňil awtoulaglar gyzyldan, platinadan, kümüşden ýasalan şaý-sepler, nebit, gaz we mineral çig mallarynyň birnäçe

gömüşleri durýarlar. Umuman, dünýä tejribesi üçin adaty bolan harytlaryň toplumy, ýagny özüniň sarp edijilik häsiýetleri sebäpli olaryň bölekleýin bahalary, özüniň haryt ödeýjilik bahasyndan ýokary bolýar. 1993–1995-nji ýyllarda aksiz tölenýän harytlaryň toparynda has göze görünýän üýtgeşmeler bolup geçdi. Ozal aksiz bellenilen azyk önümlerine aksizler aýryldy. Elbetde, bu alkogolly içgilere degişli däl. Goşulan baha üçin salgyt bilen utgaşyp, şokolad, işbil, balyklaryň gymmat görnüşleri we beýleki deňiz önümleri ýaly azyklara, olaryň bölekleýin bahasynyň birden ýokarlanmagyna itergi berdiler. Düşüp galýan salgytlaryň öwezini dolmak üçin, birnäçe beýleki harytlara aksizler girizildi, meselem, az tonnaly ýük awtoulaglaryna. 1996-njy ýyldan bäri salgyt syýasatynyň ugry aksiz tölenýän harytlaryň görnüşiniň umumy azalmagyna alyp barýar. Hrustaldan ýasalan önümlere, sütükli we gön geýimlerine, ýük ulaglaryna aksizler aýryldy.

Salgytlar we ýygymlar baradaky ministrligiň hünärmenleriniň pikiri boýunça şu günki gün «temmäki önümlerine bolan aksizler örän pes derejede durýarlar». Alkogolly önümlere gezek gelende bolsa, «2004-nji ýylyň birinji çärýeginde stawkalaryň 40%-e çenli köpeldileni sebäpli, alkogoly öndürmekligiň göwrümi, 2006-njy ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 12%-e çenli azaldy».

Salgyt salmagyň obýektleri bolup, aksiz tölenýän harytlary ýerlemek boýunça dolanyşyklar gulluk edýärler. Salgyt salynýan dolanyşygy kesgitlemek üçin, üstüne goýulýan bahany hasaba almazdan ýerlemegiň bahalaryndan ugur alyp hasaplanylan, ýerlenilýän önümleriň bahasy alynýar. Eksporta gidýän harytlara aksizler goýulmaýar (GDA-nyň çäklerinden daşary). Eger gurama aksiz bilen satyn alan harytlaryny eksporta ýollasa, onda aksizleriň jemleri salgyt edaralary tarapyndan gaýtarylyp berilýär. Gaýtaryp bermek «Goýbermek rugsat edildi» diýen möhür basylan ýük gümrükhanasynyň jarnamasy görkezilende geçirilýär.

Aksiz tölenýän harytlaryň sanawy we aksizleriň möçberi Russiýa Federasiýasynyň hökümeti tarapyndan bellenilýär. Aksiz tölenýän harytlaryň aýratyn görnüşleri bellenilen nusgada aksiz ýygymynyň markalary bilen belgilenmäge degişlidir.

Edil beýleki salgytlar ýaly, aksizler hem ykdysadyýeti ugrukdyrmagyň kuwwatly çarhy bolup durýarlar, olar bilen örän seresap we başarnykly işlemeli, mümkin boldugyça, geçirilýän üýtgeşmeleriň getirip biljek netijelerini hasaplap görmeli. Girdejä salynýan salgyt bilen bir hatarda, aksizler sebit we ýerli býujetleri goldap, ugrukdyryjy çeşme bolup gulluk edýärler.

1997-nji ýyldan başlap, onümleriň birnäçesi boýunça aksizler şu ýyllardaky ýaly göterimlerde bellenilmeýär-de, pul görnüşinde bellenilýär. Ilkinji gezek aksizler rublda alkogolly önümlere, piwo we temmäki önümlerine, düzüminde alkogolyň mukdaryny hasaba almak bilen, girizildi. Aksizleri edara görnüşli tarapy döredilmedik telekeçiler töläp başladylar.

Býujetiň girdejisiniň iri çeşmeleriniň birine şahsy adamlardan aýlyk hakyna salynýan salgyt degişlidir. Daşary ýurtlaryň köpüsinde raýatlaryň şahsy girdejilerine salynýan salgyt býujetiň girdejili bölüminiň baş çeşmesi bolup gulluk edýär. Meselem, ABŞ-nyň federal býujetinde onuň udel agramy 40%-den hem köp, şol bir wagtda korporasiýalaryň girdejisine salynýan salgydyň möçberi – 10%. Daniýanyň býujetinde aýlyk hakyna salynýan salgydyň udel agramy 48%-e çenli ýetýär, ýagny hemmesini bile alanyňda diýen ýaly bolýar. Germaniýada bu salgyt býujetiň girdejileriniň maddalarynyň arasynda birinji orny eýeleýär, Fransiýada – üstüne goşulan baha salynýan salgytdan soň ikinji orunda durýar.

Bu salgydyň Russiýa Federasiýasynda hem ähmiýeti ýokarlanýar. Emma bu hadysa ilatyň esasy köpçüliginiň girdejileriniň pes derejesi päsgel berýär. 1992-nji ýylda girizilen kanunçylyk boýunça, salgyt salmagyň obýekti bolup, şahsy adamyň jemi ýyllyk girdejisi durýar, ondan salgyt ýeňilliklerinden aýyrmalar geçirilýär, şol sanda maşgala ýagdaýy bilen baglanyşykly ýeňillikler hem degişli. Salgydyň ösüş hasiyeti bar.

Aýlyk hakyna salynýan salgydyň obýekti bolup, hem pul görnüşinde, şeýle hem natura görnüşinde, şol sanda maddy peýda görnüşinde-de senenama ýylynda alnan jemleýji girdeji durýar. Girdejini almagyň senesi bolup, girdejiniň tölenilen senesi (hakujyny

hem goşup) durýar, ýa-da girdejini geçirmegiň, ýa-da girdejiniň natura görnüşinde berilmeginiň senesi durýar. Daşary ýurt walýutasyndaky girdeji Russiýa Federasiýasynyň Merkezi bankynyň kursy boýunça alnan gününde salgyt salynmak maksadynda rubla geçirilýär.

Aýlyk hakyna salynýan salgyt şahsy adamlaryň töleýän esasy salgytlarynyň biridir. Galanlary emläkleýin salgyt ýa-da paç häsiýetli bolýarlar we tölemekde beýle yzygiderlikli däl. Aýlyk hakyna salynýan salgyt raýatlaryň absolýut köpçüligi tarapyndan her aýda tölenilýär, birnäçeleri tarapdan bolsa kalendar ýylynyň jemleri boýunça täzeden hasaplanylýar we goşmaça tölenilýär. Salgyt kanunçylykda bellenilen möhletlerde tölenilýär, ýylyň başynda ösýän jem bilen, ozal geçirilen jemleri hasap etmek bilen geçirilýär.

Aýlyk hakyndan alynýan salgyt iş berijiler tarapyndan saklanyp galynýar. Ýylyň dowamynda özüniň esasy iş ýeri boýunça (gullugy, okuwy) diňe zähmet we oňa deňeşdirilen borçlary ýerine ýetirmekden başga, raýatlar salgyt edaralaryna girdejileri barada jarnamany bermäge borçludyrlar.

Jemleýji ýyllyk girdejä pensiýalar, döwlet durmuş kömek pullary, wagtlaýyn zähmete ukupsyzlygy boýunça kömek pullaryndan başgalary, dynç alyş üçin kömek pullary, öwezini dolmak tölegleri (meselem, iş saparlary üçin, meýdan tölegleri), tebigy betbagtçylyklar ýa-da beýleki adatdan daşary ýagdaý1ar sebäpli berilýän maddy kömekleriň jemleri, döwlet zaýomlarynyň obligasiýalary boýunça utuşlar, banklarda we beýleki karz beriji edaralarda goýumlar boýunça göterimler, talyp haklary we olaryň okuw-önümçilik hadysalary bilen baglanyşykly we dynç alyş wagtlarynda talyplar toparlarynda ýerine yetirilýän işler üçin aýlyk haklary, raýatlaryň hususy hojalyklarynda ösdürilip ýetişdirilen mallary, towşanlary, guşlary, nutriýalary, ary baly önümçiligini, ösümlikleri we gülleri ösdürip satmakdan alnan girdejileri, şeýle hem kömelekleri, iriýmişleri, hozlary, derman otlaryny satmakdan alýan girdejileri, kalendar ýylynyň dowamynda öýleri, ýaşaýyş jaýlaryny, daçalary, bag öýlerini, ýer böleklerini zähmete hak tölemegiň bir aýlyk iň

az möçberinden bäş müň esseden köp bolmadyk bahalarda satylmagyndan alynýan jemler, şeýle hem zähmete hak tölemegiň bir aýlyk iň az möçberinden müň esse köp bolmadyk bahalarda gaýry emlägi satyp alynýan girdejiler, ätiýaçlyk tölegleri, şahsy adamlardan miras hökmünde we sowgat bermek tertibinde alynýan girdejiler, açyşlaryň, oýlap tapmalaryň, edebiýat we sungat eserleriniň awtorlarynyň hukuk oruntutarlaryna tölenilýän baýraklardan başgalary, kärhanalardan berilýän sowgatlaryň bahalary, bäsleşiklerde we ýaryşlarda alnan sowgatlar zähmete hak tölemegiň bir aýlyk iň az möçberinden on iki esse köp bolmadyk bahalardaky sowgatlar, fermer hojalyklarynyň agzalarynyň girdejileri; kärhanalar tarapyndan şahsy adamlara tölenilýän diwidendleriň jemleri, olaryň kärhananyň içinde tehniki taýdan gaýtadan gurnamak üçin, ony täzeden gurnamak, önümçiligi ýa-da durmuş içeri gurluşyň desgalaryny giňeltmek üçin maýa goýum hökmünde geçirmelerde diwidendleriň jemleri, şeýle hem dolanyşyk serişdeleriniň ösdürilmegine gönükdirilýän diwidendler, demirgazygyň az sanly halkynyň göçüp-gonup ýören agzalary tarapyndan alynýan girdejiler (aýlyk hakyndan başga); kärhanalary hususylaşdyrma etmek hakynda kanunçylygyna laýyklykda şahsy adamlar tarapyndan alnan paýnamalaryň jemleriniň bahalary, bu paýnamalary peýdalanmakdan alynýan diwidendlerden we beýleki girdejilerden başgalary; kärhanalar hususylaşdyrma edilende zähmet toparynyň agzalary tarapyndan ýeňillikleriň hasabyna alýan girdejileri; oba hojalyk kärhanalarynyň hususy önümçiliginiň önümleriniň bahasy, zähmete haky haryt (natura) görnüşinde bermegiň hasabyna ýerlenen önümleriň bahasy, zähmete hak tölemegiň bir aýlyk iň az möçberinden elli esse köp bolmadyk bahalarda; saýlaw toparlaryndan alynýan girdejiler; maksatlaýyn ýaşaýyş gurluşygyň durmuş-ykdysady maksatnamalaryny durmuşa geçirmek üçin çekilýän daşary ýurtly şahsy adamlaryň zähmet haklarynyň jemleri, harby gullukdan boşadylan, harby gullukçylary hünärleri boýunça täzeden taýýarlamak merkezlerini döretmek goşulmaýar.

Eger halkara şertnamalarynda Russiýa Federasiýasynda we öňki Sowet Soýuzynda raýatlaryň aýratyn toparlaryna salgyt salynmagyň

gaýry düzgünleri bellenilen bolsa, onda halkara şertnamalarynyň düzgünleri ulanylýar.

Salgyt salmagyň, hasaba almagyň we hasabatlylygyň ýönekeýleşdirilen ulgamyna geçen hususy telekeçiler aýlyk hakyndan salgydy patentiň ýyllyk bahasyny tölemek görnüşinde töleýärler.

Şahsy adamlardan alynýan aýlyk hakyna salynýan salgyt federal salgyt bolup durýar, emma onuň alýan serişdeleriniň bölegi Federasiýanyň subýektleriniň býujetinde galýar. Girdejä salynýan salgyt bilen bir hatarda, ol býujetiň girdejileriniň ugrukdyryjy çeşmesi bolup gulluk edýär. Olaryň býujetleriň arasyndaky tapawutlary üýtgeýärdi. Dürli wagtda sebit býujetinde ähli geçirmelerden 100%, 99%, 90% galýardy, galanlary bolsa federal býujete gönükdirilýär.

Federal býujetiň girdejili çeşmeleriniň esasy bolup, şeýle hem sebit we ýerli býujetiň girdejili çeşmesi bolup, kärhanalaryň we guramalaryň girdejisine salynýan salgyt gulluk edýär. Bäş ýarym ýylda onuň orny we ähmiýeti üýtgedi, emma oňa garamazdan, ol iki sany esasy salgyt bolýar we bolmagyny dowam etdirýär.

Salgyt Russiýa Federasiýasynyň «Kärhanalaryň we guramalaryň girdejisine salynýan salgyt hakynda» kanuny bilen düzgünleşdirilýär. Salgyt göni bolýar, onuň jemi kärhananyň – salgyt töleýjiniň ahyrky maliýe netijelerine bagly bolýar. Töleýjiler bolup, ähli kärhanalar we guramalar, şol sanda, Russiýa Federasiýasynyň kanunçylygy boýunça edara görnüşli tarap bolýan býujetler hem, olara daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar, telekeçilik işlerini amala aşyrýan halkara birleşikleri we guramalary, aýratyn balanslary we hasaplaşyk hasaplary bolan şahamçalar we meňzeş bölümleri, Russiýanyň çäklerinde telekeçilik işlerini amala aşyrýan daşary ýurt firmalary durýarlar. Şu günki gün Russiýada girdejä salynýan salgydyň ýeke-täk möçberleri hereket edýär, ol 13%-den ybaratdyr.

Federal býujetiň esasy girdejili çeşmeleriniň biri bolup, şeýle hem sebit we ýerli býujetiň girdejili çeşmeleriniň biri bolup, kärhanalaryň we guramalaryň girdejisine salynýan salgyt gulluk edýär. Bäş ýarym ýylda onuň orny we ähmiýeti üýtgediler, emma

oňa garamazdan, ol iki sany esasy salgyt bolýar we bolmagyny dowam etdirýär.

Esasy serişdeleri ýa-da gaýry emlägi ýerlemekden alynýan girdeji kesgitlenilende, gaznalaryň ýa-da emlägiň satylýan bahasynyň onuň ilkibaşda satylan bahasyndan ýa-da galyndy bahasyndan köp bolmagy, hümmetiniň indeksine köpeldilen bahasy hasaba alynýar.

Ýerlemekden daşary dolanyşyklaryň girdejileriniň düzümine girýärler: beýleki kärhanalaryň işlerine paýda gatnaşmagyndan alynýan girdejiler, emlägi kärendesine bermekden alnan girdejiler, paýnamalar, obligasiýalar we beýleki gymmat bahaly kagyzlar we başgalar boýunça diwidendler. Bilelikdäki işleriň ýok halatynda beýleki kärhanalardan muzdsuz alnan serişdeleriň jemleri hem şuňa girýärler (maliýe kömegi diýlip atlandyrylýar).

Bir zady bellemek gerek, ýagny goşulan baha üçin salgyt (GBÜS) salynmanyň iň durnukly bazasy bar, onuň üstesine-de ol gündelik maddy harajatlara bagly bolmaýar. Býujete serişdeler taýýar önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) gutarnykly ýerleşmegine çenli kän öňünden gelip gowşup başlaýarlar. Olar taýýar önümiň islendik täzeden satylmagynda hem gowuşmaklaryny dowam etdirýärler. Salgydy tölemekden boýun gaçyrmak çylşyrymly bolýar, ýöne beýle halatlaryň bolmagy hem mümkin. Emma ähli bank hasaplarynda we gaýry hasaplaşyk resminamalarynda salgydy aýratyn setir bilen görkezmek bu synanyşyklary çylşyrymlaşdyrsa-da, salgyt gulluklaryna salgydyň tölenmegine netijeli gözegçilikde saklamaklaryna mümkinçilik berýär. Salgydy töleýji, çig maly, materiallary, ýarym taýýar önümleri, toplumlaýjy önümleri satyn alanda GBÜS almak bilen baglanyşykly salgyt hysyrdylaryny özi alyp barmaýar, sebäbi ol öz harajatlarynyň öwezini alyjynyň üstüne ýüklemek bilen doldurýar. Diňe önümiň iň soňky sarp edijisinde salgydyň biri-birine geçiriliş hadysasy tamamlanýar.

Subýektleriň iň az býujet üpjünçiliginiň derejesini deňleşdirmek ýörelgelerinden ugur almak bilen, býujetara gatnaşyklaryň esasynda aşakdakylaryň ýatýandygyny belläp bolar:

- býujet-salgyt ulgamynyň birnäçe derejesiniň bile hereket etmegi;

- häkimiýetiň her bir derejesiniň degişli çäklerde işiň anyk ugurlary we görnüşleri üçin ygtyýarlyklarynyň we jogapkärçilikleriniň kanunçylyk ýa-da ylalaşyk esasynda bölünmegi;
- häkimiýetiň her derejesi tarapyndan öz ygtyýarlyklaryny we jogapkärçiliklerini durmuşa geçirmek üçin zerur bolan çykdajylaryň möçberi barada durnukly düşünjäniň bolmagy;
- çykdajylaryň möçberine düzediş girizmek üçin subýektler tarapyndan özleriniň aýratynlyklaryny hasaba almagyň ygtybarly we umumy ykrar edilen usullarynyň peýdalanylmagy;
- býujet ulgamynyň her bir derejesine salgyt we salgyt däl girdeji çeşmeleriniň berkidilmegi;
- sebitleriň býujetleriniň çykdajylarynyň klassifikasiýasynda sebitleýin syýasatyň ölçege görä paýlanýan çykdajylaryň üstüni ýapmak üçin aşakda duryan býujetleriň öz serişdeleriniň ýetmeýän halatynda öwezini dolmak ýaly ugurlaryny maliýeleşdirmegiň ýörite pozisiýalaryny bellemek;
- aýry-aýry sebitleriň ösüşini goldamak boýunça maksatnamalary durmuşa geçirmek.

Döwletiň hususy hem-de ýerli hökümetiň döwlet býujetden daşary gaznasynyň umumy girdejisiniň aşak düşmek syýasaty salgydyň, nebitiň nyrhlarynyň aşaklanmagyna umumy girdejisiniň nyrh aşaklanmagynyň ulanylmagyna eltýär hem-de geljekki ýylyň girdeji we çykdajy meýilnamasyna päsgel berýär. Emma ykdysady ösüşiň nebitiň nyrhynyň ýokarlanmagynda hakyky girdeji meýilnamasy bilen deňeşdirilende, meýilleşdirilenden ýokary bolar.

Döwlet býujetiniň girdejisi – bu Russiýa Federasiýasynyň kanunyna laýyklykda, guralan öz-özüňi dolandyrma buýruklary esasynda döwlete düşýän, yzyna gaýtarylyp berilmeýän pul tölegidir. Girdejiniň düzümi salgyt, salgyt däl we gaýtarylyp berilmeýän tölegden ybaratdyr.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda Kongresiň býujet dolandyrmalarynyň hasaplamalaryna görä, häzirki kursuň saklanylmagynda, 2005-nji ýylda federal girdejiniň möçberi 2780 mlrd. dollardan ybarat boldy.

7. Sargyt № 817.

*3-nji shema*

**JMÖ-niň we girdejileriň deňeşdiriş dinamikasy (geçen ýyl üçin göterimde)**[1]




Ykdysady şertleriň ylalaşygy we täze salgyt kanunçylygy 2006--njy ýylda federal girdejiniň JMÖ bilen deňeşdireniňde osüşiniň peselmegine getirer: ondan soň girdejiler JMÖ bilen 2011-nji ýyla çenli deň öser. Şol ýyldan başlap 2001-nji ýylda başlan salgytlaryň kesilmegi syýasatynyň bes edilmegi netijesinde girdejileriň birden ösmegi çaklanylýar.

Agzalan çeşmeleriň möçberlerine girizilen üýtgemeler 82 milliardlyk düzedişiň uly möçberini ýapýar.

2006-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan Kongresiň býujet dolandyrmasynyň meýilnamasyna girizilen 2-nji agzalan çeşmeleriň möçberine üýtgetmeler girizilen 8 milliardlyk düzedişiň uly bölegini ýapýar.

Ştatlaryň býujet girdejileri şu aşakdakylardan ybarat:

1) Esasy çeşme – aksize we dolanyşyga salynýan salgyt (gytaklaýyn salgydyň jeminiň 50%-i). Dolanyşyk salgydynyň orta stawkasy – 4%.

[1]Internet maglumatlary

2) Ilatdan alynýan girdeji salgydy – bu federal salgydyna goşmaça 2–10% (girdejileriň 30%-ni eýeleýär).
3) Korporasiýalaryň peýdasyna salynýan salgyt – Federala goşmaça. Onuň paýy – hemme girdejileriniň 8%-i. Stawkasy 2–10%, beýleki ştatlarda olary bellemeýärler, olar fiziki we ýuridiki taraplaryň girdeji salgydy hökmünde gidýär.
4) Beýlekiler – sowgada salynýan salgyt, emläk salgydy.

Ştatlaryň býujet çykdajylary şu aşakdakylardan ybarat:

1) Bilim – 24–25%, esasan, ýokary okuw jaýlaryna. Talyplaryň sany 15 milliona ýetýär, olaryň 80%-i döwlet ýokary okuw jaýlarynda we 20%-i hususy ýokary okuw jaýlarynda (tölegi bir ýylda 20 müň dollara çenli). Ýokary okuw jaýlarynyň girdejileriniň 40%-ni döwlet berýär, olaryň 27%-i ştatlaryň býujetinden goýberilýär. Hemme ýokary okuw jaýlarynyň girdejileriniň 25%-ni talyplar töleýär. Haýyr-sahabatdan 5–6%. Hyzmatlara tölegler – 25%.
2) Jemgyýetçilik çäreleri üçin, durmuş zerurlylary üçin – 23%.
3) Saglygy goraýşa – 12%.
4) Ýol gurluşygyna – 12%.
5) Polisiýany we beýleki hukuk goraýjy edaralary saklamak üçin – 7%.

Ştatlar Federal kanunyna ters gelmezlik şerti bilen salgytlary girizýärler hem-de býujeti düzýärler, seredýärler we tassyklaýarlar.

Birleşen Ştatlarda federal, ştat hökümetleri we ýerli dolandyryjy uprawleniýeler öz çykdajylaryny salgytlaryň hasabyna ýapýarlar, özi-de hökümetiň her derejesi esasan, salgytlaryň bir ýa-da iki görnüşine bagly bolýar. Umuman, munisipal guramalar eýeçilikden girýän salgyt girdejileriniň köp bölegini alýarlar, ştatlaryň hökümetleri esasan, haryt dolanyşygyndan we aksiz ýygymlaryndan girýän girdejilere bagly. Ýöne, ikinji jahan urşundan soň girdejilerden ştat salgytlary uly ähmiýete eýe boldy.

Soňky ýyllarda umumy federal girdejiniň bäşden iki essesini beren girdeji salgydy federal hökümetiň esasy girdeji çeşmesi boldy. Beýleki federal salgytlara korporasiýalaryň girdejilerinden salgyt we durmuş ätiýaçlandyryş gaznasyna geçirmeler girýär.

Federal girdeji salgyt ABŞ-nyň daşary ýurtlardaky raýatlarynyň girdejilerinden we beýleki ýurtlaryň ABŞ-da hemişe ýaşaýan raýatlarynyň, şeýle hem beýleki ýurtlaryň ABŞ-da wagtlaýyn ýaşaýan raýatlarynyň girdejileriniň belli bir görnüşlerinden alynýar. Girdeji salgydy baradaky birinji kanun Graždanlyk urşunyň çykdajylarynyň üstüni ýapmak bilen, 1862-nji ýylda kabul edildi. Häzirki zaman girdeji salgydyndan ozalky salgyt progressiw salgyt salmak usulynda esaslandyrylypdy. 1862-nji ýylda salgyt salmak baradaky kanuna laýyklykda, salgytlaryň möçberlerini kesgitlemäge, ol salgytlary salmaga, ýygnamaga, şeýle hem kanunyň güýjüni eýeçilikleri we girdejileri konfiskasiýa etmäge çenli, kazyýet jogapkärçiligine çekilmegine çenli ulanmaga ygtyýary bolan içki girdejiler boýunça uprawleniýe esaslandyryldy. Uprawleniýäniň ygtyýarlyklary, umuman, şu wagta çenli üýtgemän gelýär.

1895-nji ýylda Ýokary kazyýet salgyt salmak baradaky kanuny konstitusion däl diýip yglan etdi, sebäbi ol konstitusiýa laýyklykda, ähli ştatlaryň bir agyzdan goldawyny almandyr. Diňe 1913-nji ýylda, Konstitusiýa 16 düzediş kabul edilenden soň, Kongres ähli ştatlaryň goldawyny almazdan, girdeji salmaga ygtyýarly edildi. Girdejiler baradaky kanun 16 düzedişiň kabul edilmesiniň netijesi boldy. Bu kanuna laýyklykda, hususy girdejilere hem korporatiw girdejilere salgyt salyndy; ýöne, birinji jahan urşunyň döwri diýäýmeseň, girdeji salgydy 1930-njy ýyllara çenli federal girdejileriň esasy çeşmesi bolmandy.

1918-nji maliýe ýylynda içerki döwlet girdejileri ilkinji gezek bir milliard dollardan geçdi. Ikinji jahan urşy ýyllarynda federal girdeji salgytlarynyň häzirki zaman ulgamy girizildi, girdeji salgytlary üzül-kesil ýokarlandyryldy, şol salgytlar-da federal girdejileriň esasy çeşmesi boldy. 1943-nji ýylda iş haklaryndan girdeji salgydy girizildi we iş haklaryndan yzygiderli tutulyp başlandy, bu ýagdaý salgyt töleýjileriň sanynyň 60 million köpelmegine getirdi, salgyt ýygymlary bolsa 1945-nji ýyla çenli 43 müň milliona ýetdi.

1986-njy ýylda Prezident salgyt ulgamynda reforma geçirmek baradaky kanuna gol çekdi. Megerem, bu ABŞ-da girdeji salgydy gi-

rizilen wagtyndan bäri salgyt salmak ulgamynda iň aýgytly reforma bolan bolsa gerek. Bu kanuna laýyklykda, Kongres hususy adamlara we kärhanalara salynýan salgyt girdejilerinden tutýan pullaryny tutmadyk ýa-da azaldan wagtlarynda, olaryň düşewüntlerine has pes möçberleri bellemekligi wada etdi.

Salgyt salmakda reforma geçirmek baradaky kanun öňki 50% ýokary salgytly salgyt töleýjileriň iki kategoriýasyna derek, 15 göterim we 28 göterim möçberli, iki kategoriýaly ulgamy girizdi. Az girdejili millionlarça amerikanlylara salgyt salmagy ýatyrmak maksady bilen, hususy adamlaryň şahsy girdejisiniň salgytdan boşaýan möçberi artdyryldy, şeýle-de salgyt salynýan girdejiden tutulýan kadanyň möçberi artdyryldy. Hakykatynda salgyt salynýan girdejisi 20 000 dollara ýetmeýän salgyt töleýjileriň köpüsi salgytlary has az töleýän ekenler; ýokary girdejili salgyt töleýjiler bilen-de edil şonuň ýaly ýagdaý: olaryň hakyky salgyt salynýan möçberi salgyt salmaga degişli bolmadyk şahsy girdejileriň tutulandygy üçin 31 göterime barabar we girdejisiniň bir bölegi bolsa salgyt salmagyň on bäş göterimli möçberine degişli.

Salgyt reformasynyň tapawutly tarapy – onda öňki kanunda bolan köp salgyt ýeňillikleri azaldylan ýa-da bütinleýin ýatyrylan, oňa haryt dolanyşygyndan bolan salgyt ýeňillikleri we karz kartoçkalary boýunça göterim töleglerini uzak möhletde üzülmeli karz pullary boýunça göterim töleglerini we ätiýaçlandyryş töleglerine berilýän awtomatiki ssudalar boýunça göterim töleglerini tutmaklyk girýär. Özbaşdak pensiýa hasaplary boýunça 2000 dollara çenli tutmaklyk baradaky düzgün heniz hem bar (rugsat edilen), ýöne, täze kanuna laýyklykda, bu düzgün diňe iş ýerinde pensiýa üpjünçiligi ulgamyna girmeýän adamlara, ýa-da ýyllyk girdejisi adam başyna 25 000 dollara ýetmeýänlere, ýa-da ýyllyk girdejisi 40 000 dollardan az bolan iki baş maşgala degişli. Ýokardaky aýdylanlaryň üstüne goşup aýtsak, 21%-den ybarat bolan iň pes salgyt – salgyt salynmagyny azaltmak maksady bilen, salgyt tutumlaryndan aşa peýdalanmaga ýykgyn edýän adamlara we kärhanalara salynýar.

1986-njy ýylyň salgytlar baradaky kanunynyň tarapdarlary, salgyt ulgamynyň reformasynyň girdeji salgytlarynyň federal ulgamyny

gowulandyrmak umydy bilen geçirilendigini aýdýarlar. Dogrusy, federal girdeji salgydy Kongres tarapyndan progressiwlik ýörelgesine laýyklykda girizildi, ýöne salgytlardan boşamak tejribesiniň ýaýramagy, salgytlardan boşamaklyk we her dürli «sypalgalar» progressiwligi salgyma öwürdi, sebäbi täze kanun boýunça iri baý adamlaryň we kärhanalaryň köpüsi ownuk baýlardan az salgyt töleýärler. Täze kanun progressiwligi üzül-kesil peseldýär, kemçilikleri düzetmek ýoly bilen ulgamyna ynamy dikeltmäge çalyşýar. Täze kanun ýene öz maksadyny – salgytlary adalatly salmakçydygyny tassyklaýar, şol bir wagtda salgytdan düşen serişdeleri beýleki birnäçe durmuş we ykdysady wezipeleri durmuşa geçirmäge peýdalanmak pikirini nygtaýar.

Ýaponiýanyň býujetiniň girdeji bölegi salgyt we salgyt däl girdejilerden ybaratdyr. Beýleki ýurtlara seredende, Ýaponiýada salgyt däl girdejileriň paýy örän ýokarydyr. Oňa kärende tölegleriden, ýer meýdançalaryny we beýleki gozgalmaýan emläkleri satmaklykdan, jerimelerden, jerime salgytlaryndan, utuşlyklardan, zaýomlardan alynýan girdejiler we başgalar degişlidir.

*5-nji tablisa*

**Ýaponiýanyň 1990–2010-njy ýyllarda döwlet býujetiniň girdejileri,%**[1]

| | 1990/91 | 2000/2001 | 2004/2005 | 2006/2010 |
|---|---|---|---|---|
| Salgytlar | 90,1 | 91,4 | 64,6 | 83,8 |
| Salgyt däl girdejiler | 9,9 | 8,6 | 35,4 | 16,2 |
| Döwlet kärhanalaryndan we emläginden alynýan girdejiler | 2,0 | 0,2 | 0,1 | |
| Zaýomlar | – | 4,6 | 32,0 | |
| Beýleki girdejiler | 7,9 | 3,8 | 3,3 | |
| JEMI: | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 |

[1]Internet maglumatlary

Ýaponiýanyň salgyt ulgamy salgytlaryň köplügi bilen häsiýetlenýär. Ony territorial dolandyryşyň her edarasy alyp bilýär. Emma ýurduň hemme salgytlary kanun çykaryjy aktlarda bellenilendir. Ýaponiýada döwlet salgytlarynyň bary ýigrimi bäş sanydyr.

*6-njy tablisa*

**Ýaponiýada 1990–2010-njy ýyllarda salgytlaryň gurluşy,%**[1]

| Salgytlar | 1990/91 | 2000/2001 | 2000/2001 | 2004/2005 | 2006/2010 |
|---|---|---|---|---|---|
| Girdeji we mülk | 54,3 | 66,0 | 69,2 | 73,7 | 63,8 |
| Ş.s. girdeji salgydy | 21,7 | 31,2 | 35,6 | | |
| Hukukly edaralara salgyt | 31,8 | 33,0 | 32,0 | 29,3 | 24,3 |
| Ikinji derejeli | 45,7 | 34,0 | 30,8 | 26,3 | 36,2 |
| Ş.s. sarp edilme salgydy | | | | 7,4 | 16,5 |
| JEMI: | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 |

Alynýan salgytlar girdeji we mülk hem-de ikinji derejeli bolup bilýär. Býujetiň esasyny girdeji we mülk salgytlary tutýar. 2000/2001-nji býujet ýyllarynyň salgyt girdejileriniň umumy jeminde girdeji we mülk salgytlarynyň paýy, 2004/2005-nji ýyllar bilen deňeşdirilende, 73,7%-den 63,8%-e çenli peselipdir (6-njy tablisa seret). Oňa ikinji derejeli salgytlaryň paýynyň ösmegi täsir etdi.

Girdeji we mülk salgytlara hukukly edaralardan we şahsy adamlardan alynýan girdeji salgytlary, emläk we miras salgytlary, gymmatly kagyzlar bilen ýerine ýetirilýän amallardan gelýän girdejiler we başgalar degişlidir.

---

[1]Internet maglumatlary

Kiçi we orta korporasiýalar 1990/91-nji ýyllarda 29% stawka boýunça salgyt töleýärdiler, 2000/2001-nji ýyllarda 28% tölediler. Döwlet korporasiýalary üçin girdejiniň jeminden stawka 27% bolup durýar.

Şahsy adamlar döwlet girdeji salgydyny ösýän şkala boýunça töleýärler, şkalanyň girdeji jeminden bäş sany – 10, 20, 30, 40 we 50% stawkalary bar. Salgyt salmaklygyň iň az mukdaryny kesgitlemekde salgyt töleýjiniň maşgala ýagdaýy nazara alynýar. Mundan başga-da, keseli bejerişe sarp edilen serişdeler salgyt tölemeklikden azat edilýär.

Orta statistik ýapon girdejileriniň 30%-den köprägi girdeji salgydyndan azat bolup bilýär. Emläk salgydyny emlägiň bahasynyň 1,4% stawkasy boýunça hukukly edaralar we şahsy adamlar töläp bilýärler. Emläge üç ýylyň içinde bir gezek täzeden nyrh kesilýär. Hemme gozgalmaýan emläge, ýere, bank depozitleri boýunça girdejilere salgyt salynýar. Emläk satyn alnanda ýa-da satylanda, mülk bir eýeden başgasyna geçen pursadynda-da salgyt tölenýär.

Ýaponiýanyň ikinji derejeli salgytlarynyň esasysy sarp edilme salgydy bolup durýar, ol 3% stawka boýunça alynýar. 1997-nji ýylda «döwlet býujetiniň girdejilerini köpeltmek maksady bilen» sarp edilme salgydy 3%-den 5%-e çenli ýokarlandy.

Hökümediň bu hereketi 2000/2001-nji maliýe ýyllarynda sarp edilme salgydynyň udel agramynyň, 2004/2005-nji ýyllara sereden-de, 7,4%-den 16,5%-e çenli ýokarlanmagyna täsir etdi *(6-njy tablisa seret)*.

Ikinji derejeli salgytlara spirt we temmäki önümlerine, nebite, gaza, benzine salynýan aksizler, hyzmatlar üçin: myhmanhanada ýaşamak üçin, restoranlarda iýmitlenmek üçin salynýan aksizler degişlidir. Bu topara gümrük haklary-da degişlidir.

Soňky ýyllarda Ýaponiýada salgyt agramyny peseltmek syýasaty yglan edildi. Döwlet we ýerli salgytlaryň agramy 2000/2001--nji ýyllardaky jemi içerki önümden 21,9%, 2004/2005-nji ýyllarda 18,0%-e çenli peseldi.

Ýaponiýada 2003-nji ýyldan maliýe gurluşyny özgertmek ýagdaýy başlanýar, «işleýänleriň agyr ýüküni azaldyp, ony jemgyýetiň

hemme agzalarynyň arasynda paýlamak» üçin salgyt salma täzeden seredilýär. Şol bir wagtyň özünde hökümet salgyt özgertmeleriniň 65-den ýokary ýaşly, pes girdejili adamlara uly täsir etmezligi üçin gerekli çäreleri görjekdigine söz berýär.

Koreýa respublikasynyň salgyt ulgamynyň esasynda, onuň territoriýasynda ýygnalýan hemme salgytlaryň görnüşleri 2 sany esasy topara bölünýär : milli we ýerli salgytlar.

Milli salgytlar şu aşakdakylara bölünýär :

- Göni salgytlar, bulara peýdadan alynýan salgyt, korporasiýalara salynýan salgyt, mirasdarlyga we sowgat edilende salynýan salgytlar degişlidir.
- Gytaklaýyn salgytlar, bulara goşulan baha üçin salgyt, alkogol önümlerinden aksiz, ulaglardan alynýan salgyt we telefon ulanyjylara salynýan salgytlar degişlidir.

Ýerli salgytlar öz gezeginde şu aşakdakylara bölünýär:

- Etraplardaky (prowinsial) salgytlara: lisenziýalardan alynýan ýygym, gara ýollaryny saklamak üçin salynýan salgyt we regiony ösdürmek üçin salgyt degişli.
- Şäherlerdäki salgytlar: tabak önümlerinden alynýan aksizler, awtomobil ýollaryny ulanmaklyk üçin salgyt we hasaba alyş ýygymy degişli.

*7-nji tablisa*

**2008-nji ýylda Koreýa respublikasynyň salgytlarynyň paýlanylyşyna häsiýetnama**[1]

| **Milli salgytlar** | **Salgyt girdejileriniň umumy möçberine%** |
|---|---|
| **1** | **2** |
| Goşulan baha üçin salgyt | 23,6 |
| Girdejä salynýan salgyt | 18,6 |
| Korporasiýalardan alynýan salgyt | 11,8 |
| Ulaglardan alynýan salgyt | 5,3 |
| Satuwdan alynýan salgyt | 4,9 |
| Bilime salynýan salgyt | 4,4 |
| Ýörite salgyt | 4,1 |

[1]Internet maglumatlary

*7-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 |
|---|---|
| Alkogol önümlerinden aksiz | 2,7 |
| Mirasdarlykdan we sowgat edilende salynýan salgyt | 1,5 |
| Telefon ulanyjylara salynýan salgyt | 0,8 |
| Poçta salgydy | 0,5 |
| Hukuk goraýjy organlary saklamak üçin salynýän salgyt | 0,1 |
| Başgalar | 1,9 |
| **Jemi milli salgytlardan:** | **80,2** |
| **Jemi ýerli sagytlardan:** | **19,8** |
| Jemi: | 100 |

Shemadaky maglumatlardan görşümiz ýaly, jemi salgytlardan gelýän girdejilerden milli salgytlaryň paýyna 80,2%, şol bir wagtda ýerli salgytlaryň paýyna bolsa – 19,8% düşýär.

Milli salgytlaryň düzüminde has uly orny şu salgytlar eýeleýär: goşulan baha üçin salgyt – 23,6%, girdejiden alynýan salgyt (paýda salynýan salgyt) – 18,6%, korporasiýalara salynýan salgyt – 11,8%.

Milli salgyt syýasaty Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň garamagynda bolmak bilen, ol milli salgyt müdirligini we milli salgyt kollejini öz içine alýar.

Salgyt syýasatynyň meýilnamasynyň düzülişine we salgyt kanunçylygynyň taýýarlanyşyna jogapkär bolup, Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň salgyt salmak müdirligi çykyş edýär.

Milli salgyt kolleji bolsa, geljekde salgyt inspektorlary bolup işlejek talyplaryň bilim almagyna jogapkärçilik çekýär.

Önümleriň daşary ýurda eksport edilmegine höwes döretmek syýasaty döwletiň salgyt ulgamynyň esasynda bolup:

- Importdan aralykdaky harytlaryň we enjamlaryň salgytlardan hem-de gümrük paçlaryndan boşadylmagy.
- Eksport üçin önüm öndürmek niýetlenilende gytaklaýyn salgyt salmakda eglişik edilmegi (mysal üçin, harytlardan we korporasiýalardan alynýan salgytdan).

- Eksport amallaryndaky peýda salynýan salgydyň 50%-niň aýrylmagy.

Önümçilik däl sektorda işleýän daşary ýurt kompaniýalaryna goşulan baha üçin salgydy tölemäge hem-de olaryň biznesiniň galmagy bilen çykdajylary ýapmak üçin karz almaga mümkinçilik berilýär.

Şeýlelikde, Koreýa respublikasynda daşary ýurt korporasiýalarynyň peýdalanýan hyzmatlaryna we harytlary satyn almak bilen baglanyşykly çykdajylaryna goşulan baha üçin salgydy ýapmaklyk mümkinçiligi döreýär. Bu hyzmatlara kompaniýanyň işgärlerini ýerleşdirmek, mahabatlandyrma tölegleri, ofisleriň kärendesi we kommunal hyzmatlara edilýän çykdajylar degişlidir.

Döwletiň Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň wekilleriniň resmi habarlaryna görä, goşulan baha üçin salgyda karz ulgamynyň girizilmeginiň sebäbi, Koreýanyň salgyt syýasatyny, goşulan baha üçin salgyt sistemasyny ulanýan progressiw ösen döwletlere ýakynlaşdyrmak maksady tutulýar. Karz ulgamynyň goşulan baha üçin salgyda girizilmegi bilen, Germaniýada hereket edýän Koreý korporasiýalary goşulan baha üçin salgydy tölemek maksatly karz almaga mümkinçilik alýarlar. Sebäbi Germaniýa öz territoriýasynda hereket edýän daşary ýurt firmalaryna salgyt salmakda iki taraplaýynlyk ýörelgelerini ulanýar. Goşulan baha üçin salgydy tölemekde karzlary almak üçin, daşary ýurt korporasiýalary diňe bir zerur gerek bolan resminamalary salgyt gullugyna tabşyrmaly.

## 4.2. Döwlet býujet ulgamynyň federatiw we unitar döwletlerde aýratynlygy

Bu babyň şu soragynda, federatiw we unitar döwlet gurluşy bolan ýurtlaryň býujet ulgamlaryna syn berilýär. Her bir döwlet babatynda býujet ulgamyny gurnamagyň we býujetara gatnaşyklary guramagyň aşakdaky esaslaryna garalýar: administratiw gurluşy

we býujet ulgamynyň derejeleri, býujet ulgamynyň derejeleriniň arasynda girdeji binýadynyň we çykdajy ygtyýarlyklarynyň paýlanylyşy, Maliýe serişdelerini býujetara gaýtadan paýlamagyň mehanizmleri we býujet ulgamynyň dürli derejeleri tarapyndan karz serişdeleri çekmek meseleleri.

Döwlet derejesiniň islendik derejesinde salgyt salmak meseleleri hem häkimiýetiň federal edaralarynyň ygtyýarlygyna girýär.

Kanadanyň konstitusiýasy ýerli häsiýetli meseleleri (döwlet edaralary, bilim, ýustisiýa) çözmegi, şeýle hem hususy eýeçilik bilen baglanyşykly ähli meseleleri (eýeçilik hukugy we raýat hukuklary) düzgünleşdirmegi federasiýanyň subýektleriniň häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlyklaryna degişli edýär. Kanunçylyk welaýatlaryň häkimiýet edaralarynyň öz garaýyşlaryna görä ygtyýarlyklarynyň belli bir möçberini munisipal häkimiýet edaralaryna bermegi göz öňünde tutmak bilen, munisipalitetleriň ygtyýarlyklaryny düzgünleşdirmeýär.

Kanadanyň býujet ulgamy döwlet häkimiýeti edaralarynyň federatiw ulgamyna laýyk gelýär – her bir derejedäki hökümetiň öz býujeti bar. Federal býujetiň girdeji binýady federal salgytlaryň, ýygymlaryň we gaýry tölegleriň gelip gowuşmagyndan ybaratdyr, welaýatlaryň býujetleriniň girdejilerine bolsa salgyt tölegleri we federal býujetden alnan transfertler geçirilýär.

1962-nji ýyldan başlap Kanadada salgyt ýygnamak barada ylalaşyk hereket edýär, ylalaşyk Kwebekden başga ähli subýektler bilen baglaşylypdyr. Şu ylalaşyklara laýyklykda, her bir welaýat öz çäklerinden gelip gowuşýan federal salgytdan ähli welaýatlar üçin deň bolan paýy almaga hukuk alýar. Şeýle hem welaýatyň öz býujetiniň girdejisine goşmaça salgyt gowuşmalaryny geçirmek maksady bilen, öz çäklerinde federal salgydyň möçberini ýokarlandyrmaga hukugy bar. Görkezilen tertip şahsy taraplaryň girdejisinden we korporasiýalardan alynýan salgytlara, harytlar we hyzmatlar üçin salgyda (goşulan baha üçin salgyt ýaly) degişlidir. Welaýatlaryň býujetleriniň girdejilerine tebigy serişdeler üçin salgyt we emläk salgydy geçirilýär.

Italiýanyň býujet ulgamynyň derejeleriniň çykdajy borçnamalary aşakdaky görnüşde paýlanýar. Sebitleriň býujetleri saglygy goraýyş edaralarynyň hyzmatlaryny, şäher gurluşygyny meýilnamalaşdyrmagy, suw üpjünçiligini, şeýle hem ýol gurluşygyny we sebitara ýolagçy transportyny maliýeleşdirmäge borçludyrlar. Şunda kanunçylykda sebitleriň häkimiýet edaralarynyň çykdajy ygtyýarlyklarynyň bir bölegini býujet ulgamynyň aşakda durýan derejelerine bermek mümkinçiligi aýratyn bellenilýär, bu, adatça, şeýle hem bolýar, aýratyn hem ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygyny ýa-da jemgyýetçilik işlerini maliýeleşdirmek bilen baglanyşykly çykdajylarda bu mümkinçilikden peýdalanylýar. Welaýatlaryň býujetleri sebit ähmiýetli döwlet awtomobil ýollaryny gurmagy we saklamagy, suw we dag transportyny, töwerekdäki gurşawy goramak boýunça çareleri we sebit ähmiýetli bilim hem-de medeni edaralary (ýerli uniwersitetler, muzeýler, teatrlar we ş.m.) maliýeleşdirmek boýunça çykdajylary çekýärler.

Beýik Britaniýanyň býujetara deňleşdirmek ulgamy çylşyrymly bolup, ýurduň dürli düzüm böleklerinde biri-birinden tapawutlanýar. Şol bir wagtyň özünde maliýe kömegini bermek tutuş döwlet üçin ýeke-täk ýörelgelere esaslanýar. Maliýe goldawyny bermegiň esasy iki görnüşi bar – blok-grantlar (olar Angliýada we Uelsde girdejileri artdyrmak üçin grantlar diýip atlandyrylýar) we ýörite maksatlar üçin grantlar. Býujet girdejilerini artdyrmak üçin grantlar her ýylda berilýär, özi hem maliýe kömeginiň möçberi kesgitlenmezinden öňki döwürde merkezi hökümet merkezi býujetiň taslamasyny we makroykdysady ýagdaýyň çaklamasyny hasaba almak bilen, ýerli häkimiýet edaralary üçin meýilnamalaşdyrylýan ýylyň çykdajy kadalaryny belleýär. Soňra maliýe goldawynyň möçberi göni hasap arkaly, munisipal birligiň býujetiniň çykdajylarynyň çykdajy kadalarynyň esasynda hasaplanan möçberi bilen ýerli býujetiň özüne berkidilen girdeji çeşmelerinden gelýän girdejileriň möçberiniň arasyndaky tapawut görnüşinde kesgitlenýär. Merkezi hökümet ýerli býujetiň haýsydyr bir anyk maddasyny maliýeleşdirmegi wajyp

hasap edýän bolsa, onda maksatlaýyn grantyň çäklerinde serişdeler bölünip berilýär, olar grantyň şertlerinde görkezilen maksatlardan başga maksatlar üçin harçlanmaly däldir.

1999-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda Russiýa Federasiýasynyň salgyt kanuny güýje girýär. Salgyt düşünjesi – bu edaralardan, hususy kärhanalardan, telekeçilerden döwletiň maliýe tarapyny gowulandyrmak üçin tutulyp alynýan pul serişdeleri bolup durýar.

Russiýa Federasiýasynyň kanunyna laýyklykda, salgyt girdejisine sebit we ýerli salgyt hem-de jerimeler degişlidir.

Salgyt däl girdejilerine:

- döwlet ýa-da munisipal eýeçiligine degişli emlägi ulanmakdan gelýän gidejiler;
- býujet edaralary tarapyndan edilýän tölegli hyzmatlardan gelýän girdejiler;
- administratiw we jenaýat jogapkärçiligini ulanmak çärelerinden gelýän serişdeler, şol sanda jerimeler, konfiskasiýalar we beýleki girdejiler;
- maliýe kömegi üsti bilen düşýän girdejiler;
- salgyda degişli däl girdejiler degişlidir.

Býujetiň beýleki derejesinden gelýän maliýe kömegi – bu salgyt däl girdejileriň görnüşi bolup, şol serişdeleri alýanyň býujetiniň girdejileriniň hasabyna alynýar.

Dürli derejedäki häkimiýet edaralarynyň ol ýa-da beýleki salgytlary bellemek, şeýle hem býujet ulgamynyň derejeleriniň arasynda salgytdan gelip gowuşýan serişdeleri paýlamak hukuklary konstitusiýada berkidilmek bilen, ony konstitusiýa düzediş girizmezden üýtgedip bolmaýar. Germaniýa Federatiw Respublikasynyň ähli esasy salgytlaryndan gelip gowuşýan serişdeler dürli derejedäki býujetleriň arasynda paýlanmaga degişlidir. Meselem, şahsy adamlaryň girdejisinden alynýan salgytdan gelýän serişdeler federal we sebitleriň býujetleriniň arasynda deň derejede (her birine 42,5%-den) bölünýär, galan bölegi (15%) ýerli býujetleriň girdejilerine geçirilýär. Korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgytdan

gelýän serişdeler federal býujet bilen ýerleriň býujetleriniň arasynda deň bölünýär, kiçi telekeçilikden alynýan salgydyň 80%-i munisipal býujetleriň girdejilerine, 15%-i ýerleriň býujetlerine we 5%-i bolsa federal býujete geçirilýär. Goşulan baha üçin salgytdan alynýan serişdeler, hakykatda, federal býujet bilen ýerleriň býujetleriniň arasynda deňeçer bölünýär (50,5%-i federal býujete, 49,5%-i ýerleriň býujetlerine geçirilýär). Görkezilen salgytlaryň Germaniýa Federatiw Respublikasynyň jemlenen býujetine salgyt gelip gowuşmalarynyň 70%-ni tutýandygyny belläp geçmek gerek.

Goşulan baha üçin salgyt Germaniýa Federatiw Respublikasynda düzgünleşdiriji salgydyň roluny oýnaýar, çünki çykdajy ygtyýarlyklary gaýtadan bölünende, öňi bilen, federal sebitleriň býujetleriniň GBÜS-den gelýän serişdeleriň umumy möçberindäki paýlary üýtgedilmäge degişlidir.

Şeýle-de bolsa, salgytdan gelip gowuşýan serişdeleriň dürli derejedäki býujetleriň arasynda paýlanyşy salgytlary we tölegleri ýygnamak babatynda jogapkärçiligiň bölünişi bilen laýyk gelmeýär. Meselem, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň konstitusiýasy federal hökümetiň garamagyna federal kanunçylyk bilen düzgünleşdirilýän gümrük paçlaryny, fiskal monopoliýalary, aksiz töleglerini (import boýunça GBÜS-i goşmak bilen) dolandyrmak meseleleri, şeýle hem ÝB-niň resminamalary bilen girizilen salgytlar girýär diýip kesgitleýär. Galan ähli salgytlary dolandyrmak boýunça ygtyýarlyklar ýerleriň häkimiýet edaralaryna berkidilýär, şunda bu salgytlardan gelip gowşan serişdeleriň federal býujete geçirilen halatynda federasiýanyň subýektleriniň häkimiýetleri federal hökümetiň agentleri bolup durýarlar. Salgytdan gelip gowşan serişdeleriň munisipal býujetlere geçirilen halatlarynda bolsa, olary dolandyrmak boýunça ygtyýarlyklaryň doly ýa-da kem-käsleýin munisipalitetleriň häkimiýet edaralaryna berilmegi adaty ýagdaý bolup durýar.

## 4.3. Daşary ýurtlarda döwlet býujetleriniň çykdajylarynyň düzümleriniň aýratynlyklary

Ýaponiýanyň aýratynlygy ýurduň jemi içerki önüminde (JIÖ) döwlet çykdajylarynyň udel agramynyň görkezijisiniň ösen ýurtlaryň görkezijileriniň arasynda iň pesi bolup durýanlygyndadyr.

1990-njy ýyldan 2010-njy ýyla çenli Ýaponiýanyň merkezi hökümetiniň çykdajylary 18 esse köpeldi (8-nji tablisa görä hasaplanan). Bu döwürde onuň jemi içerki önüminde udel agramy 6,2%-den 9,3%-e çenli ösdi *(8-nji tablisa seret).*

Döwlet çykdajylarynyň ägirt uly bölegini durmuş çykdajylary tutýar. Olaryň arasynda – garrylyk we maýyplyk boýunça pensiýalar *(9-njy tablisa seret).*

Ýapon hökümeti gartaňlyk ýaşyndaky adamlaryň durmuşynyň mynasyp derejesini döretmeklige uly üns berýär. Bu gartaňlyk ýaşyndaky adamlaryň sanynyň hemişe ösýändigi bilen baglanyşyklydyr, 1995-nji ýylda olaryň sany 2 mln. bolsa, 2025-nji ýyla çenli 5,2 mln. adam bolar. Mundan başga-da, ömrüň dowamlylygynyň ösmegi we ilatyň bu toparynyň işjeňlik döwrüniň köpelmegi sebäpli, ýaş işçi güýjüniň ýetmezçiligi sebäpli, gartaşan adamlar zähmet bazarynyň möhüm bölegi bolarlar.

*8-nji tablisa*

**Ýaponiýanyň merkezi hökümetiniň 1990–2010-njy ýyllarda jemi içerki önümindäki çykdajylarynyň udel agramy**[1]

| Ýyllar | JIÖ, 1000 mln. iýena | Merkezi hökümetiň çykdajylary, 100 mln. iýena | JIÖ-de çykdajylaryň paýy,% |
|---|---|---|---|
| 1990 | 384186 | 23659 | 6,2 |
| 1995 | 827258 | 48923 | 5,9 |
| 2000 | 1711525 | 139146 | 8,2 |
| 2005 | 2603343 | 273723 | 10,5 |
| 2008 | 3396853 | 335332 | 9,9 |
| 2010 | 4596000 | 428275 | 9,3 |

[1]Internet maglumatlary

*9-njy tablisa*

**Ýaponiýanyň merkezi hökümetiniň 1981–2010-njy ýyllarda çykdajylarynyň gurluşy (bäş ýyllyk döwri boýunça ýylyň ortaça görkezijileri),%**[1]

| | 1981–1985 | 1991–1995 | 2001–2005 | 2005–2010 |
|---|---|---|---|---|
| Goýumlar | 21,2 | 20,1 | 18,1 | 14,0 |
| Gündelik çykdajylar | 78,8 | 79,9 | 81,9 | 86,0 |
| Ş.s. harby | 2,5 | 2,9 | 3,2 | 3,5 |
| Döwlet diwany we polisiýa | 7,1 | 9,2 | 10,0 | 10,8 |
| % we döwlet karzy boýunça töleme | 6,8 | 8,1 | 8,6 | 9,1 |
| Durmuş çykdajylary: | 48,4 | 50,9 | 51,1 | 52,6 |
| Bilim | 14,0 | 12,8 | 11,7 | 11,6 |
| Saglygy saklaýyş | 1,7 | 1,3 | 1,2 | 1,2 |
| Beýleki durmuş hyzmatlary | 4,3 | 4,6 | 4,7 | 4,8 |
| Ilat boýunça pul tölemeler | 28,4 | 32,2 | 33,5 | 35,0 |
| Garrylyk we maýyplyk boýunça pensiýalar | 21,5 | 24,9 | 27,5 | 29,0 |
| Beýleki gündelik çykdajylar | 14,0 | 8,8 | 9,0 | 10,0 |
| JEMI: | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 |

Ýaponiýanyň pensiýa ulgamy ýeterlik çylşyrymlydyr we köp gatlaklydyr. Esasy pensiýa tölemeleriň 1/3-ni döwlet býujetiniň serişdeleri üpjün edýär. Galanlary dürli pensiýa gaznalarynyň hasabyna tölenýär.

[1]Internet maglumatlary

8. Sargyt № 817.

Ýaponiýada jemgyýetçilik kömegi diýlip atlandyrylýan topar býujetiň hasabyna maliýeleşdirilýär. Oňa durmuşyň iň pes derejesini üpjün edip bilmeýän adamlar degişlidir. Şeýle kömek güzeran üçin iň az serişdeleriň kepilleri baradaky kanunyň esasynda berilýär we ýedi görnüş boýunça tölenýär: gündelik zerurlyklary, bilim, ýaşaýyş jaýlary, medisina hyzmaty, enelik, işsizlik, jaýlamaklyk boýunça. Bu kanun 1951-nji ýylda kabul edilipdi, şonda ilatyň 2,4%-ne kömek edildi, 90-njy ýyllaryň ortasynda bu kömegi ilatyň 0,7%-i aldy. 2025-nji ýyla çenli sosial üpjünçiligiň çykdajylaryny, hususan, hemme mätäçlik çekýänleri sosial tarapdan goramaklyk derejesini ýokarlandyrmak meýilleşdirilýär. Jemgyýetçilik kömek boýunça tölemeleriň 75%-i merkezi býujetden alynýar, 25%-i bolsa häkimiýetiň ýerli edaralaryndan alynýar. Ýapon hökümeti ylmy-tehniki ösüşiň maksatnamasyny durmuşa geçirmek bilen, NIOKR döwlet tarapyndan goýberilýän pullary köpeldýär. Ylma we bilime uly üns berilýär, olar ykdysady ösüşiň esasy gurluş ýagdaýy bolup durýarlar: eger 1980–1990-njy ýyllarda jemi içerki önümiň artmagy 57% olaryň hasabyna üpjün edilen bolsa, onda 1995–2005-nji ýyllarda bu görkeziji 75–80%-e çenli ýokarlandy. Ylma iberilýän çykdajylaryň 13% pul goýbermeleri durmuşy ylymlara iberilýär, 87%-i bolsa tebigat we tehnika ylymlaryna iberilýär. Ýakyn ýyllarda maliýeleşdirmeklikde bar bolan gyşyklygy ýok etmeklik görnüp ugrady.

Ýol gurluşygy, awiasiýa we demir ýol ulagyň ösüşi, aragatnaşyk ulgamy, tebigy betbagtçylygyň netijesini ýok etmeklik boýunça çykdajylar we başgalar döwlet býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Harby çykdajylar barada aýtsaň, olaryň Ýaponiýadaky derejesi, beýleki ösen kapitalistik ýurtlar bilen deňeşdirilende, ep-esli pesdir. Ýaponiýada harby çykdajylar jemi içerki önümiň 1%-den geçenok *(10-njy tablisa seret).*

Býujetiň döwlet karzlary boýunça çykdajylar diýen maddasy ýyl-ýyldan ösýär. 2000/2001-nji ýyllarda olaryň paýy 21,7% boldy. 2001-nji ýylyň ahyrynda Ýaponiýanyň parlamenti maliýe ulgamyny özgertmeklik baradaky kanuny kabul etdi, onda 2002-nji ýylda çykdajylaryň geçen ýylyň çykdajylaryndan ýokary bolmazlygyny gazanmaly diýlip teklip edildi.

*10-njy tablisa*

**Ýaponiýadaky harby çykdajylar, jemi içerki önümi %-de**[1]

| Ýyllar | Ýaponiýa | ABŞ | Angliýa | Germaniýa | Fransiýa |
|---|---|---|---|---|---|
| 1998 | 1,0 | 5,5 | 4,0 | 2,3 | 3,5 |
| 2008 | 1,0 | 3,5 | 2,8 | 1,4 | 3,1 |

2000-nji ýyla garanda, 2002-nji maliýe ýylynda çykdajylar boýunça indiki görkezijiler bellendi: durmuş üpjünçiligine çykdajylary 6%, ylmyň we tehnikanyň ösüşini höweslendirmeklige çykdajylary 5% köpeltmek; medeniýete we bilime, goranmaklyga, energetika çäklerindäki çärelere, kiçi we orta telekeçiligi goldamaklyga iberilýän çykdajylary öňki möçberinde saklamak; jemgyýetçilik sektorynyň kärhanalaryna iberilýän çykdajylary 7%, ösýän ýurtlara hökümet kömegini 10%, özüni dolandyrýan ýerli edaralara berilýän dotasiýalary 27% azaltmak.

Medeniýet çykdajylary býujetleriň arasyndaky býujete bagly bolmadyk gaznasyna dotasiýa hereketi ortaçadan pes derejede ulalýar.

Russiýa Federasiýasy häzirki wagtda durmuş syýasatyna, saglygy goraýşa, bilim çykdajylaryna bölekleýin çäklendirip maliýeleşdirmekligi alyp barýar.

Hemme wagtda her bir döwletiň ykdysadyýetiniň ösüşine we hökümet gaznasynyň töleg derejesine garamazdan, çykdajynyň dolanyşygy iň bir wajyp mesele bolup durýar. Düzgün boýunça, ýurduň ykdysady we sosial durmuşy üçin döwlet gaznasyndan bölünip berilýän maliýe serişdeleri ýetmezçilik edýär. Döwletiň çykdajysynyň dolanyşygy onuň ösüşinden guralyp, şonuň bilen deň derejede döwletiň býujet meselesidir.

Döwrüň talabyna görä, çykdajynyň dolanyşygynyň ösüş şerti baýlyklaryň çäklendirilmeginiň esasynda kynlaşýar, şeýlelikde, hemme derejede umumy çykdajynyň we olaryň bölünmegi hem-de maliýeleşdirilmegi döwletiň kesgitlenmeginde amala aşyrylýar.

[1]Internet maglumatlary

Çykdajy dolanyşyk meselesi 3 döwri öz içine alýar:

1. Syýasatyň kesgitlenilişi, maksatnama we baýlyklar, olaryň ýerine ýetirilişi;
2. Baýlyklaryň bölünişi, öňde goýlan maksatnamanyň ýerine ýetirilişi;
3. Öňde goýlan maksatnamanyň ýerine ýetirilişi boýunça meseleleriň netijeli ýerine ýetirilişi.

Tejribede şol döwürler bilen býujetiň düzülişi we ýerine ýetirilişi gabat gelýär. Her bir gönükdirmeleri, ýagny baýlyklaryň bölünmegini, oýlanyşykly peýdalanmak, maglumat ulgamyny kabul edilen çözgütleriň üpjünçiligini meýilnama esasynda seretmek mümkindir.

Döwlet çykdyjalarynyň bitewiligi dört topardan ybarat:

1. Dolandyryş edarasynyň çykdajylary;
2. Goraýjy we hukuk goraýjy edaralaryň çykdajylary;
3. Durmuş çykdajylary;
4. Döwletiň ykdysady we syýasy işleriniň çykdajylary.

Durmuş-ykdysady görnüşine diňe çykdajy toparlaryň bölünişigi bolman, eýsem, onuň göwrüminiň bölünişigi wajyp bolup durýar, hökmany ýagdaýda onuň garşylygyny, düzümine we gurluşyna has oňaýly kesgitlemelidir. Döwlet çykdajylarynyň ugurlaryny kesgitli görkezmeleriň kömegi bilen döwletiň öňünde goýlan meseleleri durmuşa geçirmekde üstünlik gazanylmagy mümkindir. Býujet çykdajylary ýönekeý meýilleşdirilen çykdajylara hem-de göz öňünde tutulmadyk çykdajylara bölünýär.

Federal we ynanç gaznalary köp spektrleriň (bilim spektri) çykdajylaryny maliýeleşdirýär. Federal gaznalary, gaznalaryň dürli gornüşlerini özünde jemleýär. Býujetiň uly bölegini emele getirýän ýönekeý gaznalar kanun tarapyndan häsiýetlendirilmedik kesgitli maksatlaryň girdejileri bilen doldurylýar, olar girdeji salgydynyň hemmesi diýen ýaly hem-de ýönekeý girdejiden kabul edilýän salgytlar bilen doldurylýar. Ýönekeý gaznalaryň bellenen hasaplary olaryň çykdajylaryny görkezýär.

Bellenen ýönekeý gaznalar özleriniň girdejileriniň jemi bilen ýapylýar we girdeji hasaplar bilen kesgitli baglaşmaýar. Aýratyn

gaznalar – kanun tarapyndan niýetlenen maksatlar üçin we maksatly girdejileriň çykdajylary üçin bellenen hasaplar bilen bagly federal gazna üçin niýetlenen girdeji hasaplary bilen doldurylýar.

Döwlet kärhanasynyň aýlanyş gaznalary şu maksatnamalar üçin ulanylýar, ýagny, telekeçilik häsiýetli ylalaşyklaryna, öňi bilen, jemgyýet bilen, ýagny çykdajylaryň toplamalaryny döredýän bölegine. Döwletiň içindäki gaznalar döwlet ministrlikleri bilen jemgyýetiň arasyndaky telekeçilik görnüşli ylalaşyklary ýerine ýetirýän aýlanyşyk gaznalary bolup durýar.

Ynanyş gaznalary döwletiň pul girdejilerini we çykdajylaryny hasaba almak, kesgitli maksatlara ýetmek we ýagdaýy nazara tutup, ýörite maksatnamalary ýerine ýetirmek üçin döredilýär.

Ynanç aýlanyş gaznalary – bu kanun tarapyndan telekeçilik görnüşli ylalaşyklar ýerine ýetirilende ýygymlar bilen doldurylýan ynanç gaznalarydyr. Býujet prosesinde, Federal girdejilerine baglylykda, 3 bölüme bölünip bilner. Aýry-aýry böleklerden durýan çykdajylar: goraglylyga, ulaga, milli seýilgählere, halkara kömek býujetiň 3-den 1 bölegini tutýar. Aýry-aýry böleklerden durýan maksatnamalar her ýylky assignasion kanunlar esasynda gözegçilik edilýär; umumy syýasaty işläp taýýarlaýjylar her ýyl ýa-da beýleki işlere näçe dollar goýbermelidigini çözýär.

Döwlet çykdajylarynyň gurluşy wagtal-wagtal üýtgeýär. Häzirki wagtda häkimiýet JMÖ-ni, aýry-aýry böleklerden durýan ugurlara garanyňda, az sarp edýär we hökmany bolsa köp sarp edilýär. Aýry-aýry böleklerden durýan çykdajylar 1972-nji ýyldan 2005-nji ýyla çenli JMÖ-niň 12,7%-den 6,4%-ne çenli aşak düşdi.

Şol çärýek aralygynda-da hökmany çykdajylar JMÖ-iň 4,9%-den 9,9%-ne çenli ösdi. Geljekde hökmany çykdajylaryň we aýry-aýry böleklerden durýan çykdajylaryň ösüşini meýilleşdirýärler.

Federal býujetiň jemi çykdajylary 2005-nji ýylda 1,9 trillion dollardan ybarat bolup, 2000-nji ýyla garanyňda 4,2% köpdür. 2002-nji ýylda Kongresiň býujet dolandyrmasynyň meýilleşdirmegine görä, şol syýasatda çykdajylar 7,5%-den 10,6%-e çenli öser. Ykdysady

çökgünlige çaklamalara we karzlara seredilende, bu çykdajylaryň ösüşi 1990-njy ýyldan bäri iň uly ösüş bolar.

Täzeden kabul edilen kanunçylyk hereketleri goranmaga pul goýbermeleri köpeldip, şeýle hem goranmaga degişli däl çärelere, şol ýylyň býujet çykdajylarynyň umumy ösüşine öz goşandyny goşýar. Şol kanunçylyk hereketlerine esaslanyp, Kongresiň Býujet Dolandyrmasynyň çaklamalaryna görä, aýry-aýry böleklerden durýan býujet berkitmeleri 2001-nji ýyl bilen deňeşdirilende 7,4%-e çenli ösdi; aýry-aýry böleklerden durýan çykdajylar bolsa – 12,8%-e çenli ösdi. Bular ýaly çykdajylaryň çalt ösüşi we soňky ýyllara degişli býujet berkitmeleriniň ösüşi öňden görülmedik pul goýbermelere höwes döredýär. Şeýle hem ykdysady ösüşiň ylalaşygy we 2001-nji salgyt ýylynyň peselme kanuny öz täsirini ýetirýär. Ýagny, çagalaryň karz salgytlaryny köpeldip, 2002-nji ýylda şol karzlara gaýtargy görnüşinde 4 mlrd. dollardan gowrak çykdajylary goşýar. 2002-nji ýylda ykdysadyýetiň gowşaklygy hem çykdajylaryň köpelmegine öz «goşandyny» goşýar. Ykdysadyýetiň pese gaçmagy we onuň netijesinde 2002-nji ýylyň ortalaryndaky çaklamalara görä, işsizligiň derejesi 6,2%-e ýetdi. Işsizligiň öwezini doluş garaşmalarynyň netijesinde, 2001-nji ýyl bilen deňeşdirilende 167% ýokarlandy. 4-nji shemada goranmaga degişli däl aýry-aýry böleklerden durýan çykdajylar görkezilen.

Hökmany çykdajylaryň bölümlerinde häzirki wagtda jemi döwlet çykdajylarynyň 2 trillionynyň ýarysyndan gowragyny hökmany çykdajylar tutýar (arassa göterim bilen hasaplananda). Hökmany maksatnamalaryň köpüsi alyjylara, ýagny giň ugurly taraplara, kärhanalara, täjirçilik däl guramalara, hökümet ştatlaryna we ýerli öz-özüňi dolandyryş guramalaryna tölegleri göz öňünde tutýar we olar öz gezeginde bildirilýän ölçege jogap berýärler hem-de degişli gaznalara ýüzlenýärler. Tölegler, adatça, kanun tarapyndan düzülen deňleme esasynda ugrukdyrylýar we assignasion kanunlaryň maliýe daş-töweregi bilen çäklenmeýär.

*4-nji shema*

**2008-nji ýylda goranmaga degişli däl aýry-aýry çykdajylar (ABŞ-nyň milliard dollarynda,%)**[1]




Çykdajylaryň umumy bölegi hökmünde hökmany çykdajylar 1972-nji ýylda 32%-e, 2005-nji ýylda 59%-e çenli ösýärdi. Eger häzirki kurs saklansa, onda beýleki çykdajylara garanyňda, hökmany tölegler ýokary depginler bilen ösüşi dowam etdirer we býujet dolandyrmasynyň çaklamalaryna görä, jemi çykdajylaryň 70%-ne ýeter.

Hökmany çykdajylaryň köp manyny aňladýan maksatnamalary öň agzalyşy ýaly, durmuş taýdan üpjün ediş, garrylara Federal kömek meýilnamasy we emläksizlere medisina Federal kömek programmasy we olaryň 2001-nji ýylyň hökmany çykdajylarynyň 72%-den gowragyny tutdy hem-de 2012-nji ýylda 79%-e ýetmegi meýilleşdirilýär.

Umuman, Ştatlar boýunça Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň býujet çykdajylary Federal býujetiň çykdajylarynyň 26%-ni tutýar.

Koreýanyň döwlet býujeti döwletiň ykdysady we durmuş işleri bilen baglanyşykly hökümetiň ähli çykdajylaryny öz içine alýar.

21 sany ýörite býujet çykdajylary boýunça degişlilikde senagat pudagyny hem-de hyzmat gurşawyny öz içine alyp, býujetiň hasabyndaky serişdeler bilen doly ýa-da bölekleýin maliýeleşdirilýär.

[1]Internet maglumatlary

Olara karzlar, döwlet býujeti tarapyndan täjirçilik kärhanalaryna we gaznalaryna goýberilýän maýa goýumlar hem-de bulara döwlet bergileriniň içerki we daşarky çykdajylaryna we daşary ýurtdaky döwlet eýeçiligini dolandyrmakda edilýän harajatlary ýapmak girýär.

35 sany önümçilik gaznalary bolmak bilen, döwlet eýeçiligindäki, emma döwlet býujetine girmeýän, sebäbi maliýe serişdelerinden merkezi hökümet tarapyndan garaşsyz bolan maliýe kärhanalaryny öz içine alýar.

1979-njy ýylda hökümet, döwlet býujetiniň meýilnamasyny, düzülişini we ýerine ýetirilişini Halkara walýuta gaznasynyň beren tekliplerine laýyklykda amala aşyryp başlaýar.

Şeýlelikde, ýurduň umumy býujeti (öz içinde döwlet býujetini, 21 sany ýörite býujet we 35 sany hökümet önümçilik gaznalaryny jemleýän) 2003-nji ýylda 50,735 million wona bardy.

Koreýa Respublikasynyň esasy görkezijileriniň seljermesi, býujetiň çykdajylary we salgytlardan gelýän girdejiler şu aşakdaky şekilde görkezilen:

*11-nji tablisa*

**Koreýa Respublikasynyň býujetiniň esasy görkezijilerine häsiýetnama**[1]

| | | **1992** | **1997** | **2002** | **2003** | **2004** | **2005** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Umumy býujet** | Mln. won | 19,8 | 44,6 | 86,9 | 108,4 | 127,3 | 137,4 |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** | **8** |
| Döwlet býujeti | % | 75,7 | 72,9 | 71,7 | 69,6 | 67,3 | 71,6 |
| Ýerli býujet | % | 24,3 | 27,1 | 28,6 | 30,4 | 32,7 | 28,4 |
| **Umumy býujet % (JIÖ)** | % | 25,0 | 25,0 | 28,6 | 31,1 | 32,7 | 33,0 |
| **Býujetiň her ýylky çykdajylary** | Mln won | 12,4 | 27,4 | 42,8 | 51,5 | 58,8 | 67,6 |
| Umumy dolandyryş | % | 10,1 | 10,2 | 11,1 | 10,6 | 10,6 | 10,5 |
| Milli goranmak | % | 30,7 | 25,0 | 23,7 | 22,1 | 21,7 | 21,2 |

[1]Internet maglumatlary

*11-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Bilim | % | 20,1 | 20,4 | 19,3 | 18,9 | 18,8 | 18,2 |
| Durmuş ösüş | % | 6,8 | 8,9 | 9,0 | 8,1 | 8,5 | 8,9 |
| Ykdysady ösüş | % | 16,1 | 14,1 | 23,1 | 21,3 | 22,3 | 25,4 |
| Başgalar | % | 16,2 | 21,4 | 13,8 | 18,0 | 18,1 | 15,8 |
| **Býujete salgytlardan gelýän girdejiler** | Mln won | 13,5 | 33,2 | 60,5 | 72,1 | 80,8 | 88,9 |
| **Salgytdan gelýän girdejiler, JIÖ %-de** | % | 17,3 | 19,4 | 20,0 | 20,7 | 20,9 | 21,4 |
| Milli salgytlar, JIÖ %-de | % | 15,2 | 15,7 | 15,6 | 16,3 | 16,2 | 17,1 |
| Ýerli salgytlar, JIÖ %-de | % | 2,1 | 3,7 | 4,4 | 4,4 | 4,7 | 4,3 |
| **Salgytlaryň paýlanylyşy** | | | | | | | |
| Göni salgytlar | % | 39,3 | 49,5 | 53,8 | 54,8 | 53,9 | 52,7 |
| Gytaklaýyn salgytlar | % | 60,7 | 50,5 | 46,2 | 45,2 | 46,1 | 47,3 |

Görşümiz ýaly, şekilde görkezilen maglumatlara seredenimizde, döwlet býujetiniň ululygy umumy býujetde 1992-nji ýylda 75,7%, 2005-nji ýylda 71,6%.

Şonuň bilen birlikde, ýerli salgytlaryň gatanjy 1992-nji ýylda 24,3%, 2004-nji ýyla çenli 32,7% ýokarlandy, emma bu görkeziji 2005-nji ýylda 28,4%-e çenli pese düşdi.

Býujetiň her ýyldaky çykdajylarynyň arasynda ykdysadyýeti ösdürmegiň çykdajylarynyň tutýan orny has uludyr (1997-nji ýylda 14,1%, 2005-nji ýylda 25,4%).

Ýagny, başga maddalaryň maliýeleşdirilmeginiň çykdajylaryny azaltmagyň hasabyna, beýleki bir maddanyň osüş tendensiýasyna syn edilýär. Mysal üçin, milli goranmaga çykdajylaryň kemeldilmeginiň hasaby 1992-nji ýylda 30,7%, 2005-nji ýylda 21,2%).

Şonuň ýaly-da, döwletiň durmuş ösüşine edilýän çykdajylaryň 1992-nji ýyldaky 6,8%-den 2005-nji ýylda 8,9%-e çenli ýokarlanandygyny belläp geçmek zerurdyr.

Salgytlaryň döwlet gaznasyna gelip düşüşine garamazdan, tendensiýa emele gelýär, ýagny umumy salgyt gelýän girdejileri alanymyzda, göni salgytlaryň möçberiniň ýokarylygy bellenilýär (1992-nji ýyldakyky 39,3%-den 2005-nji ýylda 52,7%-e çenli), gytaklaýyn salgytlaryň möçberi bolsa pese düşdi (1992-nji ýyldaky 60,7%-den 2005-nji ýylda 47,3%-e çenli).

Koreýa respublikasynda fiskal ýyly bilen, kalendar ýyly gabat gelýär.

Zerur görkezijileriň biri döwlet gaznasyna gelip gowuşýan ähli girdejileriň 70% töweregi salgytlardan gelýändigini belläp geçmelidiris. Şeýlelikde, Aziýanyň Günorta-Gündogar ýurtlarynyň köpüsiniň býujetinden, Koreýanyň döwlet býujeti salgyt däl girdejilere has az derejede bagly bolup durýar. Şonuň bilen birlikde, ýene-de bir görkezijini belläp geçmelidiris, 1960–1970-nji ýyllarda ýurduň ykdysady taýdan ösüşi juda pes wagty býujetiň girdejileriniň ep-esli bölegi daşary ýurt zaýomlaryndan düzülýärdi, emma olaryň býujetde tutýan orny eýýäm 1980–1990-njy ýyllarda birden pese düşdi.

1997–1998-nji ýyllarda Aziýanyň maliýe çökgünliginiň güýjemegi bilen, halkara karzy görnüşinde döwlete maliýe kömegini bermegi Dünýä bankyndan we Halkara walýuta gaznasyndan haýyş etmeli boldy.

Mundan başga-da, döwletiň aktiw goşulmagyny belläp geçmeli. Ol maliýe pudaklarynyň emele gelmeginde örän aýdyň bildirýär.

1970-nji ýyldan başlap ýörite kanunlar bilen 7 sany pudaga birinji nobatda üns berilýär:

- Maşyngurluşyk
- Elektronika
- Dokma senagaty
- Gara metallurgiýa
- Reňkli metallurgiýa
- Gämi gurluşyk

Bu pudaklar aç-açan maliýe serişdeleri bilen üpjün edilýärdi, salgytlarda artykmaçlyklar we başga-da ýeňilliklerden peýdalanýardy.

Koreýa respublikasynyň maliýe ulgamynda maliýe-senagat toparlarynyň uly ähmiýeti bar. Olar maşyngurluşyk, enjam öndüriş, elektrotehnika we gämi gurluşyk senagatlary ýaly pudaklaryň maliýe serişdeleriniň uly bölegini öz gözegçiliginde saklaýar.

## 4.4. Döwlet býujetiniň ýetmezçiligi we onuň dolandyrylyşy

Daşary döwletlerde býujet ýetmezçiligi öňünden meýilnamalaşdyrylýar, onuň öwezini dolmagyň üç sany çeşmesi bar – salgytlary goşmaça girizmek, döwlet zaýomlaryny çykarmak hem-de karz emissiýasyny ýerine ýetirmek.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda federal salgyt kanunlaryny taýýarlamak bilen, kongres merkez bolýar. Ýokary hökümet guramasy hereket edýär, onuň içinde – iki palata işleýär, ýagny wekiller hem-de senagat palatasy bar. Ýöne göni salgytlar bilen maliýe komiteti meşgul bolýar. Mundan başga-da 1926-njy ýyldan bäri senatda ýörite salgyt syýasaty bilen meşgul bolýan komitet döredildi – kongresiň salgyt almak boýunça komiteti, onuň içine ýokardaky palatalaryň her haýsyndan bäş adam girýär.

Býujetiň defisitiniň ösmegi bilen, bu çeşmäniň ähmiýeti hem ösýär. Salgytlary çäksiz girizmek jemgyýetde durmuş gapma-garşylygyny güýçlendirýär.

Döwletleriň býujet defisitiniň ösmeginiň sebäbi döwlet býujetleriniň çykdajy tarapyndan çalt ösmegi. Zaýomlary çeşme hökmünde uly möçberlerde ulanmak hem munuň bir sebäbidir. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda dürli ýyllarda federal býujetiň çykdajylarynyň 20%-e golaýy zaýomlaryň üsti bilen üpjün edilýär.

Döwlet zaýomlary – ilkinji orunda durýan girdeji çeşme. Ilki jemgyýetçilik ösüş döwründe bu çeşme çykgynsyz ýagdaý peýda bolanda ulanylýardy, uruş, krizis döwürlerinde we häzirki wagtda bu girdeji hemişeki ulanylýan çeşmedir.

Býujet defisitiniň peýda bolmagy bilen bagly bolan bu girdeji döwlet bergisini ösdürýär.

Gymmatly kagyzlary çykarmakdan peýda bolýan umumy döwlet bergi borçnamalarynyň jemine döwlet bergisi diýilýär. Ahyrynda býujetleriň çykdajy tarapynda ýörite döwlet bergilerini üzmäge ugradylýan möçberler ýylba-ýyl ösýär.

Hemişe ulanylmaýan çeşme bolup, karz pullaryň emissiýasy hem çykyş edýär. Emissiýa etmek hukugy diňe merkezi hökümet guramalaryna berilýär. Salgytlaryň möçberi ýetmezçilik etse, ssuda bazaryndaky ýagdaý hem zaýom çykarmaga amatly bolmadyk döwürlerde hökümet guramalary karz emissiýasyny ulanýarlar.

Pul dolanyşygyna gerekli pul möçberinden artyk çykarylýan pullar inflýasiýany güýçlendirýär. Onuň aňsatlygyna garamazdan, hökümetler bu çeşmäni döwlet býujetiniň defisitini ýapmak üçin çykgynsyz ýagdaýlarda ulanýarlar.

Daşary ýurtlaryň şu günki ösüş döwründe döwletiň orny uludyr. Döwletler uly emläk eýelerine öwrülmek bilen, inwestisiýa işlerini ýerine ýetirip, önümçilige, paýlanyş we sarp edilişe gatyşýar. Ykdysady we harby funksiýalary döwletler doly ulanyp gelýärler. Jemgyýetde ýüze çykýan gapma-garşylyklara garşy ýörite döwlet tarapyndan maliýeleşdirilýän sosial funksiýa hem ýerine ýetirilýär.

Döwlet çykdajylarynyň köp bölegi (70%-e golaýy) döwlet býujetiniň üstüne düşýär. Döwlet býujetiniň üsti bilen edilmeli harçlaryň ugurlary kanun tarapyndan tassyklanylýar.

Ýerli býujetleriň üsti bilen sosial çäreler hem-de ýerli hojalygy dolandyrmak meseleleri çözülýär. Olar munisipal gurluşygy alyp barmak, ýol hojalygy, hyzmat edaralary, jemgyýet transporty, magaryf harçlary, saglygy saklamak we ş.m. bilen bagly harçlardyr.

Döwlet kärhanalarynyň maliýesiniň üsti bilen kärhanalarda önümçilik üznüksiz dowam eder ýaly harçlar ulanylýar hem-de esasy kapitaly täzelemek we giňeltmek üçin ulanylýar.

Döwlet kärhanalarynyň hemişeki ulanýan harçlarynyň arasynda aýlyk üçin harçlar uly orun tutýar.

Ýöriteleşdirilen pul fondlary öz maksatlary boýunça ulanylýar. Olaryň arasynda sosial ätiýaçlandyryş, karz-zaýom amallary, ykdysady çäreler, milli walýutanyň kursuny goldamak we ş.m.-ler bar.

Amerikanyň bazarynyň netijeliligine söz ýok. Taryhy edähede görä, her bir uly şäheriň öz wagtynda gazna biržasy bolupdy, ýöne 1990-njy ýyla çenli iri gazna biržalarynyň diňe üçüsi galdy: Nýu-Ýork okrugynda Nýu-Ýorkuňky; Illinoýs ştatynda Çikagonyňky we Kaliforniýa ştatynda San-Fransiskonyňky. Ýerli möçberli bazarlar Massaçusets ştatynyň Boston şäherinde, Pensilwaniýa ştatynyň Filadelfiýa şäherinde galan, ýöne olarda söwdalar çäkli häsiýetde geçýär.

Birleşen Statlarda gymmatly kagyzlaryň bazarlary kapitalizmiň jany bolan müňlerçe fabrik-zawodlaryň, ylmy-barlag laboratoriýalaryň jaýlarynyň, uçarlaryň we deňiz gämileriniň gurluşyklaryny maliýeleşdirmek üçin ummasyz pul bilen üpjün edýär. Eger-de Birleşen Ştatlarda gymmatly kagyzlaryň bazarlary işlemedik bolsa, ony oýlap tapmaly bolardy. Dogrusy, soňky ýyllarda maýalaryň köp mukdary obligasiýa bazarlarynyň we beýleki taraplaryň hasabyna artdyrylan-da bolsa, gymmatly kagyzlaryň bazarlary täze kompaniýalary üçin maýany artdyrmakda gerekli serişde bolup durýandygyny köp subut edýärler.

Bazar ummasyz köp mukdardaky satlyga goýberilen paýnama ummasyz köp mukdarda isleg bildirýän alyjylary derrew tapmaga ukyply bolanda, netijeli hasaplanýar. Ol netijelilik, köplenç, bazaryň tehnologiýa taýdan üpjünligine bagly. Häzirki zaman gymmatly kagyzlar bazarlary, mysal üçin, Nýu-Ýorkdaky we Çikagodaky, köp babatda, kompýuterleşdirmeklige daýanýar. Gymmatly kagyzlar bazarlarynyň işleri köp halatlarda bir brokeriň sözüne ynanyşmagyna bil baglaýar. Brokerleriňki bolsa, öz gezeginde öz müşderisiniň ynamyna bagly. Kämahal ol ynamdan hyýanatçylykly peýdalanýarlar. Ýöne, XX asyryň ikinji ýarymynyň dowamynda federal hökümet halal we gümürtiksiz geleşikleriň berjaý edilmegi üçin möhüm rol oýnady.

Bu babatda gymmatly kagyzlar bazarlarynyň nähili işleýändiklerini düşündirmäge synanyşyk edilýär. Bu düşündiriş, köplenç, ownuk alyjynyň we paýnama satyjynyň garaýşyna salgylanyp ýazylýar. Ýöne şu ownuk alyjynyň bazaryň çalt duýgurlygyny üpjün etmeklige nähili ýardam edýänligini aňmak kyn däl.

Bu bazaryň şert ýörelgeleri-de, beýleki bazarlaryň şert ýörelgeleri-de meňzeş. Her alyjynyň öz satyjysy bolmaly. Alyjylaryň sany satyjylardan köp bolan halatynda, bahalar ýokarlanýar; alyjylaryň sany satyjylaryň sanyndan azalan wagtynda bolsa, bahalar peselýär.

Paýnamalara eýelik etmeklik möçbersiz uly hadysa, çunki olaryň eýeleri her gün, hatda her sagat gymmatly kagyzlaryň bazarynyň täleý-takdyryna gözegçilik edip bilýär. Maýadarlar özlerine gerek maglumatlary dürli ýollar bilen alýarlar. Eger-de olar bazarlaryň ýapylaryna garaşmak isleýän bolsalar, onda olar ýöne gymmatly kagyzlar bazarlaryndaky söwdalar barada maglumatlar ýerleşdirilen gündelik gazetleriň sahypalaryna seredip, geçen gezekki söwdada nämeleriň bolandygyny bilip bilýär. Gazetlerde köp sanly indeksler getirilmek bilen, söwdalaryň işeňňirligini giňden anyk görkezýär; ýazgylarda aýratynlykda paýnamalar-da berilýär, onda biržanyň ýapylyş pursadynda satylan paýnamalaryň sany, söwdanyň barşynda onuň iň ýokary we iň pes hümmeti görkezilýär. Biznese bagyşlanan ýörite telegepleşikler bazarlardaky iň soňky ýagdaýlar bilen tanyş edýärler. Söwdalaryň iň soňky minutlarynda nämeleriň bolýandygy barada maglumat almak isleýänler üçin kompýuterleşdirilen hyzmat gullugy şol pursadyň özünde diýen ýaly öýdäki telefon arkaly soralýan maglumaty berýär.

Maýadarlar şeýle hem zurnallara we maglumat býulletenlerine abuna ýazylýarlar. Ol zurnaldyr býulletenlere gymmatly kagyzlar bazarynda ähli paýnamalaryň, şol sanda özbaşdak paýnamalaryň, hereketine seljerme we geljekde söwdanyň nähili boljakdygyna çaklamalar berilýär.

Kompaniýa öz paýnamalaryny satandan soň, ol paýnamalar gymmatly kagyzlar bazarynda erkin satylýar we satyn alynýar, olaryň bahasy alyjydyr satyjynyň arasyndaky ylalaşyga laýyklykda, söwdanyň uzakly gününiň dowamynda kesgitlenýär. Ol islege we tekliplere bagly mesele. Seýlelik bilen, baha paýnamalary satýanlaryň we satyn alýanlaryň gelen umumy pikiri bilen baglanyşykly bolýar. Alyjylaryň paýnamalara näçe tölejegine täsir edýän görkezijiler şulardan ybarat:

- Biznesiň ýurduň tutuş ykdysadyýetine we jemgyýetçiligiň bu biznese ynamyna bagly bolan umumy ýagdaýy;
- Paýnamany goýberen kompaniýanyň duşewündiniň möçberi, düşewündiniň öň näçedigi we geljekde näçe boljagy hem-de kompaniýanyň maliýe ýagdaýy;
- Kompaniýanyň ösüşiniň we pese gaçyşynyň derejesi;
- Geljekki wagtlarda kompaniýanyň öz bäsdeşleri bilen göreşmäge we olara hötde gelmäge ukyby;
- Kompaniýanyň öndürýän önüminiň ýa-da edýän hyzmatynyň meşhurlygy, ol önümleriň ýa-da hyzmatlaryň geçiş bazarlarynyň giňelmegi ýa-da azalmagy;
- Gymmat bahaly kagyzlaryň möçberleri ýa-da bahasy;
- Bäsdeş maýadarlaryň diwidendleri bilen deňeşdireniňde, kompaniýanyň teklip edýän diwidendleriniň möçberi.

Ýokarky bölümleriň birinde belläp geçişimiz ýaly, kompaniýalar pul toplan wagtlarynda, adatça, öz düşewüntleriniň belli bir bölegini diwidendler görnüşinde paýdarlara töleýärler.

Gymmatly kagyzlar bazary we haryt bazary ykdysadyýetiň amerikan ulgamynda iňňän möhüm rol oýnaýar. Millionlarça adamlar gymmatly kagyzlaryň we harytlaryň az mukdaryny satyn alýarlar, bilelikdäki gaznalar we konsernler ummasyz möçberlerde satyn alýarlar. Bahalaryň galmagyna garaşylýan gowy wagtlar toplanan pullar we maýagoýumlaryň beýleki görnüşleri bazara dökülýär. Beýle ýagdaýda bahalar has-da ýokary galýar. Soňra, düzgüne görä, alyp-satmak amallarynyň döwri başlanýar, şonda bahalaryň galmagyndan hözir görüp, şondan pul ýasaýan alyp-satýanlar bazarda agalyk edýärler. Haçanda alyp-satýanlaryň gyzza-gyzzalygyna döz gelinmedik ýagdaýynda, onuň garşysyna hereket edilýär, satylýan harytlar köpelýär, bahalar peselýär. Bu pursatda «aýylar» – ýagny, bahanyň pese gaçmagyndan pul ýasaýanlar başlaýarlar.

Şeýle ýagdaýlar dörän wagtynda Federal ätiýaçlyk ulgamynyň iş dolandyryjylar geňeşi artykmaçlyklary çäklendirmäge synanyşyp bilýärler we maržany artdyrmak ýa-da azaltmak ýoly bilen bazary

höweslendirip ýa-da bökdäp bilýär. Gysga wagtlyk birža dowulyndan şeýle-de, «insaýderler» (gizlin maglumatda gulluk wezipesinden peýdalanýan adamlar) peýdalanýarlar. Olar bu ýagdaýda gymmatly kagyzlar bazarlarynda her hili pyssy-pujurlygy etmäge synanýarlar. Eger-de öň beýle kanundan çykmalar giňden ýaýran bolsa, indi gymmatly kagyzlar we biržalar boýunça komissiýanyň işeňňir syýasaty netijesinde beýle ýaramaz hadysa iňňän seýrek duş gelýär.

Ýurduň ykdysadyýetinde daşary ýurtlardan goýulýan maýa goýumlary-da bazarda möhüm faktlaryň biridir. Amerikanyň gymmatly kagyzlar bazarynda diňe Aziýanyň nebit pullary özlerine ýol açman, oňa Ýewropanyň, Ýaponiýanyň we dünýäniň beýleki ýurtlarynyň köp adamlary pul goýmak üçin gowy mümkinçilik hasaplap, pullaryny Birleşen Ştatlaryň gymmatly kagyzlaryna goýýarlar. Amerikanyň ykdysadyýetine pul goýmaklyga şeýle ýokary gyzyklanma 1980-nji ýyllaryň başlarynda amerikan dollarynyň hümmetiniň ýokarlanmagy bilen düşündirilýär. Amerikan dollarynyň hümmetiniň ýokarlanmagy bolsa, öz gezeginde indi birsydyrgyn birnäçe onýyllyklar bäri gymmatly kagyzlaryň bahasynyň (gymmatynyň) kem--kemden ýokarlanýanlygy bilen düşündirilýär.

1987-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda, duşenbe güni bütin dünýäde paýnamalaryň gymmaty pese gaçdy. Dou-Jonsuň senagat kompaniýalarynyň paýnamalary üçin indeksine (Birleşen Ştatlarda bazarlaryň işeňňirligini ölçeýän esasy indeks) laýyklykda, olaryň gymmaty 508,32 punktdan, söwda ýapylanda 1738,42 punkta ýetipdir. Paýnamanyň gymmatynyň 22%-lik pese gaçmagy 1914-nji ýyldan soň iň uzak günlük pese gaçma boldy. Beýle pese gaçmanyň sebäbini derňemek üçin Prezident ýörite komissiýa döretdi, komissiýanyň özi hem-de Gymmatly kagyzlar we biržalar boýunça komissiýa bolsa öz hasabatlaryny çap etdiler.

Bu pese gaçma Birleşen Ştatlaryň federal býujetiniň ýagdaýynyň we halkara söwdasynda gytçylygyň bolmagynyň maýadarlary howsala salandygynyň sebäp bolandygyny görkezdi. Şeýle-de, oňa Birleşen Ştatlaryň maliýe ministriniň daşary ykdysady syýasaty ýiti

tankytlan kommentarisi sebäp bolupdyr we Reýganyň administrasiýasy beýleki walýutalar bilen deňäniňde, amerikan dollarynyň hümmetiniň pese gaçmagyna öz täsirini ýetiripdir. Ýöne köp analitikleriň we Prezident komissiýasynyň pikiriçe, pese gaçmanyň esasy sebäbi Uoll Striddäki täzelik – söwdanyň programmirlenen şertlerde geçirilmeginiň fakty bolupdyr. Beýle söwdada belli bir ýagdaýlara alynýandygy ýa-da satylýandygy baradaky programma kompýuterlere goýulýar.

Bazar mehanizmlerini öwrenmek boýunça ýörite Prezident topary atlandyrylan, ýöne Breýdiň komissiýasy ady bilen mälim bolan komissiýa-da Nýu-Ýorkuň gazna biržasynyň amallar jaýynyň «hünärmenlerini» tankytlady. Komissiýanyň kesgitleýşine görä, bu pul paýlaşyjylaryň öz borçlaryna äsgermezlik etmekleri we juda zerur bolan ýagdaýda alyjy bolmandyr, şeýle hem uşak maýadarlara ýeterlik üns berilmändir. Gymmatly kagyzlar we biržalar boýunça komissiýa-da söwdany kompýuterleşdirmeklige, biržalaryň hünärmenleriniň tankydyna goşuldy, şeýle hem maýadarlaryň düşünjesindäki ýaramaz özgerişlige salgylandy. Breýdiň komissiýasy-da, Gymmatly kagyzlar we biržalar boýunça komissiýa düzgünleşdiriji çäreleri güýçlendirmeklige çagyrdy.

Nýu-Ýork gazna biržasy 1988-nji ýylyň 4-nji fewralynda öz ulgamlarynda senagat paýnamalary boýunça Dou-Jonsuň indeksi bir günde 50 punkt ýokarylanan ýa-da pese gaçan halatynda paýnamalary satyn almak-satmak barada brokerlere elektron buýruklary ulanmaklygy gadagan edýän perman çykardy.

Gymmatly kagyzlar bazary kem-kemden kadalaşdy we ýokary galyp başlady, senagat paýnamalary üçin Dou-Jonsuň indeksi bolsa 1990-njy ýyllaryň başynda 3000-e ýetdi. Ýöne gymmatly kagyzlar bazarlary iňňän durnuksyz bolup biler we wagtal-wagtal bahalaryň güýçli üýtgäp durmagy mümkindir.

Amerikada köp zady karzyna satyn alýarlar, şonuň ýaly-da paýnamalar hem karzyna satylýar. Maýadarlar ýarty bahasyny töläp, paýnamany satyn alyp, galanyny karzyna hasaplaşýarlar. Muňa

9. Sargyt № 817.

maržanyň hasabyna 50%-e satyn almak diýilýär, ýagny onuň bölekleýin 50% bahasy tölenýär. Galan bahasy broker edarasynyň haýryna belli bir göterimi üstüne tölenilip karz alynýar, paýnamalaryň sertifikatlary bolsa brokerde howpsuzlyk, kepillik üçin saklanýar. ABŞ-nyň Federal ätiýaçlyk ulgamynyň iş dolandyryjylar geňeşi maržanyň pes möçberini kesgitleýär, ýagny, ähli satyn alnan paýnamalar üçin nagt tölemeli puluň göterimini kesgitleýär. Maržanyň pes möçberi gymmatly kagyzlar bazarynyň oňa zerurlygyna ýa-da oňyn alyp-satarlyk höwesini saklamalydygyna baglylykda özgerýär.

Eger-de bahasy galanlygy sebäpli maýadar öz paýnamasyny satýan bolsa, ondan düşewünt alýar we brokere karz alan puluny göterimi bilen töleýär we komission hakyny berýär. Eger-de paýnamanyň bahasy peselen bolsa, broker goşmaça töleg geçirmek barada talapnama ýazyp bilýär. Eger-de paýnama saklaýanyň goşmaça bellenen summany nagt tölemäge gurbaty çatmaýan bolsa, onda onuň paýnamasynyň bir bölegi satylýar we paýnama eýesi zelel çekýär.

Marža satyn almaklyk boýunça alyp-satarlara (gymmatly kagyzlaryň hümmetiniň tapawudyna humar oýnaýan täjirlere) öz amallarynyň gerimini giňeltmäge mümkinçilik berýär. Elinde bolan nagt puly bilen olar köp mukdarda paýnama satyn alyp bilýärler, paýnamalar bolsa öz gezeginde olara düşewünt getirip biler ýa-da şol bir wagtda ähli zadyny ýitirmek gorkusy-da bar.

Federal ätiýaçlyk ulgamynyň iş dolandyryjylar geňeşi wagtal-wagtal 100% marža talap edýär, ýagny, ähli paýnamalara nagt pul bilen tölemeli bolýar.1950-nji ýyllarda, mysal üçin, maržanyň derejesi iň pes ýagdaýynda 50% bolanlygyndan iň ýokarsy 90% aralygynda özgerip durdy. Elbetde, pes ýagdaý paýnamany satyn almaklyga höweslendirýär, ýokary bolanda muňa päsgel berýär.

Ähli maýadarlaryň, esasy, birinji nobatdaky wezipesi, eden söwdasynyň howpsuzlygydyr. Olar, töwekgelçilik etmejek bolup, az diwidendlere razy bolýarlar. Alyp satarlar bolsa, tersine, düzgün bolşy ýaly, birnäçe aýyň, hatda günüň dowamynda öz

paýnamalarynyň gymmatynyň üzül-kesil ýokarlanmagyny isleýärler. Olary söwda pursadyndaky girdejiler däl-de, paýnamalaryň geljegi köp gyzyklandyrýar. Gymmatly kagyzlar bazarynda ýagdaýyň üýtgejegini öňünden aňmany başarýanlygyna ynamy bolan adamlar paýnamalary bahalar galmazyndan öň satyn almaga, bahalar peselmezinden öňem satmaga çalyşýarlar.

Daşary döwletlerde býujet ýetmezçiliginiň öwezini dolmagyň we dolandyrylyşynyň üç sany, ýagny, salgytlary goşmaça girizmek, döwlet zaýomlaryny çykarmak hem-de karz emissiýasyny ýerine ýetirmek ýaly, esasy çeşmeleriniň bardygy, şeýle-de, olaryň dolandyrylyşy barada takyk maglumatlara esaslanylyp, giňişleýin ýazylyp beýan edildi.

# V BAP. DAŞARY DÖWLETLERIŇ DÖWLET KARZY

## 5.1. Döwlet karzynyň mazmuny we ähmiýeti

Jemgyýetiň köpdürli isleglerini üznüksiz maliýeleşdirmek maksady bilen döwlet öz çykdajylarynyň üstüni ýapmak üçin hojalyk gurluşynyň erkin maliýe serişdelerini we ilatyň pul serişdelerini çekip bilýär. Ýurduň içinde döwlet karz amallary amala aşyrylanda, döwlet, köplenç, karz alyjy, ilat, kärhanalar we guramalar bolsa karz beriji bolup çykyş edýärler. Halkara ykdysady gatnaşyklar gurşawynda döwlet hem karz alyjynyň, hem-de karz berijiniň ornunda çykyş edýär.

Döwlet karzynyň aýratynlygy karz berilýän serişdeleriň gaýtaryp berilmeginden, möhletlilikden we tölegliliкden ybaratdyr. Karz pullar gaznasy giňeldilen üznüksiz önümçilik möwritiniň bökdençsizligini we onuň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, kärhanalary we guramalary karzlaşdyrmak üçin ulanylýar. Karzy hususy taraplar hem alyp bilýärler. Karz pullar gaznasynyň netijeli ulanylmagy hojalygy alyp barýan subýektleriň bank tarapyndan karzlaşdyrmanyň tapawutlandyryjy alamatydyr. Karz serişdeleriniň kapital hökmünde ulanylmagy karzy üzmek we öndürilýän goşmaça önümiň gymmadynyň köpelmeginiň hasabyna göterimleri tölemek üçin şert döredýär.

Döwlet karzy – bu sap jemgyýetçilik önüminiň we milli baýlygyň bir böleginiň gymmadynyň ikinji derejede paýlaşdyrylyşynda emele gelýän gatnaşyklardyr. Döwlet karz gatnaşyklarynyň ulgamyna paýlaşdyrylyşyň ilkinji derejesinde emele gelýän girdejileriň we

gaznalaryň diňe bir bölegi düşýär. Oňa, köplenç, häzirki sarp edilişe niýetlenmedik ilatyň, kärhanalaryň we guramalaryň pul serişdeleri degişlidir. Ýöne takyk şertlerde ilat we zähmetkeş kollektiwler häzirki sarp edilişiň çäklendirilmegine-de oýlanyşykly boýun bolýarlar. Bu ýagdaýda bolan önümçilik we durmuş çykdajylaryň maliýeleşdirilmesine niýetlenen serişdeler döwlet karzynyň çeşmesidir.

Ykdysadyýetde puluň mukdary ykdysadyýetiň ýagdaýyny kesgitleýän esasy mesele bolup durýar – sebäbi ol bahanyň derejesine, ykdysady ösüşiň derejesine we işsizligiň derejesine öz täsirini ýetirýär. Pul haryt satylanda, alnanda hem hyzmatda alyş-çalyş serişdesi we baha kesilende, bergi-borçda ölçeg birligidir. Puly adamlar eýeçilik-mülk ýa-da altyn-kümüş ýaly baýlyk hökmünde-de, elpe-şelpeligiň gory hökmünde-de, geljekki satyn aljak zatlarynyň zerurlygy hökmünde-de peýdalanýarlar.

Birleşen Ştatlarda şaýylyk (metal) hem kagyz pullar bar. Federal kanuna laýyklykda, diňe Maliýe ministrliginiň we federal ätiýaçlyk ulgamynyň pul goýbermäge hukugy bar. Maliýe ministrligi metal puly zikgeleýär. Federal ätiýaçlyk ulgamy bilen Maliýe ministrligi öz kagyz pullaryny goýberýär: federal ätiýaçlyk bankynyň banknotlary Birleşen Ştatlaryň banknotlaryna gabat gelýär. Birleşen Ştatlaryň pulunda «Biz Hudaýa ynanýarys» diýen resmi milli şygar ýazylan.

Şaýylyk pullar olaryň gymmatynyň dollaryň gymmatyna göterim degişliliginde dürli möçberlerde goýberilýär; penni – bir sent ýa-da bir dollaryň ýüzden bir bölegi; nikel – bäş sent ýa-da bir dollaryň ýüzden bäş bölegi; moneta on sent ýa-da bir dollaryň ýüzden on bölegi; 25 sentlik şaýylyk – bir dollaryň dörtden biri; 50 sentlik şaýylyk – ýarym dollar.

Birleşen Ştatlarda goýberilýän kagyz pullar, esasan, Federal ätiýaçlyk ulgamynyň ýurduň 12 federal rezerw banklarynda çap edilýän banknotlaryndan ybarat. Ol banknotlar 1, 2, 5, 10, 20, 50 we 100 dollarlyk möçberlerde goýberilýär. 1969-njy ýyla çenli federal rezerw banklar 500, 1000, 5000 we 10 000 dollarlyk banknotlary-da goýberdiler.

Birleşen Ştatlaryň Maliýe ministrligi ýurtda ýeke başga puly – 100 dollarlyk kagyz puly goýberýär. Birleşen Ştatlaryň banknotlaryda, Federal ätiýaçlyk ulgamynyň banknotlary-da Birleşen Ştatlaryň Maliýe ministriniň we gaznaçysynyň goly bilen goýberilýär.

Pul massasy haryt önümçiligine ýa-da hökümetiň goýberýän altyn bilen üpjün edilmedik kagyz pullaryna esaslanýar. Haryt pullary, adatça, gymmat bahaly metallar bilen, hususan-da, altyn ýa-da kümüş bilen üpjün edilen. Ýurtda haryt pullary peýdalanylan wagtynda dolanyşykda bolan pul massasynyň möçberi öndürilen harydyň gymmaty hem-de önümçiligiň derejesi bilen kesgitlenilýär. 1800-nji ýyllaryň ahyrynda we 1900-nji ýylyň başlarynda Birleşen Ştatlarda pul massasy standart altyn bilen üpjün edilýärdi, ýagny, hökümet öz walýutasyny altynyň belli bir mukdary bilen satyn almagy wada etdi.

Altyn bilen üpjün edilmedik kagyz pullaryň içki gymmaty bolmaýar. Olaryň bahasy diňe olary adamlaryň kabul edýänligi bilen bagly. Altyn bilen üpjün edilmedik kagyz pullara bolan islegi ýokarlandyrmak üçin hökümet walýutany kanuny töleg serişdesi edip bilýär, bu halkyň puly kanun esasynda nominal bahadan almaklygy soraýandygyny aňladýar diýmekdir. Häzirki wagtda Birleşen Ştatlarda altyn bilen üpjün edilmedik kagyz pullar ulgamy hereket edýär, şolara laýyklykda, milli hökümet öz merkezi bankynyň – Federal ätiýaçlyk ulgamynyň üsti bilen ýurtdaky pul dolanyşygyna gözegçilik edýär. Birleşen Ştatlarda walýuta kanuny töleg serişdesidir.

Ýöne Birleşen Ştatlarda pul massasy diňe metal (şaýylyk) we kagyz pullardan ybarat däldir. Gysga möhletli goýumlar-da özboluşly pul görnüşi hasaplanylýar, sebäbi adamlar çek ýazmak üsti bilen olary sowýarlar. Ýurtda, hakykatynda, tölegleriň dörtden üçüsi çekleriň hasabyna geçirilýär. Täjirçilik banklary ssuda beren wagtlarynda, olaryň depozit hasaplary boýunça ssuda alyjylara goşmaça karz bermek arkaly banklar gündelik deponirlenen pullary döredip bilýärler. Federal ätiýaçlyk ulgamy öz talaplaryna we düzgünnamalaryna esaslanyp, ol dörän pullara gözegçiligi üpjün edýär. Ol düzgünnamalar bolsa täjirçilik banklarynyň pullary seýflerde

ýa-da depozitler boýunça öz borçlaryna kesgitlenen iň pes derejede federal ätiýaçlyk banklarynyň depozit hasaplarynda saklamagyny talap edýär. Şeýlelikde, ätiýaçlykdaky dollaryň mukdaryna gözegçilik etmek bilen, Federal ätiýaçlyk ulgamy bank ssudalary boýunça dollaryň möçberine-de gözegçilik edýär.

Ykdysatçylar hasaplamalarda haýsy aktiwleriň goşulyp hasaba alynýandygyna baglylykda pul massasynyň möçberini dürli ýollar arkaly ölçeýärler. Bir ölçege laýyklykda, hasaplaryň göterimleri boýunça çek hasabatlary hökmünde peýdalanylyp bilinjek ähli depozitler hasaba alynýar. Beýleki ölçeg boýunça satyn alynýan zatlar üçin awtomatiki konwertirlenmeýän hasaplar hasaba alynýar. Banklar, ol hasaplardan pullaryň hasapdan çykarylýandygy barada öňünden habar berilmegini talap edip bilýärler.

Haçanda pul massasy artan wagtynda, adamlarda harçlamak üçin köp pul toplanýar, harytlara we hyzmatlara isleg artýar. Isleg artanda-da kärhanalar önüm goýberilişini artdyrmak üçin goşmaça işçileri hakyna tutýarlar. Bu ykdysady ösüşiň adaty ýörelgesi. Ýöne, önüm öndürilişi islegden yza galsa, bahalar ýokarlaýar. Eger-de yzygiderli ýokarlap gidip otursa, ol inflýasiýa getirýär. Bu ýagdaý girdejileri inflýasiýanyň derejesi bilen deň ösmeýän adamlar üçin uly meselä öwrülýär.

Federal ätiýaçlyk ulgamy Fed ady bilen-de mälimdir – ol Birleşen Ştatlaryň garaşsyz döwlet uprawleniýesidir.

Federal ätiýaçlyk ulgamy 12 sany sebitara Federal ätiýaçlyk bankyndan we ol banklaryň 25 bölümlerinden ybarat. Ähli çarter täjirçilik banklary, kanuna laýyklykda, Federal ätiýaçlyk ulgamynyň agzalary bolmaly; döwlet çarter banklary üçin oňa agza bolmak hökman däl. Umuman, Federal ätiýaçlyk ulgamynyň agzasy bolan ätiýaçlyk bankyndan öz sebitinde edil aýry-aýry adamlaryň öz etraplaryndaky bankdan peýdalanyşy ýaly peýdalanýar.

Federal ätiýaçlyk ulgamyny Birleşen Ştatlaryň Prezidenti tarapyndan bellenilýän ýedi adamdan ybarat bolan Federal ätiýaçlyk ulgamynyň iş dolandyryjylar geňeşi dolandyrýar. Ol bellenen adamlar 4 ýyl gulluk edýärler. Federal ätiýaçlyk ulgamy gönümel Kon-

grese hasabat berýän-de bolsa, Iş dolandyryjylar geňeşi Kongresiň we Prezidentiň syýasy zor salmasyna garaşsyzdyr. Ýöne, geňeş öz syýasatyny administrasiýanyň we Kongresiň syýasaty bilen ugurdaş alyp barmalydyr. Şeýle-de, Federal ätiýaçlyk ulgamy Kongresiň maliýeleşdirmegine garaşly däl; ulgama öz ähli çykdajylaryny maýa goýumdan girýän girdejilerine we edýän hyzmatlary üçin töleglere salgylanyp artdyrýar. Eger-de düşýän düşewünt bilen jemgyýetçilik bähbitlerine hyzmat etmegiň arasynda dawa ýüze çykaýsa, onda Fed düzgün boýunça soňkynyň tarapyny çalýar.

Wagtyň geçmegi bilen, Fed-iň wezipesi-de özgerdi. 1912-nji ýylda Kongres tarapyndan esaslandyrylan Federal ätiýaçlyk ulgamy ilkibaşlarda bank ulgamyna gözegçilik etmek we şu döwürde wagtal-wagtal dörän bank dowullaryny ýok etmek bilen meşgullanýardy. 1930-njy ýyllarda geçen durgunlyk netijesinde Kongres Fed-e rezerw talaplaryny üýtgetmäge we gymmatly kagyzlar bazarynda maržalary düzgünleşdirmäge ygtyýar berdi. Kem-kemden maliýe heläkçiliginiň howp salýandygy öňünden aňylan wagtynda, Fed-i goldaýan goşmaça kanunlar kabul edildi.

Ikinji jahan urşy ýyllarynda Federal ätiýaçlyk ulgamynyň wezipesi Maliýe ministrligine pes göterim derejeleri bilen karz almaga kömek etmek boldy. Koreýa urşy başlanyp, täjirçilik banklarynyň gymmatly kagyzlaryny ummasyz mukdarda satmaga başlanlarynda, bahasyny pese gaçyrmazlyk üçin Fed olaryň köp möçberini satyn aldy. Ýöne, Fed Maliýe ministrligi bilen Federal ätiýaçlyk ulgamynyň syýasatynyň Maliýe ministrliginiň maliýeleşdirilmeginiň oňa tabyn däldigi barada ylalaşyk baglaşyp, öz garaşsyzlygyny aldy.

1951-nji ýyldan soň Fed ykdysady işeňňirligiň pese gaçýan wagty goýumlaryň pes göterimlerini saklamaga çalşyp we ykdysadyýetiň okgunly ösüş döwründe ol göterimleri galdyryp, içerki ykdysady durgunlygyň meseleleri bilen has köp maşgullanyp başlady. 1950-nji ýyllaryň ahyrlarynda Fed bahanyň durnukly bolmagyna we pul goýbermekligi çäklendirmeklige üns berdi. 1960-njy ýyllarda bolsa onuň syýasaty doly işlilige we önüm öndürmegi artdyrmaklyga gönükdirildi.

1970-nji ýyllaryň dowamynda karzlary bermeklik üzül-kesil artdy we ýurdy inflýasiýa tutdy. 1979-njy ýylda Federal ätiýaçlyk ulgamy pul massasyna has gazaply gözegçilik etmek syýasatyna geçdi. Bu syýasat üstünlige eýe boldy, ol pul massasynyň azalmagyna, karz bermekligiň azalmagyna we inflýasiýanyň derejesiniň peselmegine getirdi. Ýöne ol, şeýle hem, 1980-nji ýyllaryň başlarynda ykdysady işeňňirligiň peselmegine-de ýardam etdi. 1982-nji ýylda Fed ýene--de pul massasynyň köpelmegine gözegçilik etmegini has berkitdi we goýum göterimlerini azaltmak boýunça işler geçirip başlady.

Federal ätiýaçlyk ulgamynda ykdysadyýetiň pul massasynyň karzlaryň umumy möçberine gözegçilik etmek üçin üç serişdesi bar. Birinjisi – hasaba alyş goýumy (diskont goýumy), ýagny, täjirçilik banklarynyň ätiýaçlyk banklarynyň beren karzlary üçin töleýän stawka prosentleri. Hasaba alyş goýumlaryny köpeltmek ýa-da azaltmak bilen, Fed karzlary köpeltmäge ýa-da azaltmaga ýardam edip bilýär we şeýlelik bilen, öz karzlary üçin banklaryň alýan girdejileriniň summasyny üýtgedýär.

Ikinji serişde – rezerw talaplarydyr. Bu federal ätiýaçlyk ulgamy tarapyndan kesgitlenen depozit göterimlerdir. Ol göterimleri ätiýaçlyk banklary ýa-da sebitara ätiýaçlyk banklarynyň seýflerinde walýuta görnüşinde deponirlemeli. Bu göterimleri karz bermek üçin peýdalanmak bolmaýar. 1980-nji ýylda Federal ätiýaçlyk ulgamy depozitleri alýan ähli maliýe institutlary üçin rezerw talaplary ýola goýmaga ygtyýar aldy.

Üçünji serişde – megerem, bu iň esasydyr, açyk bazarda kredit operasiýalary hökmünde belli. Bu – döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almak we satmakdyr. Haçanda Federal ätiýaçlyk ulgamy banklardan, beýleki kärhanalardan we aýry-aýry adamlardan döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn alanda, onuň bilen ol çek arkaly hasaplaşýar. Ol çek bankda deponirlenen wagtynda, täze ätiýaçlyklary döredýär, ol ätiýaçlygyň belli bir bölegini karz berip ýa-da inwestirläp bolýar, şeýlelikde, pul massasy artýar.

Bu gözegçilik serişdeleri Federal ätiýaçlyk ulgamyna ýurduň ykdysadyýetinde puluň mukdaryny artdyrmaga ýa-da azaltmaga

mümkinçilik berýär. Pul köpelen halatynda, şoňa laýyklykda, ony karz bermäge-de mümkinçilik köpelýär, karz has «erkin» bolýar we olaryň goýum derejeleri-de pese gaçýar. Umuman, eger-de goýum göterimleri peselse, kärhanalaryň we alyjylaryň çykdajylary artýar. Haçanda, karz bermäge pul az bolanda, onda kredit bermekligi hem has «çäklendirmeli» bolýar, olaryň göterim derejeleri bolsa ýokarlanýar. Puluň ýetmezçiligi inflýasiýa garşy göreşiň iň güýçli serişdesi hasaplanylýar.

Ýöne belli bir faktorlar belli bir maksatlar üçin pul-kredit syýasatyny geçirmekde Federal ätiýaçlyk ulgamynyň mümkinçiligini çylşyrymlaşdyrýar. Ilkinji nobatda, pul massasynyň üýtgeýänliginiň ykdysadyýete haýal etmän täsirini ýetirmeýänligi üçin pul-kredit syýasatyny takyk geçirmek kyn bolýar. Pul massasynyň azalmagy ýa-da köpelmegi, beýleki ykdysady şertler özgerýänçä, öz täsirini ýetirip bilmezligi mümkin; täze şertler pul massasynyň özgermegi bilen özara täsirini ýetirip biler. Hakykatda, bahany durnuklaşdyrmak maksady bilen pul-karz syýasatyny geçirmek boýunça edilýän tagallalar doly işliligi gazanmak babatda geçirilýän tagallalary kynlaşdyrýar, şol bir wagtda, işsizligi azaltmak maksady bilen pul-karz syýasatynyň geçirilmegi kä halatlarda inflýasiýalara getirdi. Üstesine-de, ýurduň töleg balansyndaky kynçylyklar bilen baglanyşykly pul-karz syýasatynyň wezipeleri-de çylşyrymlaşýar. Şol sebäplere görä-de, Federal ätiýaçlyk ulgamy pul massasynda kem-kemden özgerişlik etmek bilen, örän seresaply hereket etmeli bolýar.

## 5.2. Içerki we daşarky döwlet karzy

Döwlet karzy içerki we daşarky bolup bilýär. Döwlet çykdajylarynyň esasy bölegi milli walýutada amala aşyrylýar, şonuň içerki döwlet karzy artykmaç ähmiýete eýe bolýar. Ýöne zähmetiň halkara bölünişigi, tehnologiýalar we ylmy-tehniki taslamalar bilen alşyp-berşilmegi, daşary ýurtlara maliýe komeginiň berilmegi – bularyň ählisi halkara döwlet karzynyň intensiw ösüşini şertlendirýär. Döwlet

karz gatnaşyklarynyň ulgamyna şertli döwlet karzy hem goşulýar, onda daşary ýurt karz alyjylaryna, hakimiýetiň ýerli organlaryna, döwlet birleşiklerine berilýän karzlar boýunça döwlet kepilçi bolup çykyş edýär.

Döwlet karzynyň hereket etmegi döwlet bergisiniň döremegine getirýär. Düýpli döwlet bergisi – bu döwlet tarapyndan çykarylan we üzülmedik bergi-borçnamalaryň, şol sanda bu borçnamalar boýunça tölenmeli göterimleriň ähli jemidir. Häzirki döwlet bergisi – bu ähli bergidarlyk borçnamalary boýunça karz berijilere girdejileri tölemek boýunça hem-de tölenmeli möhleti ýetmedik borçnamalary üzmek boýunça döwletiň edýän çykdajylarydyr.

Içerki döwlet karzy şu aşakdaky görnüşlerde çykyş edip bilýär:

Döwlet zaýomlary, ilatyň goýumlarynyň bir böleginiň döwlet zaýomlarynda dolanmagy, umumydöwlet karz pullar gaznasynyň serişdelerinden karz almaklyk, gazna karz pullary, kepillendirilen zaýomlar.

Döwlet karzynyň görnüşleri hökmünde döwlet zaýomlary ilatyň, kärhanalaryň we guramalaryň wagtlaýynça erkin serişdelerini, gaznaçylyk borçnamalaryny, obligasiýalary we döwletiň başga gymmat bahaly kagyzlaryny çykarmak we ýerleşdirmek ýoly bilen jemgyýetçilik isleglerini maliýeleşdirmäge çekýänligi bilen häsiýetlendirilýär.

Obligasiýa – gymmat bahaly kagyzlaryň iň bir ýaýran görnüşidir. Ol döwlet bergidarlyk borçnamasyny alamatlandyrýar we takyk möhletiň geçmegi bilen, onuň eýesine berginiň jemini we göterimleri yzyna almaga hukuk berýär. Obligasiýalary satyp, döwlet takyk möhletde göterim bilen berginiň jemini gaýtaryp bermäge ýa-da karz alnan serişdeleriň ulanylan möhletiniň ähli dowamynda göterimleri tölemäge, bu möhlet gutarandan soň bolsa, berginiň jemini gaýtaryp bermäge borçlanýar.

Döwlet obligasiýalarynyň narisatel (nominal) gymmatyny takyklaýar. Obligasiýalaryň narisatel gymmaty obligasiýada bellik edilýär we bu bellik obligasiýalaryň saklaýjylary tarapyndan döwlete wagtlaýynça peýdalanmaga beren pul jemini aňladýar, obligasiýa

üzülen pursadynda hut şu jem obligasiýanyň eýesine tölenýär we oňa göterimler hasaplanýar. Ýöne obligasiýalaryň hakyky girdejililigi onuň saklaýjylary üçin kesgitlenilen nominal göterimden ýokary ýa-da pes bolmagy ähtimaldyr. Bu obligasiýalaryň narisatel gymmatyndan üýtgeýän baha boýunça satylýandygy bilen şertlendirilýär.

Üýtgemeler hümmet tapawudy diýlip atlandyrylýar we ol birnäçe faktorlara baglydyr. Olara, mysal üçin, obligasiýalar boýunça nominal göterimiň ululygy, döwlet gymmat bahaly kagyzlar bilen bazaryň dolulygy, hojalyk bäsdeşliginiň bazary, ilatyň hökümete bolan ynamynyň derejesi degişlidir. Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen 1994-nji ýyldan 2004-nji ýyla çenli döwlet zaýomy çykaryldy. Maýadarlar bolup hem ýuridiki hem-de fiziki toparlar çykyş edýärler. Obligasiýalaryň iň pes narisatel gymmaty 1000 manat bolup, 200 million manatlyk umumy jemi çykaryldy. Obligasiýalar boýunça tölegler her ýylda iň pes gymmatyndan 5% möçberinde tölenilýär. Göterim möçberleri her ýylda tölenilýär.

Gazna borçnamalary döwlet gymmat bahaly kagyzlaryň başga bir hereket edýän görnüşidir. Obligasiýalaryň satylmagyndan ýygnalýan serişdeler býujet gaznasyna, býujetden daşary gaznalara ýa-da öňünden niýetlenen maksatlara gönükdirilýär. Döwlet zaýomlarynyň obligasiýalary boýunça girdeji göterim görnüşinde, utuşlar görnüşinde tölenilip bilinýär ýa-da düýbünden tölenmän hem bilinýär (maksatly zaýomlar boýunça). Gazna borçnamalarynyň çykarylyşynyň şertlerine laýyklykda, girdejiler göterim görnüşinde tölenýär. Obligasiýalar erkin dolanyşykly we çäklendirilen dolanyşykly bolup bilýärler, gazna borçnamalary bolsa diňe bir ilatyň arasynda ýerleşdirmäge degişlidir. Döwlet karzynyň görnüşleri hökmünde umumy döwlet karz pullar gaznasynyň serişdelerinden karz almaklyk döwlet karz guramalarynyň karz serişdeleriniň bir böleginiň hökümetiň çykdajylarynyň üstüni ýapmaga gös-göni geçirilýändigi bilen häsiýetlendirilýär.

Döwlet karzynyň görnüşi hökmünde gaznaçylyk karz pullary möhletlilik, töleglilik we gaýtaryp bermeklik şertlerinde býujet serişdeleriniň hasabyna döwlet häkimiýetiniň ýa-da dolandyry-

lyşynyň organlary tarapyndan kärhanalara, guramalara maliýe kömeginiň berilmegini aňladýar. Gaznaçylyk karz pullary boýunça hereket edýän gatnaşyklar karzyň analogy däldir, sebäbi hojalyk hasaplaşygynda işleýän bank gurluşlaryndan tapawutlylykda, döwlet häkimiýetiniň we dolandyrylyşynyň guramalary maliýe kömegini başga şertlerde, başga sebäpler boýunça we başga maksatlar üçin berýärler.

Gazna karz pullary ýeňillik şertlerinde möhletlilik we göterim derejeleri boýunça berilýär. Olar kärhanalaryň we hojalyk guramalarynyň bazarda adatdan daşary ýagdaýynyň bolmanlygy ýa-da ýurtda ykdysady ýagdaýyň çylşyrymlaşmagy, kärhanalaryň maliýe ýagdaýynyň kynlaşmagy sebäpli olara berilmegi mümkindir. Olaryň täjirçilik maksady ýok, karz pullar halk hojalygy üçin möhüm bolan strukturalary goldamagyň guraly hökmünde ulanylýar.

Aýry ýagdaýlarda hökümet aşakda duran häkimiýet we dolandyrylyş guramalary ýa-da aýry hojalyk guramalary tarapyndan çykarylýan zaýomlaryň üzülmegini, şeýle-de olar boýunça göterimleriň tölenilmegini kepillendirip bilýär. Bu ýagdaýda gürrüň şertlendirilen döwlet karzlary, ýagny kepillendirilen zaýomlar hakynda gidýär. Kepillendirilen zaýomlar boýunça töleýji diňe bir tölege ukypsyz ýagdaýynda hakyky maliýe jogapkärçiligini öz üstüne alýar.

## 5.3. Döwlet bergisiniň dolandyrylyşy hakyndaky umumy düşünje

Karz berijilere girdejileri tölemek we zaýomlary üzmek boýunça, öň çykarylan zaýomlaryň şertlerini üýtgetmek, täze döwlet gymmat bahaly kagyzlaryň çykarylyşynyň şertlerini takyklamak boýunça geçirilýän çäreleriň jemi döwlet bergisiniň dolandyrylyşy diýlip düşündirilýär.

Zaýomlar boýunça girdejileriň tölenilişi we olaryň üzülişi býujet serişdeleriniň hasabyna geçirilýär. Ýöne döwlet bergileriniň we býujet kynçylyklarynyň ep-esli ösen şertlerinde, döwlet öz bergisiniň gaýtadan maliýeleşdirilmesine geçip bilýär. Täze zaýomlary çykar-

mak ýoly bilen döwletiň köne bergileriniň üzülmegine gaýtadan maliýeleşdirme diýlip düşündirilýär.

Zaýomlaryň utuş tiražlarynyň, şeýle-de utuşlar we göterimli zaýomlar boýunça geçirilýän üzüliş tiražlarynyň geçirilmegi ýa--da döwletiň gymmat bahaly kagyzlarynyň karz berijilerden satyn alynmagy bilen üzülýär. Zaýomlar boýunça girdejileriň tölenilişi utuş tiražlaryň geçirilmegi, banklar tarapyndan kuponlaryň her ýylda tölenilmegi ýa-da kärhanalaryň we guramalaryň hasaplaryna nagt däl tertipde girdejiniň geçirilmegi bilen amala aşyrylýar.

Utuşlaryň, ýyllyk göterimleriň, zaýomlary üzmek boýunça jemleriň tölenilmegi döwletiň bergisiniň dolandyrylyşy boýunça edilýän çykdajylaryň esasy paýyny düşýär. Döwlet bergisiniň dolandyrylyşy boýunça edilýän çykdajylara, şeýle-de döwletiň gymmat bahaly kagyzlaryny ýasamak, olary ibermek we ýerleşdirmek, utuş we üzüliş tiražlaryny geçirmek boýunça edilýän çykdajylar we käbir başga çykdajylar degişlidir.

$$\text{Netijelilik} = [(G - Ç)/Ç]\cdot 100\%,$$

bu ýerde $G$ – döwlet gymmat bahaly kagyzlary boýunça girdejililik; $Ç$ – çykdajylar.

Daşary döwlet bergisi boýunça oňa hyzmat edilişiniň koeffisiýenti takyklanýar. Hyzmat ediliş koeffisiýenti – bu bergiler boýunça ähli tölegleri harytlaryň we hyzmatlaryň eksportyndan gelýän walýuta girimlerine bolan göterim görnüşindäki gatnaşykdyr. Döwlet bergisine hyzmat edilişiniň howpsuz derejesi onuň 25%-ne çenli bolan alamatydyr. Döwlet bergisini dolandyrmakda döwlet karzynyň netijeliligine ýetmek üçin döwlet zaýomlarynyň konwertasiýasy, konsolidasiýasy we unifikasiýasy ýaly çäreler ulanylýar.

Konwersiýa diýlip, zaýomlaryň girdejililiginiň üýtgedilmegine düşünilýär. Döwlet bergisini dolandyrmak boýunça girdejileri azaltmak maksady bilen, döwlet köp ýagdaýda zaýomlar boýunça tölenýän göterimleriň möçberini peseldýär. Ýöne karz berijiler üçin döwletiň gymmat bahaly kagyzlarynyň girdejililiginiň ýokarlanmagy-da ähtimaldyr.

Döwlet zaýomlary uzak möhletlere almaga gyzyklanma bildirýär. Öň çykarylan zaýomlaryň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagy döwlet bergisiniň konsolidasiýasynyň hasabyna amala aşyrylýar. Diýmek, zaýomlaryň möhletleri bilen bagly şertleriň üýtgedilmegine konsolidasiýa diýlip düşünilýär.

Döwlet zaýomlarynyň unifikasiýasy konsolidasiýa bilen bilelikde geçirilýär. Ýöne ol ondan gaýry hem geçirilip bilinýär.

Zaýomlaryň unifikasiýasy – bu haçan-da öň çykarylan zaýomlaryň obligasiýalary çalşyrylanda birnäçe zaýomlaryň bir zaýoma birleşdirilmegidir.

Şonuň ýaly çäre şol bir wagtda dolanýan gymmat bahaly kagyzlaryň görnüşleriniň sanynyň azaldylmagyny göz öňünde tutýar, bu işi aňsatlaşdyrýar we döwlet karzynyň ulgamy boýunça döwletiň çykdajylaryny azaldýar. Aýratyn ýagdaýlarda hökümet kem-kemden yza gaýdyş gatnaşygy boýunça obligasiýalary çalşyp bilýär, başgaça aýdanyňda, öň çykarylan birnäçe obligasiýalar täze çykarylan obligasiýa çalşyrylýar. Kem-kemden yza gaýdyş gatnaşygy boýunça obligasiýalaryň çalşyrylmagy, göterimleri tölemek we hümmeti pese düşen walýutada döwlet tarapyndan satylan obligasiýalary doly hümmetli pullardan üzmek zerurlygyndan döwleti azat edýär.

Haçanda, zaýomda täzeden çykarylyşy boýunça geçirilýän amallaryň soňraky aktiw ösüşi döwlet üçin maliýe taýdan netijesiz bolanda, onda öň çykarylan zaýomlaryň üzülişiniň möhletleri yza çekilýär. Ol, haçanda hökümet eýýäm ýeterlikli köp zaýomlar çykaranda we olaryň emissiýasynyň şertleri döwlet üçin ýeterlikli bähbitli bolmadyk ýagdaýynda amala aşyrylýar. Şonuň ýaly ýagdaýlarda täze zaýomlaryň obligasiýalaryny ýerleşdirmekden girýän girimleriň uly bölegi öň çykarylan zaýomlaryň üzülişine we olar boýunça göterimleriň tölenişine gönükdirilýär. Çykarylan zaýomlar boýunça emele gelen borçnamalardan döwletiň doly boýun gaçyrmagy döwlet bergisiniň ýatyrylmagy diýlip düşündirilýär. Döwlet gymmat bahaly kagyzlaryň ýatyrylmagyny iki sebäp boýunça geçirip bilýär. Birinjiden, döwletiň maliýe taýdan ähtibarsyzlygy takyklanýar, başgaça aýdylanda, ol döwlet «batanda» mälim bolýar. Ikinjiden, berginiň

ýatyrylmagy häkimlige täze syýasy güýçleriň gelmeginiň netijesinde bolup bilýär, olar takyk sebäpler boýunça öňki häkimligiň maliýe borçnamalaryny ykrar etmekden boýun gaçyrýarlar.

Täze zaýomlaryň çykarylyşy we takyk şertler bilen bagly döwlet bergisiniň dolandyrylyşy möhüm gurşaw bolup gulluk edýär. Zaýomlaryň emissiýasynyň şertleri takyklananda (karzdarlar üçin gymmat bahaly kagyzlaryň girdejililiginiň derejesi, zaýomlaryň hereket edişiniň möhletleri, girdejileriň tölenişiniň usullary esasy alamatlar bolup hyzmat edýär), döwlet diňe bir zaýomlaryň maksimal maliýe netijeliliginiň bähbitlerinden ugur alman, eýsem maliýe bazarlarynda hakyky bäsdeşligi hem hasaba almalydyr. Täze zaýomlaryň üstünlikli hereket etmegini diňe bir, eger-de ykdysadyýetdäki ýagdaýlar, pul dolanyşygynyň ýagdaýy, girdejileriň derejesi we zaýomlaryň hereket ediş möhletleri, karzdarlara berilýän ýeňillikler hem-de köp sanly başga faktorlar dogry hasaba alnanda üpjün edilip bilinýär.

# VI BAP. DAŞARY DÖWLETLERDE ÄTIÝAÇLANDYRYŞ

## 6.1. Halkara ätiýaçlandyryş guramalaryna häsiýetnama

Ätiýaçlandyryş – munuň özi, belli bir hadysa (ätiýaçlandyryş halaty) ýüze çykanda emlägini we beýleki bähbitlerini goramak boýunça özlerine ätiýaçlandyryş tölegleriniň we ätiýaçlandyryş öwezini doluş pullarynyň tölenmegine niýetlenilip, şahsy we edara görnüşli taraplaryň özi tarapyndan ätiýaçlandyryş guramalaryna tölenýän, ätiýaçlandyryş tölegleriniň hasabyna emele gelýän pul hem beýleki gaznalary goramagyň gatnaşyklar ulgamydyr.

Aktuariýleriň Halkara guramasy (AHG), bu gurama, Belgiýada Aktuariýleriň 1-nji Halkara kongresiniň geçirilmegi bilen 1895-nji ýylda döredildi. Ştab-kwartirasy Brýusselde ýerleşýär. Halkara hyzmatdaşlygy amala aşyrýar we birnäçe ýurtlaryň Aktuariýleriniň milli assosiasiýalarynyň işjeňligini kadalaşdyrýar, şol sanda Aktuariýleriň halkara kongreslerini geçirmek boýunça taýýarlyk işlerine gözegçilik edýär. Ätiýaçlandyryş matematikasynyň ulgamyndaky ylmy barlaglara ýardam edýär, kongresleriň materiallaryny, aktual meseleler boýunça beýleki ylmy edebiýatlary çap edýär. Aktuariýleriň Halkara guramasynyň tertipnamasy, maksatlary we meseleleri bilen razylaşýan aýratyn hünärmen-aktuariýler hem bu guramanyň agzalary bolup bilýärler.

Özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň halkara assosiasiýasy (ÖÄJHA) 1963-nji ýylda döredildi, onuň ştab-kwartirasy Amsterdam şäherinde (Niderlandlar) ýerleşýär. Bu assosiasiýa 26 döwletiň

200-den gowrak özara ätiýaçlandyryş jemgyýetlerini özünde jemleýär.

*Maksady:* Dürli döwletleriň özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň arasyndaky işjeňligi kadalaşdyrmak, tejribe we maglumat alyş-çalşygy.

ÖÄJHA – halkara guramalarynda (Ýewropa Bileleşiginde we ş.m.) öz agzalarynyň bähbitlerini araýar, aýratyn döwletleriň özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň milli federasiýalary (birleşmeleri) bilen hyzmatdaşlygy ösdürýär.

ÖÄJHA-nyň ýokary guramasy – assosiasiýanyň agzalarynyň umumy ýygnagy (2 ýyldan bir gezek ýygnanyşýar). Ol ýokary ýolbaşçylyk edarasy bolan ÖÄJHA-nyň Komitetini saýlaýar (her agza döwletleriň wekillerinden 2 sanysynyň gatnaşmagynda).

Assosiasiýany dolandyrmak üçin Baş sekretariat döredilýär. Ol assosiasiýanyň gündelik işjeňligini koordinirleýär we şu aşakdaky hemişelik hereket edýän işçi toparlaryň işini gurnaýar:

- Umumy bazardaky özära ätiýaçlandyryş meseleleri boýunça işçi topar;
- Özära ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň (ÖÄJ) salgyt we maliýe meseleleri boýunça işçi topar;
- ÖÄJ-niň işjeňligi baradaky milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça işçi topar;
- Halkara hyzmatdaşlygy boýunça işçi topar.

ÖÄJHA özära ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň işjeňligine degişli usulyýet we tejribe meselelerini öz içine alýan ýöriteleşdirilen döwürleýin neşirleri çap edýär.

Klassifikasiýa jemgyýetleriniň halkara assosiasiýasynyň ştab-kwartirasy London şäherinde (Angliýa) ýerleşýär. Ol assosiasiýanyň agzalary bolup, gämileri klassifikasiýa etmeklik bilen meşgullanýan jemgyýetler (90-a golaý) çykyş edýär. Bu guramanyň esasy maksady gämileri klassifikasiýa etmekligiň umumy standartlaryny (ülňülerini) kesgitlemek.

Tankerleri ätiýaçlandyrmak boýunça halkara assosiasiýasy (TÄHA) – bu hapalanma ýagdaýynda tankerleriň eýeleriniň jogap-

kärçiligini çäklendirmek boýunça halkara federasiýadyr. Bu assosiasiýa 1969-njy ýylda London şäherinde dünýäniň 7 sany belli nebit kompaniýalarynyň, ýagny «Britiş Petrolium», «Esso», «Galf oýl», «Mobil oýl», «Şell», «Standart oýl» we «Teksako» firmalarynyň gatnaşmagynda döredildi.

TÄHA-nyň esasy maksady, nebitiň dökülmegi zerarly hapalanmany aradan aýyrmak boýunça tankerleriň eýeleriniň ylalaşygyny gazanmak we tankerleriň eýelerine hapalanmany arassalamak üçin edilen çykdajylary ätiýaçlandyryş öwezini dolmalaryň hasabyna amala aşyrmaklyga mümkinçilik döretmek.

TÄHA-nyň meselesi – kenary (kenarýaka etraby, beýleki ýerleri) nebit hapalanmasyndan goramak bolup durýar.

Nebiti we nebit önümlerini daşamak üçin niýetlenen tankerleriň eýeleriniň islendigi TÄHA-nyň agzasy bolup bilýärler. Häzirki wagtda dünýäniň tanker flotunyň eýeleriniň 90%-i TÄHA-nyň agzasydyr.

Döwlete dahylsyz bu halkara gurama ätiýaçlandyryş işini ösdürmekdäki ylmy-tejribe meseleleri öwrenmek boýunça işleri alyp barýar. ÄHHA – ätiýaçlandyryş hukugy ulgamyndaky birnäçe iri alymlaryň-hukukçylaryň başlangyçlary (inisiatiwasy) boýunça 1962-nji ýylda döredildi, ol özünde Ýewropa döwletleriniň Ätiýaçlandyryş hukugy boýunça milli assosiasiýalarynyň birnäçesini jemleýär. Ýyllyk hasabatlary çap edýär, wagtly-wagtynda gurultaýlary (4 ýyldan bir gezek) we konferensiýalary geçirýär. ÄHHA-nyň üns merkezinde – Ýewropa Bileleşiginiň agzasy bolan döwletlerde ýeke-täk ätiýaçlandyryş bazaryny düzmekdäki meseleler, şeýle hem Gündogar Ýewropa döwletlerinde ätiýaçlandyryş işinde monopoliýa ýol bermezlik. ÄHHA-nyň garamagynda ätiýaçlandyryş ulgamyna degişli birnäçe ylmy-tejribe žurnallary çap edilýär.

ÄGÄDHA – bu Ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş dellallarynyň halkara assosiasiýasy, ýagny ätiaýçlandyryş işewürligi bilen bagly ätiýaçlandyryş wekilleriniň, ätiýaçlandyryş dellallarynyň we beýleki araçylaryň halkara birleşigidir. Birleşik 1937-nji ýylda döredilip, onuň ştab-kwartirasy Fransiýanyň Pariž şäherinde

ýerleşýär. Ol 225 ätiýaçlandyryş wekilleriniň we dellallarynyň, şeýle hem olaryň sebitleýin guramalarynyň bähbitlerini araýar (göz öňünde tutýar). ÄGÄDHA-nyň maksady – halkara hyzmatdaşlyga we ätiýaçlandyryş bazaryndaky dellallaryň arasynda maglumat alyşma ýardam etmek, akwizisiýa meseleleri boýunça ylmy barlaglary, ätiýaçlandyryşda marketing barlaglary geçirmek we beýlekiler. Birnäçe döwletleriň hökümetleri bilen ysnyşykly işleşýär. ÄGÄDHA-nyň Ýokary guramasy – ýylda ýygnanyşýan Baş assambleýa, şeýle hem döwürleýin geçirilýän assosiasiýanyň halkara kongresleri.

ÄYBHA – Ätiýaçlandyryş ylmy barlaglar boýunça halkara assosiasiýasy, başgaça Ženewa assosiasiýasy, ätiýaçlandyryş işiniň teoriýasy we tejribesi boýunça ylmy barlaglar bilen meşgul bolan, ylmy jemgyýetçiligiň halkara birleşigi. Ylmy barlaglaryň esasy meselesi – ätiýaçlandyryşyň we töwekgelçiligiň seljermesi. ÄYBHA-nyň assosirlenen agzalary bolup, ABŞ-nyň we Günbatar Ýewropanyň 16 sany iri ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň prezidentleri we Baş dolandyryjylary çykyş edýärler. Birleşik 1973-nji ýylda döredilip, onuň ştab-kwartirasy Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde ýerleşýär. Guramanyň maksady – ätiýaçlandyryş ulgamyndaky, şeýle hem meňzeş ylymlardaky ylmy barlaglaryň ösüşine ýardam etmek, ätiýaçlandyryş baradaky bilimi ýaýratmak, ýörite ylmy işleri gurnamak we olara gözegçilik etmek. ÄYBHA wagtly-wagtynda ätiýaçlandyryş problematikasy (meselesi) boýunça ylmy-tejribe maslahatlaryny, söhbetdeşlikleri, simpoziumlary geçirýär. Birleşik ätiýaçlandyryş boýunça giň göwrümli ylmy kitaphana eýedir. Birnäçe döwürleýin neşirleri çap edýär. Ätiýaçlandyryş meseleleri boýunça ylmy neşirleriň we ylmy barlaglaryň awtorlaryna hormatly baýraklary we sylaglary berýär.

## 6.2. Daşary döwletleriň ätiýaçlandyryş bazarlarynyň aýratynlyklary

Daşary döwletleriň ätiýaçlandyryş bazarlary giňişleýin öwrenilende, olaryň dolandyrylyşynda aýratynlyklaryň bardygyna göz ýetirmek bolýar. Amerikanyň ätiýaçlandyryş bazary özüniň giň gerimi bilen tapawutlanýar we dünýäde özüne taýy ýokdur. Amerikanyň ätiýaçlandyryş kompaniýalary dünýäniň industrial taýdan ösen döwletleriniň ätiýaçlandyryş bazarlarynyň 50%-ne golaýyny gözegçilikde saklaýar. ABŞ-da 8 müňden gowrak emläk ätiýaçlandyrmasy bilen meşgul bolýan kompaniýalar we 2 müňe golaý ömür ätiýaçlandyryşy boýunça kompaniýalar hereket edýär.

ABŞ-nyň her bir ştatynyň özüniň ätiýaçlandyryş kanunçylygy we gözegçilik edýän guramasy bardyr. Ýeke-täk federal ätiýaçlandyryş kanunçylygy we ätiýaçlandyryş işjeňligine gözegçilik edýän guramasy ýokdur.

Her bir ştat ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň maýasynyň (kapitalynyň) iň pes derejesine bildirilýän talaplary özi öňe sürýär, olary barlaýar (derňeýär) hem-de ätiýaçlandyryş kompaniýalaryna, brokerlere (dellallara) we wekillere ygtyýarnama bermek bilen, ätiýaçlandyryş işini gözegçilikde saklamagy amala aşyrýar.

ABŞ-da ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň iki görnüşi, ýagny paýdarlar jemgyýetleri görnüşindäki we özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleri görnüşindäki kompaniýalar bar. Döwlet ätiýaçlandyryş firmalary hereket etmeýär.

Ätiýaçlandyryş kompaniýalary ätiýaçlandyryşyň 3 görnüşini amala aşyrýarlar:

1. Bekifit (ömür we saglyk, medisina, pensiýa, süýşürintgileri we ş.m.) ätiýaçlandyryşy;
2. Täjirçilik (kommersiýa degişli dürli görnüşleri) ätiýaçlandyryşy;
3. Şahsy (raýatlaryň jaýlarynyň, awtoulaglarynyň we beýleki emlükleriniň) ätiýaçlandyrylyş.

Ätiýaçlandyryş kompaniýalaryny, özleriniň amala aşyrýan amallaryna görä, ýöriteleşdirmeklik kanunçylykda bellenilendir. Ähli ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň aktiwleriniň jemi 1,6 trln. ABŞ-nyň dollaryna barabar bolup durýar. ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş kompaniýalaryna birnäçe Pensiýa gaznalaryny öz serişdeleri bilen dolandyrmaklyk ynanylýar. Ätiýaçlandyryş kompaniýalary ol serişdeleri dolandyrýanlygy üçin ortaça dolandyrylýan serişdeleriň 0,1%-i möçberinde hak alýarlar we millonlarça girdeji gazanýarlar.

ABŞ-nyň iri ätiýaçlandyryş kompaniýalary maliýe konglomeratlary hökmünde çykyş edýärler we özleriniň golçur kompaniýalarynyň üsti bilen ätiýaçlandyryş işinden gaýry, karz amallaryny amala aşyrýarlar, müşderilere çek hyzmatlaryny edýärler, gozgalmaýan emläkler, gymmatly kagyzlar bilen bagly geleşikleri baglaşýarlar, müşderileriň tabşyrygy boýunça maliýe serişdeleriniň we emläkleriniň dolandyrmasyny ýerine ýetirýärler.

ABŞ-da şahsy ätiýaçlandyryş has uly derejede ösendir. Ätiýaçlandyryşyň bu görnüşiniň paýyna ähli ätiýaçlandyryş şertnamalaryň ¾ bölegi düşýär.

Karz-maliýe ulgamyndaky ätiýaçlandyryş ABŞ-da ikinji orunda durýar.

ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş bazarynyň häsiýetli aýratynlygy bardyr, ol hem ätiýaçlandyryş prosesinde dürli araçylaryň çykyş etmekligidir, ýagny ätiýaçlandyryş polisleri (şertnamalar) ätiýaçlandyryş wekillerinden (agentlerinden) ýa-da dellallaryndan (brokerlerinden) alynýar. Ýurtda olaryň umumy sany 500 müň adama ýetýär.

Ätiýaçlandyryş wekilleri, köplenç, bir ätiýaçlandyryş firma bilen şertnama baglaşyp, olaryň polislerini onuň adyndan satyp, uzakmöhletleýin esasda işleýärler.

Garaşsyz dellallar (brokerler) ilkibaşda müşderiden kesgitli şertlerde ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak üçin tabşyrygy alýarlar we şondan soňra laýyk gelýän ätiýaçlandyryş firmalaryny tapýarlar.

Dellalçylyk bilen aýratyn şahslaryň işleýşi ýaly, şeýle hem ýöriteleşen firmalar hem («Marş end Maklenns» «Aleksandr end Aleksandr» we başgalar) işleýärler.

ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş bazarynyň öňdebaryjy kompaniýalary:

«Steýt farm mýuçel otomobil inşurens kompani» (Blumington, Illinoýs) emlägi ätiýaçlandyryş boýunça iri transmilli kompaniýa. 1922-nji ýylda esaslandyrylan. Ätiýaçlandyryş şertnamalarynyň dürli görnüşlerini baglaşýar, ýagny: şahsy we köpçülikleýin, transport serişdeleriniň ätiýaçlandyrylyşy, awiasion ätiýaçlandyrylyş we gaýtadan ätiýaçlandyryş we ş.m. Öz işjeňligini ABŞ-nyň we Kanadanyň çäklerinde amala aşyrýar.

«Signa» – ABŞ-nyň öňdebaryjylarynyň biri bolan giň diwersifisirlenen ätiýaçlandyryş kompaniýasydyr. Ol «Konnektikut jeneral korp.» we «INA korp.» kompaniýalarynyň birleşmegi netijesinde, 1982-nji ýylda esaslandyryldy. «Signa» holdinginiň ştab-kwartirasy Filadelfiýada ýerleşýär. Korporasiýanyň esasy bähbitleri emlägi we jogapkärçiligi ätiýaçlandyrmak bilen bagly bolup durýar, birnäçe golçur firmalary pensiýa we şahsy ätiýaçlandyryş, dellalçylyk amallary we ş.m. bilen meşguldyrlar. Kompaniýanyň golçur firmalary 160 ýurtda hereket edýärler, olarda 48 müň adam zähmet çekýär.

«Amerikan interneşnl grup», ABŞ-da söwda we senagat töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyryjy iri kompaniýadyr. 1919-njy ýyldan bäri hereket edýän, ştab-kwartirasy «Nýu-Ýorkda» ýerleşen, dünýäniň 44 sany golçur kompaniýasyny gözegçilikde saklaýan holding kompaniýadyr. Kompaniýanyň düzüminde 92 müň işgär işleýär we 130 döwletiň çägindäki 50 mln. müşderä hyzmat edýär. ABŞ-da ömür ätiýaçlandyryşy boýunça 1-nji orunda durýar.

«Olsteýt inşurens kompani» emlägi ätiýaçlandyryş boýunça iri transmilli kompaniýalaryň biri bolup, 1972-nji ýylda Illinoýs ştatynda esaslandyrylandyr. Bu kompaniýa ätiýaçlandyryş şertnamalarynyň dürli görnüşlerini baglaşýar, ýagny: ýangyndan, suw almadan, ýer titremeden, awtoulag heläkçiliginden, betbagtçylykly hadysalardan,

awia ýolagçylaryň ätiýaçlandyrylyşy we ş.m. Kompaniýa 15 sany golçur firmany özünde jemläp, işjeňligini ABŞ-da we daşary ýurtlarda amala aşyrýar.

«Kontinental korporeýşn» ABŞ-da göwrümi boýunça dördünji orunda duran ätiýaçlandyryş kompaniýa bolup, 1863-nji ýylda esaslandyrylandyr. Bu diwersifisirlenen kompaniýanyň 16,5 müň adam işgär sany bar. Kompaniýa dünýäniň 100-den gowrak ýurtlarynda ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň giň göwrümini hödürleýär. Soňky ýyllarda kompaniýa öz işjeňligini, transmilli kompaniýalar bilen işewür aragatnaşyklary saklamak babatda ösdürýär. Daşary ýurtlardaky işewürligini, esasan, Germaniýada, Kanadada, G/o – G/d Aziýada amala aşyrýar. Kompaniýa ulag ätiýaçlandyryşynda we gaýtadan ätiýaçlandyryşda ýöriteleşen bolup durýar.

«Prudenşl inşurens kompani of Amerika» ömri ätiýaçlandyryş boýunça iri transmilli kompaniýalaryň biri bolup, 1873-nji ýylda esaslandyrylypdyr. Kompaniýa 1979-njy ýylda «Soni» kompaniýasy bilen bilelikde Ýaponiýada ömür ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryş kompaniýasyny döredýär we onuň 50%-ni özünde jemleýär. Bu kompaniýanyň baglaşýan ätiýaçlandyryş şertnamalary dürli-dürlüdir, ýagny: şahsy we köpçülikleýin ätiýaçlandyryş, ömür ätiýaçlandyryşy, pensiýa we medisina ätiýaçlandyryşy we başgalar.

Russsiýa Federasiýasynyň ätiýaçlandyryş bazary – durnukly depginler bilen ösýän bazar hasaplanyp, ol Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän döwletleriň arasynda iň iri ätiýaçlandyryş bazarlarynyň biridir.

Russiýanyň ätiýaçlandyryş bazary Halkara ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan birnäçe talaplar birldirilýän bazar bolup durýar. Ol talaplardan ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň ýolbaşçylarynyň eýeleýän wezipesine laýyk gelmeklik talabyny, kompaniýanyň paýdarlaryna we eýelerine gözegçiligi güýçlendirmek talabyny bellemek bolýar.

Russiýa Federasiýasynda ätiýaçlandyryş işi baradaky kanunçylyklar hemişe kämilleşdirilýär we ätiýaçlandyryş bazarynda profes-

sionallaryň geriminiň giňemegine hem-de netijeli ätiýaçlandyryş işjeňliginiň ýola goýulmagyna şertler döredilýär.

Russiýanyň ätiýaçlandyryş bazary dünýäde 25-nji orny eýeleýär. Döwletiň bellige alyş reýestrinde hasaba alnan ätiýaçlandyryjylaryň sany 857 sany bolup, olardan 251-si gaýtadan ätiýaçlandyryş bilen işleýän ätiýaçlandyryjylardyr.

Russiýanyň ätiýaçlandyryş kompaniýalary we olaryň daşary ýurtlardaky şahamçalary tarapyndan her ýylda ýygnalýan ätiýaçlandyryş baýraklarynyň umumy möçberi 763,6 mlrd. rubldan gowrak bolýar, ol serişdeleriň 58%-ni emläk ätiýaçlandyryşyndan, 23%-ni şahsy ätiýaçlandyryşdan, 4%-ni meýletin jogapkärçilik ätiýaçlandyryşyndan, 14%-ni awtoulaglaryň eýeleriniň üçünji taraplaryň öňündäki jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyryşyndan we 1%-ni beýleki hökmany görnüşdäki ätiýaçlandyryşdan alynýan tölegler tutýar.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul tölegleriniň möçberi 473,8 mlrd. rubl bolup, ol ähli ätiýaçlandyryş baýraklaryň 62%-ne barabardyr.

Russiýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň 27,8%-ini 5 sany iri ätiýaçlandyryş kompaniýalar eýeleýär, 40,6%-ini 10 sany iri ätiýaçlandyryjylar eýeleýär, 56,1%-ini 20 sany ätiýaçlandyryjy kompaniýalar tutýar.

Russiýada ätiýaçlandyryş işjeňligini düzgünleşdirýän kanunçylyk nama bolup «Ätiýaçlandyryş işini gurnamak hakyndaky» kanun we hökmany ätiýaçlandyryşa degişli kanunçylyk namalar çykyş edýär. Şol kanuna laýyklykda, ätiýaçlandyryjy özüniň amala aşyrjak bolýan ätiýaçlandyryş amallarynyň her görnüşi boýunça Maliýe ministrliginden aýratyn rugsat almaklyga borçly bolup durýar.

Russiýada ätiýaçlandyryş işine gözegçilik edýän gurama bolup, Russiýa Federasiýasynyň Maliýe ministrliginiň Ätiýaçlandyryş gözegçiligi departamenti çykyş edýär. Russiýada beýleki edara görnüşli taraplar ýaly, ätiýaçlandyryş kompaniýalary hem peýda salgydyny

tölemeli bolup durýarlar, onuň möçberi 30%-e deň. Russiýanyň salgyt kodeksine laýyklykda, ätiýaçlandyryş kompaniýalary GBÜS-den (goşulan baha üçin salgytdan) boşadylandyr.

Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi boýunça Russiýanyň ätiýaçlandyryjylaryny şu aşakdaky tertipde orunlara bölmek bolýar:

1. «Rosgosstrah» topary – Russiýada iri ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň biri bolmak bilen, ol ätiýaçlandyryş bazarynyň ýagdaýyna uly täsir ýetirýär. Ol holdingiň düzüminde OAO «Rosgosstrah» jemgyýeti, 10 sany sebitde ýerleşen uniwersal ätiýaçlandyryş kompaniýalar, ömür ätiýaçlandyryşy we meýletin pensiýa ätiýaçlandyryşy bilen meşgul SK «RGS-Žizn» kompaniýasy, şeýle hem hökmany medisina ätiýaçlandyryş bilen meşgul OOO «RGS-Medisina» kompaniýasy hereket edýär. Rosgosstrah – özüniň şahamçalarynyň sany boýunça, Russiýanyň poçtasy we Russiýanyň sberbanky bilen deňleşýän ýeke-täk ätiýaçlandyryş kompaniýadyr. Onuň düzümine 3000-e golaý agentlikler girýär. Rosgosstrahyň umumy işgärleriniň sany 97 müň adamdan geçýär, olaryň 60 müňüsi ätiýaçlandyryş wekilleri (agentleri). Kompaniýa ozalky 1921-nji ýylda esaslandyrylan RSFSR-iň Gosstrahynyň binýadynda 1992-nji ýylda döredildi. Kompaniýa uniwersal ätiýaçlandyryş gurama bolup, ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň dürli görnüşlerini amala aşyrýar.
2. SK «Ingosstrah» ätiýaçlandyryş kompaniýasy – halkara we içerki bazarda eýýäm 1947-nji ýyldan bäri hereket edip gelýän Russiýanyň iri kompaniýalarynyň biridir. «Ingosstrah» ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň ýokary işewürlik abraýyny tassyklaýan 2002-nji ýylda berlen (häzirki wagtda saklanýan) A++ iň ýokary reýtingi «Ekspert RA» reýting agentligi tarapyndan kesgitlenendir. Ingosstrah ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň has giň gerimini

hödürleýär. Özüniň halkara hyzmatdaşlygyny dünýäde belli ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýalary bilen ýola goýandyr. Ingosstrahyň düzüminde 83 sany şahamçasy bolup, onuň agentlikleri Russiýanyň 220 şäherinde hereket edýär. Daşary ýurtlarda Ingosstrahyň alty sany wekilçiligi hereket edip, olaryň ofisleri Azerbaýjanda, Gazagystanda, Özbegistanda, Ukrainada, Indiýada we Hytaýda ýerleşendir. Bu kompaniýa 2008-nji ýylyň jemi boýunça «Ýylyň ätiýaçlandyryş kompaniýasy» diýen baýrakly ada we birnäçe hormatly atlara mynasyp bolandyr.

3. SK «Sogaz» ätiýaçlandyryş kompaniýasy 1993-nji ýylda döredilen. Holdingiň düzümine SK «Sogaz-Žizn» we MSK «Gazprommedserwis» kompaniýalary girýär. Kompaniýanyň 15 filialy we 350-den gowrak agentlikleri hereket edýär. SK «Sogaz», esasan, ýuridiki taraplary ätiýaçlandyrmak bilen meşgul kompaniýadyr, onuň has iri müşderileriniň düzüminde Sberbank, Gazprombank, WTB, RŽD, Gazprom, «RAO ÝES», NK Rosneft, TNK WP, ýaly Russiýada we halkara bazarda belli firmalary görmek bolýar.
4. OSAO «RESO-Garantiýa» – 1991-nji ýylda döredildi. Bu uniwersal ätiýaçlandyryş kompaniýa 102 görnüşli ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny amala aşyrýar hem-de gaýtadan ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny hödürleýär. «RESO-Garantiýa» – kompaniýasynyň düzüminde 19 müňden gowrak professional ätiýaçlandyryş wekiller işleýär. Russiýa boýunça kompaniýanyň müşderileriniň sany 7 milliona ýetýär. Kompaniýanyň esaslyk maýasynyň – 37%-i Germaniýanyň «AHA» kompaniýasyna degişli, galan bölegi bolsa (54,4%) Russiýaly şahsy adamlara (doganlar Sarkisow S.E we Sarkisow N.E.) degişlidir. Ätiýaçlandyryş

baýraklarynyň möçberi 30 382 mln.rubla deň we öwezini doluş pul tölegleriniň jemi 15 723 mln.rubla deň.

5. «ROSNO» ätiýaçlandyryş topary – Russiýada öňdebaryjy ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň hataryna goşulýar. «ROSNO» toparynyň düzümine OAO SK «ROSNO», «ROSNO MS», «ROSNO Sentr», SK «Medekspress», «Alyans ROSNO» we «Allianz Ukraina» kompaniýalary girýär. Kompaniýanyň ätiýaçlandyryş polislerini 17 milliondan gowrak adamlar we 50 müňden gowrak kärhanalar we guramalar satyn alandyrlar. Kompaniýanyň 100 şahamçasy we 300 sany agentlikleri Russiýanyň ähli ýerli subýektlerinde hereket edýär.

Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş bazary Germaniýanyň bazary bilen, dürli görkezijiler boýunça dünýäde 3–4-nji orunlary paýlaşýarlar. 2002-nji ýyl ýagdaýyna jemi ätiýaçlandyryş baýraklaryň möçberi ABŞ-nyň 237 mlrd. dollaryna deň boldy, şonuň paýynda awtoätiýaçlandyryşy – 12,8%, ýangyn we betbagtçylykly hadysalar ätiýaçlandyryşy – 19,8%, awiasion we ulag ätiýaçlandyryşy – 1,0%, ömür ätiýaçlandyryşy – 67,3% tutýar.

Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş işewürligi birnäçe ýyllaryň dowamynda dünýäniň maliýe merkezi bolan Londonda jemlenendir. Iri ätiýaçlandyryş bazarlarynyň biri bolan, Londonyň halkara ätiýaçlandyryş bazary birnäçe döwletleriň we kompaniýalaryň maliýe çeşmelerine hyzmat edýär. Londonyň halkara ätiýaçlandyryş bazarynyň abraýy, ätiýaçlandyryş işinde özlerini professionallyk derejeleri bilen tanadan hünärmenlere, bazaryň ýokary derejede ösen infrastrukturasyna, şeýle hem dünýä belli bolan «Lloýd» korporasiýasynyň bu maliýe merkezinde ýerleşmekligine esaslanýar. Dünýäniň iri ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň wekilçilikleri ýa-da golçur firmalary Londonda ýerleşendir. Bu ýerde has gadymy we abraýly klassifikasion jemgyýet – «Lloýduň» gämi gatnaw Registri işleýär. Londonda işjeňlikleri halkara häsiýetli bolan, birnäçe halkara ätiýaçlandyryş guramalarynyň ştab-kwartiralary ýerleşýär.

Beýik Britaniýada şahsy ätiýaçlandyryş ýöriteleşen ätiýaçlandyryş kompaniýalary, pension gaznalary (fondlary), şeýle hem ilata gozgalmaýan emläkleri ýerleýän (satýan) inwestision kompaniýalar (gurluşyk jemgyýetleri) tarapyndan amala aşyrylýar. Ätiýaçlandyryşyň bu ugry boýunça ýygnalýan tölegler soňky ýyllarda durnukly ösüş häsiýetine eýe bolup durýar.

Beýik Britaniýada degişli pensiýa kanunçylygynyň kabul edilmegi bilen, zähmete ukyply ilat tarapyndan hususy pension ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň polisleri satyn alynýar we ol pudak boýunça tölegleriň möçberi artýar.

Ilatyň arasynda emläk ätiýaçlandyryşy eýýäm däp bolup gelýän görnüşleri boýunça, ýagny hususy ýeňil awtoulaglaryň we jaýlaryň, öý emläkleriniň, raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy boýunça amala aşyrylýar. Emläk ätiýaçlandyryşy hem özüniň ösüş depgini bilen durnukly häsiýetlendirilýär.

Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň gurluş düzümi hususy eýeçilik – paýdarlar jemgyýetleri görnüşinde bolup durýar. Halkara ähmiýetli, milli ätiýaçlandyryş bazarynyň özbaşdak iri pudagy – «Lloýd» ätiýaçlandyryş korporasiýasydyr.

Beýik Britaniýada ätiýaçlandyryş işini amala aşyrmak ygtyýarnamasy bolan 800-den gowrak ätiýaçlandyryş kompaniýalary hereket edýär. Dünýäniň ätiýaçlandyryş bazarynyň 20% möçberini özünde jemleýär.

Britaniýanyň ätiýaçlandyryjylary dünýäniň 43 döwletinde özleriniň 608 bölümini açyp işledýärler we dünýäniň ätiýaçlandyryş baýraklarynyň 10%-ni alýarlar.

Ýewropa Bileleşiginiň direktiwalary esasynda Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş kompaniýalary ätiýaçlandyryş işewürliginden başga biznes bilen meşgul bolmaklyga hukukly däldirler.

Beýik Britaniýada giňden ösen:

– awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň, awiadaşaýjylaryň, haýwanlaryň eýeleriniň üçünji taraplaryň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyryşy;

– adwokatlaryň, buhgalterleriň, ätiýaçlandyryş dellallarynyň, atom energetika enjamlarynyň operatorlarynyň üçünji taraplaryň öňündäki proffesional jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyrylyşy.

Beýik Britaniýada ätiýaçlandyryş işjeňligi 1982-nji ýylda kabul edilen «Ätiýaçlandyryş kompaniýalary hakyndaky» kanun bilen düzgünleşdirilýär.

Beýik Britaniýada ätiýaçlandyryş araçylarynyň işjeňligi 1977--nji ýylda kabul edilen «Ätiýaçlandyryş dellallary bellige almak hakyndaky» kanun bilen düzgünleşdirilýär.

Beýik Britaniýada Döwlet ätiýaçlandyryş gözegçisi wezipesini Söwda we senagat departamentiniň Ätiýaçlandyryş bölümi amala aşyrýar.

Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň öňdebaryjy kompaniýalary:

«Roýal inşurens kompani Ltd.» («Royal Insurance Company, Ltd.»).

Ýangyn we betbagtçylykly hadysalar ätiýaçlandyryşy, şeýle hem senagat ätiýaçlandyryşy bilen meşgul bu kompaniýa 1845--nji ýylda esaslandyrylan. Öz işjeňligini ABŞ-nyň, Kanadanyň, Niderlandlaryň we Awstraliýanyň çäklerinde amala aşyrýar. Mundan başga-da «Roýal» Beýik Britaniýada ýerleşen «Roýal reinşurens» gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýasyny gözegçilikde saklaýar. Onuň ABŞ-da – 80-den gowrak, Kanadada – 56, Awstraliýada – 36 sany bölümi işleýär. Bu kompaniýa dünýäniň ýene-de 53 döwletinde özüniň halkara işjeňligini amala aşyrýar.

Germaniýanyň ätiýaçlandyryş bazary birnäçe aýratynlyklary bilen tapawutlanýar.

Birinjiden, ätiýaçlandyryş biznesi iri senagat kapitaly bilen özara bagly gatnaşykda, ýagny kapitala we dolandyryşa bile gatnaşýarlar.

Ikinjiden, ätiýaçlandyryş bazar döwletiň berk gözegçiliginde saklanýar. Germaniýada ätiýaçlandyryş işi, ätiýaçlandyryşyň hukuk

esaslaryny özünde jemleýän «Döwlet ätiýaçlandyryş gözegçiligi hakyndaky» kanun esasynda kadalaşdyrylýar. Germaniýada hereket edýän milli we daşary ýurt ätiýaçlandyryş kompaniýalary döwlet ätiýaçlandyryş gözegçiligine hökmany degişli bolup durýar. Germaniýada bu wezipe, ätiýaçlandyryş guramalaryň işjeňligine gözegçilik boýunça federal edara (wedomstwo) (BAV) tarapyndan ýerine ýetirilýär. Beýleki döwletlerde bolşy ýaly, bu gözegçilik edarasynyň maksady, ätiýaçlandyrýanlaryň bähbitlerini goramak bolup durýar.

Üçünji esasy aýratynlygy – bank ätiýaçlandyryşy (banklar bank hyzmatlaryndan başga ätiýaçlandyryş amallary bilen hem meşguldyrlar).

Germaniýada daşary ýurt kapitalyna hiç hili kanunçylyk tarapyndan gadaganlyk bolmasa-da, nemesleriň ätiýaçlandyryş bazary ýapyk hasaplanýar. Bu ilatyň psihologiýasy bilen bagly, ýagny nemesler öz ätiýaçlandyryjylaryny ileri tutýarlar. Ätiýaçlandyryş hyzmatlary däp bolup gelýän hyzmatlar. Germaniýanyň ätiýaçlandyryjylary töwekgelçilikli hyzmatlaryň tarapdary däl. Germaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynda emläk ätiýaçlandyryşy – 51%, şahsy ätiýaçlandyryş – 37% we medisina ätiýaçlandyryşy – 12% paýy eýeleýär.

Germaniýada 115 sany şahsy ätiýaçlandyryş bilen meşgul ätiýaçlandyryş jemgyýeti, 230 sany döwlete dahylsyz pensiýa gaznasy, 56 sany medisina ätiýaçlandyryş guramasy, 35 sany ýörite gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýasy we ýene-de başga 330 sany ätiýaçlandyryjy firma hereket edýär. Germaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynda daşary ýurtly ätiýaçlandyryjylaryň paýyna 13% düşýär. Olaryň içinde liderligi, esasan, Şweýsariýanyň ätiýaçlandyryjy kompaniýalary (9%) eýeleýär.

Germaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynda paýdarlar ätiýaçlandyryş jemgyýetleri, özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleri we döwlet ätiýaçlandyryş korporasiýalary öz işlerini amala aşyrýarlar.

Germaniýanyň ätiýaçlandyryjylarynyň ätiýaçlandyryş işinden başga iş bilen meşgul bolmaklyga hukuklary ýokdur.

Germaniýada hökmany ätiýaçlandyryş hem amala aşyrylýar. Federal kanun esasynda, iş berijiler özleriniň hakyna tutup işledýän işgärleriniň öňündäki jogapkärçiliklerini (önümçilik şikesini alanda ýa-da zähmetiň zyýanly şertleri üçin) hökmany ätiýaçlandyrmaga degişli, şeýle hem, awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň, awiadaşaýjylaryň, awçularyň üçünji taraplaryň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyryşy;

– adwokatlaryň, buhgalterleriň, atom energetika stansiýalarynyň (enjamlarynyň) operatorlarynyň üçünji taraplaryň öňündäki professional jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyryşy bellenilen. Käbir federal sebitlerde ýangyna garşy hökmany ätiýaçlandyryş hem ýola goýlan.

1871-nji ýyldan bäri Germaniýada degişli kanun hereket edip, oňa laýyklykda, islendik adam başga adamlara ýetiren zyýanynyň, eger-de ol bilgeşleýin bolmasa-da, öwezini dolmaly. Olara ätiýaçlandyryş kompaniýalaryny saýlamaklyga şert döredilýär. Mysal üçin, awtoulaglaryň eýeleri özleriniň raýat jogapkärçiligini ätiýaçlandyrmazdan, ýeke awtoulag hem ýol hereketine goýberilmeýär. Germaniýada häzir bu ätiýaçlandyryş hyzmatyny hödürleýän 120 sany ätiýaçlandyryş kompaniýasy hereket edýär. Awtoulagyň eýesi adamyň ömrüne şikes ýetirmekden ätiýaçlandyryşy 1 mln. nemes markasy möçberinde we emläge zyýan ýetirmekden ätiýaçlandyryşy 400.000 nemes markasy möçberinde ätiýaçlandyrmaga borçludyr.

«Allianz» Germaniýada ätiýaçlandyryjy guramalaryň arasynda lider bolup durýar. Bu kompaniýa özüniň 100 ýyllygyny 1990-njy ýylda bellän ätiýaçlandyryş guramasy bolup, dünýäde belli 10 kompaniýanyň sanawyna goşulýar. Germaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň 20%-ni özünde saklaýar hem-de ömür ätiýaçlandyryşynyň 42%-ni we ätiýaçlandyryşyň beýleki pudaklarynyň 38%-ni özünde jemleýär. «Allianz» Ýewropada iri ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň biri hasaplanýar.

Soňky ýyllarda nemes ätiýaçlandyryş kompaniýalaryna öz işjeňliklerini iternasionallaşdyrmak häsiýeti mahsus bolup durýar.

Halkara ätiýaçlandyryş amallary daşary ýurtlardaky şahamçalarynyň we wekilçilikleriniň üsti bilen gözegçilikde saklanýar. Şahamçalarynyň köp bölegi günbatar ýewropa döwletlerinde ýerleşen, beýleki ýerlerde ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň kapitalyna gatnaşmak arkaly öz orunlaryny berkidýärler.

Fransuz ätiýaçlandyryş bazary – Ýewropa Bileleşiginiň çäklerinde iň iri ätiýaçlandyryş bazarlarynyň biridir. Ol özüne, ilkinji nobatda, ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň medeniýetlilik derejesi bilen we guramaçylyk-hukuk görnüşleri bilen ünsi çekýär. Fransuz ätiýaçlandyryş bazary dünýäde 5-nji orny eýeleýär. Bellige alnan ätiýaçlandyryjylaryň sany 600-e golaýlaýar, olardan 98-si ömür ätiýaçlandyryşy bilen meşgul we 360-sy ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşleri bilen işleýän ätiýaçlandyryjylardyr.

Fransuz ätiýaçlandyryş kompaniýalary we olaryň daşary ýurtlardaky şahamçalary tarapyndan her ýylda ýygnalýan ätiýaçlandyryş baýraklarynyň umumy möçberi 125 mlrd. ABŞ-nyň dollaryndan gowrak bolýar, ol serişdeleriň 64%-ni ömür ätiýaçlandyryşy boýunça alynýan ätiýaçlandyryş tölegleri tutýar.

Fransiýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň 40%-ne golaýyny 5 sany iri ätiýaçlandyryjy eýeleýär, 58%-ne golaýyny 10 sany ätiýaçlandyryjy kompaniýa tutýar. Häzirki wagtda ätiýaçlandyryş dellal kompaniýalarynyň arasynda birikmeklik prosesi işjeň (aktiw) geçýär, bu bolsa globallaşma tarap ymtylyşyň bardygyna şaýatlyk edýär.

Fransiýada ätiýaçlandyryş işjeňligini düzgünleşdirýän kanunçylyk nama bolup, Ätiýaçlandyryş kodeksi çykyş edýär. Şol Kodekse laýyklykda, ätiýaçlandyryjy özüniň amala aşyrjak bolýan ätiýaçlandyryş amallarynyň her görnüşi boýunça Maliýe ministrliginden aýratyn rugsat almaga borçly bolup durýar. Kodeksde ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň iki sany görnüşi göz öňünde tutulan: paýdarlar ätiýaçlandyryş jemgyýetleri we özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleri. Gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýalary paýdarlar

11. Sargyt № 817.

jemgyýetleri, kommandit birleşikleri (товарищество на вере) ýa-da özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleri görnüşinde döredilip bilinýär.

Fransiýada ätiýaçlandyryş gözegçiligi guramasy bolup, 1989--njy ýylda döredilen garaşsyz gurama – Ätiýaçlandyryş işine gözegçilik Topary çykyş edýär. Topar 5 sany agzadan ybarat bolup, olar Fransiýanyň Maliýe ministrligi tarapyndan 5 ýyl möhlete bellenilýär.

Fransiýada beýleki edara görnüşli taraplar ýaly, ätiýaçlandyryş kompaniýalary hem peýda salgydyny tölemeli bolup durýarlar, onuň möçberi 33%-e deň. Fransiýanyň Salgyt kodeksine laýyklykda, ätiýaçlandyryş kompaniýalary GBÜS-den (goşulan baha üçin salgytdan) (NDS) boşadylandyr.

Ätiýaçlandyryş hyzmatlary 17 müňden gowrak araçy dellallaryň we wekilleriň üsti bilen, şeýle hem ätiýaçlandyryjylaryň ofislerinde amala aşyrylýar. Ömür ätiýaçlandyryşy hakyna tutma gullukçylaryň üsti bilen goşmaça amala aşyrylýar.

Fransuz ätiýaçlandyryjylarynyň işlerinde täze ugur – halkara ätiýaçlandyryş geleşikleri boýunça dünýäde ägirt hasaplanylýan Beýik Britaniýadan we Şweýsariýadan soň Fransiýa üçünji orny eýeleýär. Fransuz ätiýaçlandyryjylary dünýäniň 60-dan gowrak döwletlerinde öz işjeňliklerini ýaýbaňlandyrdylar we olar 460-dan gowrak öz şahamçalaryna eýedirler.

Fransiýada iri ätiýaçlandyryş bileleşigi – «Ýunion des assurans de Pari» kompaniýasy dünýäniň 33 sany öňdebaryjy ätiýaçlandyryş jemgyýetiniň içinde ýeke-täk fransuz kompaniýasydyr. Kompaniýanyň Fransiýada 4 şahamçasy we daşary ýurtlarda (Italiýada, Niderlandlarda, Belgiýada, Ispaniýada, Germaniýada) 13 sany şahamçasy bolup, gaýtadan ätiýaçlandyryş amallaryny işjeň amala aşyrýar.

Italiýada ätiýaçlandyryş işiniň taryhy köki orta asyrlara ýetýär. Dünýä tejribesinden belli bolşuna görä, ilkinji ätiýaçlandyryş şertnamasy 1347-nji ýylda Genuýada resmileşdirilendir. 1751-

-nji ýylda deňiz ätiýaçlandyryşyny amala aşyrmak üçin ilkinji ätiýaçlandyryş jemgyýeti, 1752-nji ýylda ýangyn ätiýaçlandyryşy boýunça birinji jemgyýet, 1826-njy ýylda bolsa ömür ätiýaçlandyryşy boýunça ilkinji kompaniýa döredildi.

Häzirki wagtda ätiýaçlandyryş kompaniýalary beýleki döwletlerde bolşy ýaly, Italiýanyň ykdysadyýetinde uly orny tutmaýarlar. Italiýanyň häzirkizaman ätiýaçlandyryşynyň esasy sypatlary – ätiýaçlandyryş ulgamynyň konserwatizmligi, täzelikleri haýallyk bilen girizmekligi, ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň işleriniň ähli tarapdan berk döwlet gözegçiliginde bolmaklygy.

Italiýanyň ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň umumy düýpli maýa goýumlarynyň möçberi 320 milliard ýewro deň boldy, jemi ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi bolsa 100 milliard ýewrodan hem geçdi.

Italiýada hökmany ätiýaçlandyryşda däp bolan awtoulag serişdeleriniň üçünji taraplaryň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşyndan başga-da, katerleriň (gämileriň) eýeleriniň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy, ýadro töwekgelçiliginiň ätiýaçlandyryşy, poçtany eltip bermeklik jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy, awiadaşaýjylaryň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy, tankerleriň eýeleriniň nebitiň dökülmegi üçin jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy, gyşky sport merkezleriniň operatorlarynyň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy amala aşyrylýar.

Italiýada 211 sany ätiýaçlandyryş jemgyýeti hereket edip, olaryň 6-sy diňe gaýtadan ätiýaçlandyryş bilen meşgul, 25 sanysy ömür ätiýaçlandyryşy bilen işleýän, 27 sanysy ömür we emläk ätiýaçlandyryşy bilen işleýän, galan 135 sanysy diňe emläk ätiýaçlandyryşy bilen meşgul ätiýaçlandyryş jemgyýetleridir.

211 jemgyýetiň 163 sanysy milli kapital esasynda we 48 sanysy daşary ýurt kapitalynyň gatnaşmagynda döredilendir. Umumy ätiýaçlandyryş baýraklarynyň 50%-ne golaýy awtoulaglar bilen bagly töwekgelçiliklere degişlidir. Ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň köpüsi hususy paýdarlar jemgyýetleridir.

Italiýanyň iri ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň biri bolup, 1831-nji ýylda esaslandyrylan «Assikurasioni jenerali» cykyş edýär.

«Fortune» zurnalynyň neşir edýän dünýäniň iri korporasiýalarynyň sanawyndaky 500 sany kompaniýanyň içinde «Assikurasioni jenerali» hormatlanylýan 29-njy orunda durýar. Onuň kapitaly 52 müňe golaý paýdara degişli bolup durýar. Ol kompaniýa dünýäniň öňdebaryjy 10 sany ätiýaçlandyryş jemgyýetiniň hataryna goşulýar we daşary ýurtlarda giň gerimli şahamçalara eýe bolmak bilen ol ätiýaçlandyryşyň ähli görnüşleri bilen (emläk, ömür ätiýaçlandyryşy, gaýtadan ätiýaçlandyryş) işleşýär. Häzirki wagtda «Assikurasioni jenerali» kompaniýasynyň paýyna italýan ätiýaçlandyryş bazarynyň 20–22%-i düşýär. Kompaniýanyň ýyldaky umumy alýan ortaça ätiýaçlandyryş baýraklarynyň jemi 50 milliard ýewro golaýlaýar. Bu kompaniýanyň ätiýaçlandyryş baýraklary, esasan, halkara ätiýaçlandyryş amallaryndan alynýar, italýan bazaryndan çeken serişdeleri umumy alan serişdeleriniň 40%-ni tutýar. «Assikurasioni jenerali» Izraýylyň ätiýaçlandyryş bazarynyň 20-ni we Wengriýanyň bazarynyň 18%-ni gözegçilikde saklaýar. Italiýanyň ömür ätiýaçlandyryş bazarynyň 12%-den az bolmadyk göwrümini we emläk ätiýaçlandyryş bazarynyň 8%-den az bolmadyk möçberini özünde jemleýär.

Soňky ýyllarda «Assikurasioni jenerali» diňe bir ýewropa bazarynda öz abraýyny artdyrman, eýsem dünýä derejesinde öz hyzmatlaryny hödürleýän firma hökmünde tanadýar. Kompaniýa tarapyndan Hytaýyň bazarynda hem uly işler alnyp barylýar, hususanam onuň Hytaýyň milli nebit kompaniýasy (CNPC) bilen hyzmatdaşlyk gatnaşygyny mysal getirmek bolar.

Italýan ätiýaçlandyryş biznesi diňe mega-kompaniýalara daýanman, eýsem orta gürpdäki berk kök alan ätiýaçlandyryş kompaniýalaryna hem bil baglaýar. Olaryň biri-de «Unipol» (uniwersal polis) ätiýaçlandyryş kompaniýasydyr, onuň baş ofisi Bolonýa şäherinde ýerleşýär. Bu ýaş kompaniýa 1973-nji ýylda söwda, gurluşyk, oba

hojalyk we hyzmat pudaklarynda işleýän kooperatiwler we hususy kärhanalar tarapyndan döredilýär. «Unipol» – italýan kärdeşler arkalaşyklarynyň kompaniýasy hem hasaplanylýar, sebäbi onuň 51% paýnamasy kärdeşler arkalaşygyna degişlidir, galan 49%-i fond biržalarynda erkin söwdada satylýar. Kompaniýa ýylda jemi ortaça 7 mlrd. ýewro ätiýaçlandyryş baýraklaryny ýygnap, italýan ätiýaçlandyryş bazarynyň 7,7%-ni eýeleýär. Müşderileriniň sany 6.200.000-e ýetýär, düýpli maýa goýumlarynyň möçberi 29 mlrd. ýewro barabar bolýar.

Italýan ätiýaçlandyryş bazary näçe özüni berk tutan hasaplansa--da, onuň içinde täze gatnaşyjylara orun berilýär. Muňa mysal edip, «Poste Vita» – ömür ätiýaçlandyryşy bilen meşgul kompaniýany getirmek bolýar. Ol öz binýadyny ozaldan hereket edýän poçta guramalaryndan alyp gidýär. Dört ýylyň içinde bu ätiýaçlandyryjy 1.185.000 müşderini özüne çekmegi başarýar we dördünji ýylyň jemi boýunça 34 million ýewro peýda gazanýar.

Ýaponiýanyň ätiýaçlandyryş bazary dünýäde özüniň göwrümi boýunça ABŞ-dan soň ikinji orny eýeleýän milli bazardyr. Umumydünýä ätiýaçlandyryş baýraklarynyň 40%-i Ýaponiýanyň paýyna düşýär. (675 mlrd.$, şol sanda 61%-i ömür ätiýaçlandyryşyna we 39%-i ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşlerine degişli).

Ýaponiýada ätiýaçlandyryş işiniň ösüşi Meýdzi dinastiýasynyň (1867–1868 ý.) dikeldilmeginden soň başlanýar. «Ätiýaçlandyryş hakynda» ilkinji kanunyň kabul edilen pursadyna çenli eýýäm 43 sany ätiýaçlandyryş kompaniýasy hereket edipdir. Ýaponiýada ätiýaçlandyryş işini düzgünleşdirmeklik 1898-nji ýylda «Täjirçilik kodeksiniň» kabul edilmegi bilen başlanýar. Ol kodeksde ätiýaçlandyryjylaryň işjeňligini gözegçilikde saklamak baradaky düzgünler öz ornuny tapypdyr. Kanundan başga-da, «Ýaponiýanyň çäklerinde daşary ýurtly ätiýaçlandyryjylar we olaryň işine gözegçilik hakyndaky» Imperatoryň permany çykarylypdyr.

Ätiýaçlandyryjylaryň işine gözegçilik etmek üçin 1900-nji ýylda Oba hojalyk we telekeçilik işleri boýunça ministrligiň ýanyndaky

Biznes we senagat boýunça Býuronyň düzüminde ätiýaçlandyryş boýunça bölüm döredilýär. 1941-nji ýylda ätiýaçlandyryş biznesine gözegçilik etmeklik wezipesi Ýaponiýanyň Maliýe ministrligine berilýär.

Gözegçilige ygtyýarly guramanyň teklip etmegi bilen, Ýaponiýada «Gullukçylaryň hökmany ätiýaçlandyryşy hakyndaky» (1922 ý.), «Saglygyň milli ätiýaçlandyryşy hakyndaky» (1938 ý.), «Deňizçileri ätiýaçlandyrmak hakyndaky» (1939 ý.), «Işsizligi ätiýaçlandyrmak hakyndaky» (1947 ý.) we «Milli pensiýalar hakyndaky» (1959 ý.) kanunlar kabul edildi.

«Ätiýaçlandyryş hakyndaky» kanuna birnäçe gezek gaýtadan seredildi we soňky sapar oňa üýtgeşme 1996-njy ýylda şu üç sany ýörelgä esaslanyp girizildi.

– bäsdeşlige ukyplylygy güýçlendirmek we ykdysadyýete döwletiň goşulmaklygyny peseltmekligiň hasabyna netijeliligi ýokarlandyrmak;
– ätiýaçlandyryş biznesini liberallaşdyrmak;
– ätiýaçlandyryş işi geçirilende deňligi we adalatlylygy üpjün etmek.

«Ätiýaçlandyryş hakyndaky» kanuna laýyklykda, ätiýaçlandyryş iki pudaga eýe: ömür ätiýaçlandyryşy we ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşleri. Ätiýaçlandyryjylara bir wagtda ol pudaklaryň ikisi bilen işlemeklik gadagan edilýär.

Ýaponiýada, esasan, milli ätiýaçlandyryjylar hereket edýär, daşary ýurtly ätiýaçlandyryjylaryň paýy 5%-den geçmeýär.

Ýaponiýada ätiýaçlandyryşyň esasy töwekgelçilikli görnüşleri bolup, ulag serişdeleriniň ätiýaçlandyryşy çykyş edýär. Olaryň 90%-i ätiýaçlandyryş wekilleriniň üsti bilen satylýar. Ýaponiýada 600 müňe golaý ätiýaçlandyryş wekilçilikleri ýörite ygtyýarnama esasynda işleýär. Wekilçilikleriň hyzmatlary ätiýaçlandyryjylar üçin gymmada düşýär, olara edilýän harajatlar ätiýaçlandyryjylaryň çykdajylarynyň 38%-ni tutýar. Brokerleriň (dellallaryň) işjeňligine

1996-njy ýylda rugsat berilýär we ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny ýerlemekde olaryň paýyna 1% düşýär. Soňky wagtlarda ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny göni satmaklyk ýaýbaňlanýar.

Ýapon ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň dördüsi dünýäniň öňdebaryjy ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň onlugyna goşulýar we dokuzysy ellilige girýär.

«Nippon Life» ömür ätiýaçlandyryş kompaniýasy Ýaponiýanyň iri ätiýaçlandyryş kompaniýasydyr. Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi boýunça, satýan ätiýaçlandyryş polisleriniň sany we aktiwleriniň jemi boýunça lider hasaplanylýar. 1889-njy ýylda döredilen «Nippon Life» ömür ätiýaçlandyryşyň ähli görnüşlerini amala aşyrýar. Onuň Tokioda we Osakada iki sany şahamçasy bolup, ýurduň dürli künjeginde köp sanly wekilçilikleri we ätiýaçlandyryş işi bilen meşgul bolmaýan birnäçe golçur kärhanalary hereket edýär. Bu kompaniýa halkara ätiýaçlandyryşa uly üns berip, ABŞ-da, Kanadada we Günbatar Ýewropada birnäçe şahamçalary bilen öz işjeňligini amala aşyrýar.

«Daý-içi» goldamak ömür ätiýaçlandyryş kompaniýasy Ýaponiýada ikinji orny we dünýäde 6-njy orny eýeleýär. 1902-nji ýylda esaslandyrylyp, ömür ätiýaçlandyryşyň ähli görnüşleri bilen meşgul bolýar. Birnäçe kompaniýalaryň we banklaryň kapitalyna gatnaşýar, korporasiýalaryň pension gaznalaryny dolandyrýar, söwda-senagat kompaniýalaryny karz serişdeleri bilen üpjün edýär. Dünýäniň birnäçe ýurtlarynda, şol sanda Beýik Britaniýada, ABŞ-da, Braziliýada öz wekilçiliklerine we şahamçalaryna eýedir. Daşary ýurt ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň köpüsi bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar, gaýtadan ätiýaçlandyryş amallaryny amala aşyrýar, sindikatlary dolandyrmakda öňdebaryjylygy saklaýar.

«Sumitomo» ömür ätiýaçlandyryş kompaniýasy Ýaponiýada üçünji orny we dünýäde 8-nji orny eýeleýär. 1907-nji ýylda esaslandyrylyp, «Sumitomo» holdingiň düzümine girýär. 1947-nji ýylda ömür ätiýaçlandyryşy bilen meşgul jemgyýet diýen statusa eýe bol-

ýar. Kompaniýa «Sumitomo» toparyna girýän söwda-senagat kompaniýalary bilen ysnyşykly hyzmatdaşlygy saklaýar. Halkara karz amallaryna gatnaşmak bilen, halkara arenasynda işjeň orny eýeleýär.

«Meýji» ömür ätiýaçlandyryş kompaniýasy Ýaponiýada dördünji orny we dünýäde 15-nji orny eýeleýär. Kompaniýa «Mitsubishi» holdingiň bir düzüm birligi hökmünde 1881-nji ýylda esaslandyrylan. Ömür ätiýaçlandyryşyň ähli görnüşleri bilen meşgul bolýar. «Mitsubishi Bank» bilen we «Mitsubishi» toparyna girýän söwda-senagat, maliýe kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygy saklaýar. Ol hyzmatdaşlyklar paýnamalara, eýe bolmak bilen, pension fondlary dolandyrmakda, kompaniýalary karz serişdeleri bilen üpjün etmekde subut bolýar. Ýaponiýanyň çäklerinde 1500 sany wekilçiligi we iri şäherlerinde şahamçasy bar. Daşary ýurt kompaniýalarynyň birnäçesiniň kapitallaryna paýly gatnaşýar.

Kanadada ätiýaçlandyryş işi özüniň maýa goýum kapitalyny çekmekdäki göwrümi boýunça, bank işinden soň, ikinji orunda durýar.

Kanadada ätiýaçlandyryş kompaniýalary iki derejä bölünýär: ömür ätiýaçlandyryşy bilen meşgul kompaniýalar we ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşleri bilen meşgul kompaniýalar.

Kanadada şu günki günde 305 kompaniýa federal derejede hasaba alnan, olaryň 96-sy ömür ätiýaçlandyryşy bilen (46 ýerli we 50 daşary ýurtly), 190-sy ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşleri bilen (92 we 98), şeýle hem, 19 sany täjirçilik däl jemgyýetler (olaryň işjeňligine ätiýaçlandyryş hyzmatlary hem girýär) (11 we 8).

Ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň 52%-i paýdarlar görnüşinde, 48%-i bilelikdäki eýeçilikde, ýagny ätiýaçlandyryş polisini satyn alan kompaniýanyň eýeleriniň biri bolýar we bir sese eýe bolýar (ätiýaçlandyryş polisiniň möçberine garamazdan).

Kanadanyň ätiýaçlandyryş bazarynda 6%-den köp bolan göwrümi eýeleýän bir kompaniýa-da ýokdur. Kanadanyň ätiýaçlandyryş bazarynda toplanan jemi ätiýaçlandyryş baýraklaryň möçberi

78 753 mln. amerikan dollaryna deň bolup, ol dünýäde ýygnalan ätiýaçlandyryş baýraklarynyň 2,3%-ni tutýar. Olardan 34 456 mln. amerikan dollary ömür ätiýaçlandyryşyna, 44 267 mln. amerikan dollary bolsa ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşlerine degişlidir.

Transport ätiýaçlandyryşy Kanadada ätiýaçlandyryşyň dürli görnüşleriniň arasynda tapawutlanýan pudakdyr. Awtoulag serişdeleriniň üçünji taraplaryň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy Kanadada hökmany görnüş bolup durýar.

Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi boýunça ikinji orunda gozgalmaýan emläkleriň ätiýaçlandyryşy, üçünji ýerde jogapkärçiligiň ätiýaçlandyryşy durýar.

Kanadada Federal derejede Maliýe edaralarynyň müdirligi döredilen, ol Kanadanyň Maliýe ministrliginiň düzüm birligi bolup durýar. Onuň wezipesine maliýe edaralaryna we ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň işjeňligine gözegçilik etmeklik girýär.

Şu günki günde Gazagystan Respublikasynyň ätiýaçlandyryş bazary – işjeň we durnukly depginler bilen ösýän bazar hasaplanýar. Bu ýagdaý ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberiniň döwletiň JIÖ-niň düzüminde 0,9%-i tutýandygy bilen hem häsiýetlendirilýär. Ozalky ýyllarda bu görkeziji 0,3–0,6% derejede bolan. Hökümetiň maksady – ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberini JIÖ-niň düzüminde 2%-e ýetirmek bolup durýar. Gazagystanlylar bu ösüşiň esasy çeşmesi hökmünde milli ykdysadyýetiň ýokary ösüşini we döwletiň kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilmegini görýärler. Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň adam başyna düşýän möçberi boýunça (74$) dünýäde 67-nji orny eýeleýär (Russiýa – 209$, ABŞ – 1 922$, Beýik Britaniýa – 5 730$).

2009-njy ýylyň 1-nji oktýabry ýagdaýyna Gazagystanda jemi 43 sany ätiýaçlandyryş (gaýtadan ätiýaçlandyryş) kompaniýalary hereket edýär. Olardan 8-si ömür ätiýaçlandyryşy bilen meşgul we 35 sanysy umumy ätiýaçlandyryş bilen işleşýän kompaniýalar. Mundan başga-da, ygtyýarnama alan 12 sany ätiýaçlandyryş brokeri we 56 sany aktuariý hereket edýär.

2008-nji ýylyň jemi boýunça umumy ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi 133 mlrd. teňňä (890 mln. $) deň bolup, onuň 22,5%-i hökmany ätiýaçlandyryşa, 14,1%-i şahsy ätiýaçlandyryşa we 63,4%-i emläk ätiýaçlandyryşyna degişlidir.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul tölegleriniň möçberi 27 mlrd. teňňe bolup, olar ähli ätiýaçlandyryş baýraklarynyň 20%-ne barabardyr.

Gazagystanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň 53%-ni 5 sany iri ätiýaçlandyryş kompaniýasy eýeleýär, 77% möçberini bolsa, 10 sany iri ätiýaçlandyryjy tutýar.

Gazagystanda ätiýaçlandyryş işjeňligini düzgünleşdirýän kanunçylyk nama bolup, «Ätiýaçlandyryş işi hakyndaky» kanun we hökmany ätiýaçlandyryşa degişli kanunçylyk namalar çykyş edýär.

Ýokarda giňişleýin öwrenilip we seljerilip geçilen maglumatlardan görnüşi ýaly, dünýä döwletleriniň ätiýaçlandyryş bazarlarynyň ösüş aýratynlyklary biri-birinden düýpli tapawutlanýarlar.

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna». Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2010.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I, II tom. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2010.
6. «Türkmenistanyň ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
7. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Baş ugry Milli maksatnamasy». Aşgabat, 2010.
8. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2000. Awgust aýy.
9. «Türkmenistanyň edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary barada» Türkmenistanyň bitewi Kanuny. Aşgabat, 2006.
10. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanuny. Aşgabat, 2008.
11. Maliýe hasabatyna we salgyt beýannamalaryna (hasabatlaryna we hasaplamalaryna) kameral salgyt barlaglary geçirmek boýunça gollanma. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2008.

12. *A. Gurbangulyýew.* Býujet hasabatynyň meseleleri: sebäp-netije baglanyşygy. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly. 2003. №9
13. *M. Gulmyradow.* Ýurduň ykdysady ösüşiniň esasy hökmünde bilim ulgamyny kämilleşdirmek. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly. 2004. №9
14. *M. Gulmyradow.* Maliýe ulgamy. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly. 2006. №5
15. *K. Kadyrow.* Býujet ulgamyny kämilleşdirmegiň ugurlary. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2005. №2
16. *D. Kadyrow.* Döwlet býujetiniň durmuş ugry. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2005. №5
17. *A. Mämmedow.* Türkmenistanyň gaznaçylyk ulgamy: kemala geliş we ösüş. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2006. Iýun aýy.
18. *Г. Б. Поляк.* Бюджетная система России. Москва, 2003 г.

# MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

**I bap. Daşary döwletleriň maliýesiniň manysy we wezipeleri** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9

1.1. Daşary döwletleriň maliýesiniň manysy we zerurlygy, onuň milli girdejini paýlamakda tutýan orny . . . . . . . . . . 9

1.2. Daşary ýurtlaryň maliýesiniň jemgiýetçilik üznüksiz önümçiliginde ähmiýeti. . . . . . . . . . . . . . . . . . 13

1.3. Daşary döwletleriň maliýe gatnaşyklarynyň aýratynlyklary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 17

**II bap. Daşary ýurtlarda döwlet maliýesiniň guralyşy we dolandyrylyşy** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 22

2.1. Daşary döwletleriň maliýe ulgamynyň gurluşy . . . . . . . 22

2.2. Daşary ýurtlarda maliýeniň dolandyrylyşy . . . . . . . . . . . 27

2.3. Daşary döwletlerde maliýe ulgamynyň dolandyrylyşynyň aýratynlyklary. . . . . . . . . . . . . . . . . . 33

2.4. Daşary ýurtlarda öz-özüni dolandyryş guramalarynyň maliýesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 36

**III bap. Daşary ýurtlaryň döwlet býujeti we býujet gurluşy** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 42

3.1. Daşary ýurtlarda döwlet býujetiniň manysy we ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 42

3.2. Daşary döwletleriň býujet düzümi we gurluşy. . . . . . . . 51

3.3. Daşary ýurtlaryň býujet toparlanmasynyň görnüşleri, ykdysady we durmuş netijeleri. . . . . . . . . . . 61

3.4. Daşary döwletlerde býujet syýasaty we onuň ykdysadyýete edýän täsiri . . . . . . . . . . . . . . . . 74

**IV bap. Daşary ýurtlaryň döwlet býujetiniň girdejileri we çykdajylary** . . . 81
4.1. Daşary ýurtlarda döwlet býujetiniň girdejileriniň ykdysady manysy we olaryň çeşmeleri . . . 81
4.2. Döwlet býujet ulgamynyň federatiw we unitar döwletlerde aýratynlygy . . . 107
4.3. Daşary ýurtlarda döwlet býujetleriniň çykdajylarynyň düzümleriniň aýratylyklary . . . 112
4.4. Döwlet býujetiniň ýetmezçiligi we onuň dolandyrylyşy . . . 123

**V bap. Daşary döwletleriň döwlet karzy** . . . 132
5.1. Döwlet karzynyň mazmuny we ähmiýeti . . . 132
5.2. Içerki we daşarky döwlet karzy . . . 138
5.3. Döwlet bergisiniň dolandyrylyşy hakyndaky umumy düşünje . . . 141

**VI bap. Daşary döwletlerde ätiýaçlandyryş** . . . 145
6.1. Halkara ätiýaçlandyryş guramalaryna häsiýetnama . . . 145
6.2. Daşary döwletleriň ätiýaçlandyryş bazarlarynyň aýratynlyklary . . . 149

Peýdalanylan edebiýatlar . . . 171

Ýazguly Saparow, Gülmet Penaýew,
Arslan Kazygulyýew

# DAŞARY DÖWLETLERIŇ MALIÝESI

*Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby*

Redaktor *Ş. Myratgulyýewa*
Surat redaktory *G. Orazmyradow*
Teh. redaktor *O. Nurýagdyýewa*
Neşir üçin jogapkär *B. Arbabow*

Çap etmäge rugsat edildi 17.06.2013.
Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$. Şertli çap listi 11,0.
Şertli reňkli ottiski 14,19.
Hasap-neşir listi 9,17. Çap listi 11,0.
Sargyt № 817. Sany 1 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000, Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.